TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti

H.Çakanow

# GÜNDOGAR ÝURTLARYNYŇ DIPLOMATIÝASYNYŇ TARYHY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi

Aşgabat – 2010

**© Hojaberdi Çakanow. Ýokary okuw mekdepleriniň gündogary öwreniş hünäriniň talyplary üçin okuw gollanmasy.**

**Dosent A.Sähetmyradowyň ylmy redaksiýasy bilen**

**Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi.**

**© Hojaberdi Çakanow.**
**©Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti.**

## Giriş

Gadymy Gündogaryň taryhy biziň üçin, gadymy şalaryň gatnaşyklaryna şaýatlyk edýän birentek resminamalary, diplomatiki hatlary, şertnamalary, beýleki halkara namalary saklap galypdyr. Eýýäm b.e.ö. III müň ýyllyklarda Müsür şalary goňşy ýurtlar, Gyzyl deňziň günorta kenarýakasyndaky Punt döwleti bilen aragatnaşyk etmek üçin synanyşyklar edipdirler.(b. e. ö. XXVa.). Şa köşklerinde hyzmatkärleriň aýratyn derejesi ýüze cykypdyr, olary Aziýa halklaryna çapar edip ugradypdyrlar. “Ahtoý öwrediş” edebiýat eserinde çaparyň işi hakynda ýatlanylýar ( b.e.ö II- müň ý).

Halkara gatnaşyklarynyň taryhynda iň gadymy ultimatum b. e. ö. XVI a degişlidir.

Müsür bilen göçme halk-giksoslaryň urşy wagtynda, giksoslaryň serdary Fiwynyň hökümdaryna bitirip bolmajak talaplary bildiripdir, eger-de bitirilmedik ýagdaýynda uruş başlajak diýip haýbat atypdyr.XVIII dinastiýanyň ortalarynda (b.e.ö II müň ý.), Müsüriň we Aziýa ýurtlarynyň hökümdarlarynyň arasynda ilçihanalary alyşmak ulgamlaýyn (sistematiki) ýola goýlupdyr. Daşary işler boýunça döwlet edarasy (kanselýariýasy) diplomatik hat alşygyna müdirlik edipdir.

Gadymy diplomatiýanyň köp sanly ýadygärlikleriniň arasynda aýratyn gyzyklanma döredýäni El-amarn hat gatnaşygy we faraon Ramzes II-niň hettleriň şasy Hattuşil III bilen şertnamasydyr. ( b. e. ö. 1296 ý.) 1887-88 ýylda hat ýazylan toýun tablisajyklaryň 360 sanysy tapylypdyr.

Hett döwletiniň paýtagty Bogaz-Keýdäki (Ankaranyň golaýynda) Hett şasy Supniluliumyň arhiwi El-amarn arhiwine bar bolan goşundy bolup hyzmat edýär. Arhiwiň esasy bölegini Siriýa we Palestina knýazlarynyň faraonyna tabyn bolan hatlary, gutlaglar, nika hakyndaky ylalaşyklar, harby kömek

hakda haýyşlar, şikaýatlar, ýetirmeler, birek-birege töhmetler we şoňa meňzeşleri düzýär.

Faraon Ramzes II bilen Hett şasy Hattuşili III kümüş tagtasynda "ajaýyp şertnama" diýlip atlandyrylan, parahatçylygy ýola goýmak hakdaky şertnamasy bize gelip ýetipdir.

Müsür şa aýaly aradan çykandan soň, Ramzes II Hattuşil III gyzyna öýlenipdir, onuň hut özi nika dabarasyna gatnaşypdyr. Munuň özi iki iri döwletiň hökümdarlarynyň belli we taryhy subut edilen diplomatik duşuşyklarynyň ilkinjisidir. Diplomatiýanyň taryhy üçin, şertnamalar (ylalaşyk) uly ähmiýete eýedir.

1. Bu şuňa meňzeş bize mälim bolan ylalaşyklaryň ilkinjisidir.
2. Munda Gadymy Gündogar ýurtlarynyň döwlet gurluşynyň häsiýetli taraplary, ýokary häkimiýeti göteriji şahsyýetiň-şanyň dolandyryşy şöhlelendirilipdir.

El-amarn hat gatnaşygynda Assiriýa ilkinji gezek özbaşdak döwlet hökmünde ýatlanylýar. Assiriýanyň kuwwatly şasy Aşurbanipal (b. e. ö.668-626ý.) bolupdyr. Bu şanyň şahsyýeti we syýasaty XIX asyrda Ninewiýanyň we Kuýundžigiň şa köşkleriniň harabaçylyklaryndaky Sargonidleriň kitaphanasynyň we döwlet arhiwiniň tapylmagy sebäpli belli bolupdyr. Klinopis kitaphanasy Assiriýanyň döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň hemme pudaklary, diplomatiýasy boýunça baý materiýallary saklaýar. Assiriýa arhiwlerinde 2 müňden gowrak resminamalar bar. Assiriýa diplomatiýasy bilen tanyşmagyň beýleki çeşmesi bolup, döwlet wekilleriniň gizlin maglumatlary hyzmat edýär. Ähli şäherlerde "älem şasynyň" öz adamlary bolupdyr, olary şa gullary ýa-da hyzmatkärleri diýip atlandyrypdyrlar. Assiriýa Ýakyn we Orta Gündogar ýurtlarynyň köp bölegini, Urartuwyň dagly gerişlerinden Nubiýa çenli, Kiprden, Kilikiýadan Elama çenli

basyp alypdyr. Üznüksiz uruşlar Assiriýany tozdurypdyr.B. e. ö. VI a. gadymy dünýäde iň güýçli döwlet Persiýa bolupdyr.

Gadymy diplomatiýanyň we halkara hukugynyň iň gyzyklysy Manu gadymy hindi kanunlarydyr. Manu kanunlaryň hakyky teksti bize gelip ýetmändir. Soňky (goşguly) göçürmesi, b. e. ö. I asyra degişli bolan, saklanyp galypdyr. Manu kanunlary XVIII asyrda açylypdyr, klassiki sanskrit dilinde ýazylypdyr. XIX-XX asyrlarda birentek ýewropa dillerine terjime edilipdir. Hindi ynançlaryna görä Manu kanunlary hudaý tarapyndan döredilipdir. Häsiýeti boýunça bu syýasata, halkara hukugyna, söwda we harby işlere degişli bolan dürli gadymy hindi kararlarynyň getirmesidir. Bu düzgünler b. e. ö. I müň ý. dowamynda toplanypdyr. Manu kanunlary gadymy hindi kanunlarynyň getirmesi bolup, onuň mazmuny giň we köptaraplaýyndyr: olar dini we ahlak düzgünlerini görkezýär.

Gadymy hindi pelsepesiniň esasynda hakyky adamzat hakda okuwlar goýlupdyr. Bu garaýyşda diplomatiýa hem seredilýär. Üns merkezi diplomatik missiýanyň üstünlige bagly bolan diplomatyň şahsy hasiýetlerine geçirilýär.

Manu taglymaty esasynda, diplomatik sungat urşuň öňüni almagy we parahatçylygy berkitmegi başarmakdan ybaratdyr. Uruş we parahatçylyk ilçilere baglydyr, eýsem-de, olar soýuzdaşlary döredýärler we tersleşdirýärler. Olaryň golastynda, şalaryň arasynda uruş we parahatçylyk döredip biljek işler bolupdyr. Şol sebäpli diplomat ugurtapyjy, köptaraplaýyn ylymly, adamlary özüne çekmäge ukyply bolmalydyr. Döwlet baştutanyna, hormatly ýaşdaky, göreldeli, gaýduwsyz, batyrgaý, wepaly, ylymly şahsyýet diplomatlyga hödürlenipdir. Iň çylşyrymly meseleler ilki bilen diplomatik ýol bilen çözülipdir. Güýç ikinji orunda bolupdyr. Hindi hökümdarlary işeňňir daşky syýasaty alyp barypdyrlar. Maurýa dinastiýasyny (neberesini) esaslandyryjy Çandragupta, Isgender Zülkarnaýyň (Aleksandr Makedonskiniň ) mirasdary Selewk

bilen parahatçylygy ýola goýmagy başarypdyr. Olar ilçihanalary alşypdyrlar we bilelikdäki gatnaşyklaryny berkitmek üçin nebereleýin (dinastiýalaýyn) nika gurnapdyrlar: Çandragupta Selewkiň gyzyna öýlenipdir. Selewkiň Hindistandaky ilçileriniň biri grek Megasfen Hindistanyň paýtagty Pataliputranyň giňişleýin ýazgysyny galdyrypdyr. Megasfeniň birentek gürrüňlerini grek geografy Strabon ýazypdyr. Çandraguptanyň agtygy, şa Aşogyň wagtynda hindi ilçileri diňe bir Selewkidleriň döwletine barman, hatda Makedoniýa baryp ýetipdirler. I-II asyrlarda Kuşan şalygynyň hindi hökümdarynyň ilçileri Rim imperiýasyna barypdyrlar.

B. e. ö. I müňýyllykda bütewi gul-eýeçilikli gadymyhytaý döwleti birentek ownuk we iri şalyklara dargapdyr, olar b. e. ö. VIII asyrdan özbaşdak bolupdyrlar, gepleşiklere girişipdirler, soýuz baglaşypdyrlar, öz aralarynda urşypdyrlar.

B. e. ö. III asyrda Sin şalygynyň hökümdary Çžan bütewi gul-eýeçilik döwletini döredipdir. Ol Sin-şi-hua-di ( Siniň beýik sary şasy ) derejesini kabul edipdir we goňşy taýpalary we halkyýetleri basyp almak üçin birnäçe gezek ýörişleri gurapdyr. Han neberesiniň ( dinastiýanyň ) ( b. e II -b. e. II ý ) Hytaý kuwwatly, merkezleşdirilen döwlete öwrülipdir.

Bu eýýamda Hytaý şa edaralarynda (kanselýariýalarynda) möhüm wakalaryň ählisini ýazypdyrlar. Hytaý ilçihanalaryň ýolbaşçylary missiýalaryň ýetirilişi hakda giňişleýin hat üsti bilen hasabat beripdirler, olaryň maglumatlary şu güne çenli saklanylyp galypdyr. Imperator U-di ( b. e. ö. 140--87 ý ) işeňňir daşary syýasaty ýöredipdir. Uzak günbatarda, gunnlaryň eýelän sähralaryndan başga tarapda medeniýetli döwletleriň bardygyny bilip, öz harby Çžan Sany günbatar şalyklary bilen göçme taýpalaryň garşysyna ( birleşik ) döretmek üçin ugradypdyr. Emma ol 12 ýyldan ( b. e. ö. 138 ý-126 ý ) dolanyp gelipdir. Maksat başa barmandyr, ýöne Çşan San Orta Aziyanyň we Eýranyň halklary hakynda giňişleýin maglumatlary toplapdyr, olardan Hytaý goşunlary birnäçe

ýyldan soň gunnlary dargadyp Orta Aziýanyň serhetlerinde peýda bolanlarynda peýdalanypdyrlar. Hytaýdan Günbatar ýurtlaryna söwda kerwen ýoly döredilip, ol 300 ýyl toweregi dowam edipdir. B. e. ö. I asyrda Parfiýa şalarynyň ilçileri birnäçe gezek Hytaýda bolupdyrlar.

Hytaýly harby ýolbaşçy we diplomat Ban Çao b. e. ö. I asyryň ahyrlarynda gunnlaryň dürli taýpalaryny özaralarynda çaknyşdyrmagy we olary Hytaýyň serhetlerinden daşlaşdyrmagy başarypdyrlar. Biziň eramyzyň 90 ýyllarynda Ban Çao Orta Aziýanyň uly bölegini Hytaý imperatorynyň häkimiýetine boýun egdiripdir we Merw şäherine baryp ýetipdir. Uzakda, günbatarda kuwwatly döwlet Rim imperiýasynyň ýerleşýänini bilip, Ban Çao onuň bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýmaga synanyşypdyr.Ilçihana Parfiýanyň üsti bilen gidipdir, emma parfiýanlar hytaýlylary aldapdyrlar, çünki olar rimliler bilen hytaýlylaryň arasynda soýuz (birleşme) bolmagyny islemändirler. Rimliler bilen aragatnaşyk başa barmandyr.

## Tema: Gadymy Rimiň gündogar diplomatiýasy.

Rimde gadymdan bari grek prokseniýasyny ýa-da salyan myhmansöýerlik hukugy bolupdyr. Taýpalaryň we taýpa birleşikleriň arasyndaky jedelleri we düşünişmezlikleri düzgünleşdirmek üçin ruhanylaryň fesiallar kollegiýasy işläpdir. Olaryň borjy halkara ylalaşyklary goramakdan, uruş yglan etmegiň we parahatçylyk baglanyşmagyň dessurlaryny berjaý etmekden ybarat bolupdyr. Fesiallar kollegiýasy 20 adamdan ybarat bolup, olar gadymy kowumlardan ömürlik saýlanypdyr. Fesiallaryň işi gizlinlikde alnyp barlypdyr.

Jedelli meseleleri parahatçylyk ýoly bilen çözmek mümkin bolmadyk halatynda ýaraga ýapyşylypdyr. Uruş yglan etmek çylşyrymly mesele bolupdyr. Fesiallar halkara ylalaşygy (şertnamany) bozan şahere birnaçe gezek gidipdirler, soňra

Fesiallaryň komissiýasy Rime gaýdyp gelipdir we 33-gün jogaba garaşypdyr. Eger-de jogap gelmedik halatynda, ýagdaý Senata (mejlise) we halka mälim edilipdir we olar uruş yglan etmek hakdaky meseläni çözüpdirler. Bu işler dürli dessurlar bilen bilelikde alnyp barylypdyr we Tit Liwiý tarapyndan oňat beýan edilýar. Wagtyň geçmegi bilen uruş we parahatçylyk yglan etmegiň görnüşleri üýtgäpdir, emma ýitip gitmändir. Rekuperatorlar hem wezipeli adamlar bolupdyrlar, olar aýratyn saýlanýan sudýalar bolup olaryň sany 3-den 5-e cenli diňe rimliler tarapyndan bolman, eýsem beýleki italiý taýpalarynyň wekilleri tarapyndan saýlanypdyr. Emma Rimiň güýjüniň köpelmegi zerarly, rekuperatorlar diňe rimlilerden saýlanylypdyr. Rimde halkara hukugynyň başlangyçlary: rimliler bilen daşary ýurtlaryň arasyndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän "halklaryň hukugy" peýda bolup ugraýar. Gadymy dünýäniň diplomatik edaralarynyň guramaçylygy düzümi we onuň syýasy gurluşynyň aýratynlyklaryny şöhlelendirýär. Gresiýadan tapawutlylykda, klassiki döwürdaki Rimde Halk ýygnagy diňe uruş we parahatçylyk yglan etmek meselesini çözüpdir, daşary syýasata Senat (mejlis) ýolbaşçylyk edipdir. Gadymy dowürde ilçihanalary ugratmak şanyň ygtyýaryndan bolupdyr, ilçiler bolsa fesiallar bolupdyrlar. Respublika. döwründe bu hukuk Senata geçipdir. Delegasiýa adatça ýokary derejeli senatorlara degişli bolan adamyň başlyklyk etmeginde 3 adamdan ybarat bolupdyr. Diplomatyň şahsyýeti kanunlar we adatlar boýunça goralypdyr. Ilçileriň daşky tapawudy bolup gyzyl ýüzük hyzmat edipdir we mugt gatnawa, durmuş hajatlaryna gerek zatlary almaga hukuk beripdir. Olary saklamak üçin ýol pullary we gerekli serişdeler: kumüş gap-çanak, geýim, içki eşik, ýöriş duşegi goýberilipdir. Hyzmatçylaryň uly topary: mürzeler, terjimeçiler, çörekçiler, aşpezler, gassaplar we ş.m. berkidilipdir. Içihanalary kabul etmek Senata degişli bolupdyr. Olar iki derejä bölünipdir:

1)Duşmançylykly ýurtlaryň ilçihanalary.

2)Dostlukly ýurtlaryň ilçihanalary.

Duşmançylykly ýurtlaryň **ilçileri** şähere goýberilmändir, olar şäheriň daşyndaky, Marsowo meýdanyndaky jaýlarda ýaşapdyrlar.

Dostlukly ýurtlaryň ilçilerine gatnaşyk başgaça bolupdyr, emma bu ýerde hem deňlik bolmandyr. Birinji derejeli döwletleriň wekillerini aýratyn hormat bilen garşylapdyrlar. Olar Rimiň merkezinde ýaşapdyrlar, olary baýramçylyklara, teatr we sirk çykyslaryna çagyrypdyrlar, hormatly orunlara eltipdirler, sowgatlary beripdirler. Ilçiler hem öz tarapyndan Rim gaznasyna altyn we kumüş harytlar görnüşinde uly goşant goşupdyrlar. Meselem Karfageniň ilçisi 25 funt agramlykdaky altyn täç, Siriya şasy Antioh 500-funt agramlykdaky altyn küýze sowgat beripdirler.

2) Rim diplomatiýasynyň taryhy Rim dowletiniň birinji yüzýyllygyndan başlayar. B.e.öň. III-II a. resminamalaryň az sanlysy saklanyp galypdyr, çünki Gresiyada dowlet resminamalary mermer daşlaryna ýazylan wagty, Rimde matanyň, agaç, bürünç we mis tagtajyklarynyň ýüzüne ýazylypdyr.

Rim diplomatiýasynyň taryhynyň aygytlayjy pursaty Rimiň Karfagen bilen alyp baran Puni urşy (b.e.ö 264 y.) diýlip atlandyrylan uruşdyr. Rim giň halkara gatnaşyklarynyň meýdanyna çykar we Ellin dünýäsi bilen ýakyn aragatnaşyga giryar. Uruş diňe gandoküşikli uruş bolman, eysem çylsyrymly diplomatik göreşdir. Rim bilen Karfageniň duşmançylygy bilen Ortaýer deňiz ýakasyndaky döwletleriň birnäçesi gyzyklanypdyrlar. Zehinli diplomat we harby yolbasçy, karfagenli Gannibal itali soýuzdaşlaryny öz tarapyna çekmäge synanyşypdyr, dawa-jenjelde uly rol oýnapdyr. Şeyle-de, ol Makedoniýa bilen diplomatik gatnaşyklaryny ýola goyupdyr. Şeylelik bilen b. e. o. 215 yyllarda Filipp V bilen Gannibalyň arasynda dostlukly şertnama baglaşylypdyr. Bu ýagdaý Rimde

uly howsala döredipdir, sonuň üçin rimliler Filippa uruş yglan etdiripdirler.

Rimliler öz tarapyndan, Makedoniyanyň we Gresiyanyň asyrlaryň duşmançylygyny hem-de Gresiyanyň we elliň dünýäsiniň ilki gapma-garşylyklaryny başarnykly peýdalanypdyrlar. Rimliler Makedoniya garşy grek döwletleriniň koalisiyasyny (birleşmesini) gurapdyrlar, oňa Etoliy we Aheý birleşmeleri giripdir. Bu ylalaşyga birnäçe grek dowletleri we demirgazyk taýpalary: dardanlylar we illiriýalylar, şeyle-de, hem Pergam_şasy Attap I goşulypdyr. Şeylelik bilen Makedoniya deňizde gündogar we günbatar tarapyndan kesilipdir. Filipp Etoliy birleşmesi bilen göreşýänçä, Italiyadaky ýagdaý duýdansyz üýtgäpdir. Rimliler Gannibaldan Italiýanyň günortasyny basyp alýarlar we Ispaniýany eýeleyärler. Şonda Filipp karfagenliler bilen baglanyşylan şertnamany ret edýar we rimliler bilen özbaşdak parahatçylyk barada şertnama baglanyşyar. Bu wakalar netijesi b.e.ö. 205 y. Rim bilen Makedoniyanyň arasyndaky şertnama bilen jemlenyär. Afrikada Rim diplomatiyasyna Numidiý şalarynyň biri Sifaks, bilen dostlukly ylalaşyk baglanyşmak başardýar. Numidiý meselesi boýunça ilere harby-diplomatik goşulyşmalar netijesinde, b.e.ö. 202 y. Karfagen üçin, agyr parahatçylyk şertnamasy baglanşylýar, 197 ý. Filipp V yeňilenden soň Makedoniya üçin agyr parahatçylyk şertnamasy baglaşylýar, şol şertnama boyunça Filipp Gresiyadan goşunlaryny çykaryar, töleg (kontribusiya) töleýär, ýaragly güýçlerini azaldyar.

Gannibal munuň bilen ylalaşmandyr, Rimiň garşysyna düzüminde Siriya, Karfagen, Makedoniya bolan harby birleşik döretmegiň we Etruriýada gozgalaň taýýarlamagyň aladasyny edipdir. Ỳöne Siriýa şasy Antioh III jogaba howlukmaýar, mundan hem Rim peýdalanypdyr. Makedoniýa ugradylan ilçihana Filipp V-e bitarap bolup galmagyň has bähbitlidigini ynandyrmagy başarypdyr. Filipp Antioh III-e garşy soweşde

rimlilere kömek edipdir. Gannibal zäher içip öz-özüni öldüripdir. (b.e.öň. 183 y.)

Filipp ogly Persey Makedoniýanyň Gresiýadaky birinjilik ýagdaýyny dikeltmage, ol ýerden rimlileri gysyp çykarmaga synanyşyk edipdir. Perseý berk synagdan geçen syýasatçy däldi, Şol sebäpli ol birnäçe diplomatik yalňyşlyklar goýberýär, şonuň netijesinde b.e.öň.. 148 y. Makedoniya Rim welaýaty bolyar. B.e.öň. 168 y. rim diplomatiýasy Siriýa şasy Antioh IV-i uly yeňlişe sezewar edýär. Nobat Aheý birleşmesine gelip ýetýär. Olar bilen söweş uzak we dartgynly bolýar. Birleşigiň içinde rimliler durmuş gapma-garşylyklary döredýär. Aheý goşunlary bilen bolan esasy söweşde b. öň. 146 y. rimliler ýeňiş gazanýarlar. B.e.öň. 146 y. Karfagen basylyp alynýar we Puni uruşlary gutarýar. Rim basyp almalarynyň ilkinji we has kyn döwri tamamlanýar.B. e.o.II asyryň ortalaryndan rim polisi dünýä orta ýer deňiz döwletine öwrülipdir, rim şäheriniň özi bolsa Ortaýer deňiz söwdasynyň pul dolanyşyk we gulçulyk işleriniň merkezine öwrülýär.

B.e.öň.. II we I asyrlaryň ikinji ýarymynda Rim şäheri Gündogarda - Kiçi Aziýada we Siriýada, demirgazykda-Galliyada, Germaniýada we Britaniýada gujurly we yowuz syyasaty alyp baryardy.

Diplomatlaryň işi has oňaýly şertlerde bolup geçýärdi, çünki Rim ilçisiniň arkasynda beyik Rim dowleti duryardy. Şol wagtyň Rim diplomatiyasynyň görnükli wekili Gaý Yuliy Sezar bolupdyr, onuň diplomatik ukyby “Gala kompaniýasy” (b.e.6. 58-55 y.) döwründe ýüze çykypdyr. Sezar gall ilatynyň dürli toparlarynyň arasyndaky gapma-garşylyklary ussatlyk bilen peýdalanypdyrlar. Oňa gall taýpalarynyň wekilleriniň diplomatik kongressi görnüşindäki umumy gall konferensiýasyny guramak başardypdyr, konferensiýada özüni umumy gall gyzyklanmalarynyň goragçysy we serdary diýlip yglan edilmegini gazanypdyr. Bu diplomatik yöriş b.e.öň. 52 y. soňunda Galliýanyň basyp alnyşyny tizleşdiripdir. Sezar

gallaryň meýletin goşunyny dargadypdyr we olary Rime boýun egdiripdir. Şeýlelik bilen Günbatar  Yewropa (häzirki Fransiýa Belgiýa we Germaniýanyň bölegi) Rim imperiýasynyň düzümine giripdir. Sezaryň  diktaturasy b.e.öň.. 49-44 yy.aralygynda dowam edipdir.

Ýuliy Sezaryň Mirasdary Oktawian Awgustdan Rim imperiýasynyň 500 yyllyk taryhy başlanýar. Daşary syýasatda we diplomatiýada işleri dolandyryş üýtgäpdir. Ähli daşary syýasat meseleleri imperatoryň garamagyna degişli bolupdyr. Diplomatiýa prinseps tarapyndan bellenilýan imperator gullukçylarynyň wezipesine öwrilipdir, olar diňe prinsepsin öňünde hasabat beripdirler.

B. e. I-II a. Parfiýa şalygy gündogar yurtlarynyň arasynda iň kuwwatlysy bolupdyr. Imperator döwrüniň bütin dowamynda bu döwlet bilen diplomatik gatnaşyklar saklanypdyr. (çünki Rimiň we Parfiýanyň islegleri gabat gelipdir. Rim-Parfiya serhedi boýunça gündogardan günbatara kerwen yoly geçipdir, sebäbi onuň üstünden gözegçilik etmek uly girdeýji getiripdir. Rim bilen Parfiyanyň serhedi diylip Yewfrat ykrar edilipdir. Rimlileriň Parfiýa harby ýörişleri şowsyz tamamlanypdyr.

Awgust Parfiýadaky doganlar, Fraat IV bilen Tridat II arasyndaky  içki duşmançylykdan peýdalanyp, diplomatik gepleşiklere başlapdyr we Rim baýdaklarynyň hem-de ýesirleriniň gaýtarylyp berilmegini gazanypdyr. Awgustyň "syýasy wesýetinde". (Ankir yazgysynda) bu wakany ýokary möhüm waka diyip atlandyrypdyr. Awgustyň onuň mirasdary Tiberiý dowam edipdir, ol möhüm harby ähmiýete eýe bolan araçy döwlet-Ermenistan meselesi boýunça dawa-jenjeli çözmeli bolupdyr. Ankir ýazgysynda Rime gelen parfian, hindi skif ilçihanalary hakda aýdylyar.

Diňe 66-njy ýylda Parfiýa bilen Rimiň arasynda ylalaşyk baglaşylyp, şol boýunça ermeni şasy Tiridata täç geýdirmek dabarasyny Rimde geçirmeklige Parfiýa razy bolupdyr we bu

Rim imperatory Neroh tarapyndan edilipdir. Ermenistanyň üstünden agalygyň ýola goýulmagy we Parfiýa şalygy bilen hoşniýetli goňşyçylyk gatnaşyklarynyň ýola goýulmagy. Rimi Merkezi Aziýa döwletleri bilen olar arkaly Hytaý bilen ýakynlaşdyrypdy. Rimiň Hytaý bilen söwda gatnaşyklary,, b.e. I a. "Ỳüpek ýoly” bilen başlanypdyr. Bu ýol Siriýada başlanyp, Edessanyň, Nisibisiň, Raginiň, Ferganayň üsti bilen Beýik Hytaý diwarlaryna baryp yetipdir. Ỳöne olar yzygiderli bolmandyr.

III a Parfiýada döwlet agdarylyşygy bolup geçýär we hakimiýet başyna ahemenitler Persiýasynyň öňki kuwwatyny dikeltmäge we Parfiyany Täze pers şalygy diýip atlandyrmaga synanyşy eden Sasaniler neberesi (dinastiýasy) geçýär. Ylalaşyk aktlarynyň görüşleri täzeden işlenilýär. Grek diliniň edebiýat stilinde hem üýtgeşmeler bolýar. Soňky imperiýanyň ýene bir aýratynlygy - hristiýançylygyň we buthananyň täsiri. Beýik Konstantinden başlap (IV a.) ilçihanalaryň düzüminde dini derejeli şahsyýetler, ýepiskoplar, hatda käwagt Rim papasy, birinji derejeli rol oýnapdyr.

IV a. Dowamynda uly Rim imperiýasy Günbatar we Gündogar imperiýalara bölünipdir.,

Diplomatiýa gelmişek halkyýetleri bilen ylalaşyklar baglaşypdyrlar. Ỳuridiki ýagdaýy boýunça federatlar şertnama gatnaşyklary boýunça Rim bilen aragatnaşykda bolmadyk gelmişek taýpalaryndan tapawutlylykda "daşary ýurt soýuzdaşlarynyň" hukuklarynda bolupdyrlar. Konstantiniň gotlar bilen (332 y.), Walentin gotlar bilen (336 y.), Feodosiel I-niň gotlar bilen (382 y.), ylalaşyklary (şertnamalary) aýratyn möhüm ylalaşyklardyr.

## Tema: Gadymy Gresiýanyň gündogar diplomasiýasy

Gadymy Gresiýa birnäçe jemgyýetçilik öwrülişiklerini geçiripdir:

B. e. ö. XII-VIII asyrlarda gul-eýeçilik döwletleriniň döreýşi şertlerinde urug gatnaşyklary saklanypdyr.

B. e. ö. VIII-IV asyrlarda şäher-döwletler ( polisler ) syýasy döreýşiň häsiýetli görnüşleridir. Olaryň arasynda halkara aragatnaşyklarynyň dürli görnüşleri ýüze çykypdyr.

“Prokseniýa“ - myhmansöýerlik, gadymy görnüşi bolupdyr. Prokseniýa aýry adamlaryň, kowumlaryň, taýpalaryň, döwletleriň arasynda bolupdyr. Haýsydyr bir şäheriň ýaşaýjysy başga şäheriň ilçilerini we hususy raýatlaryny kabul edipdir we şol şäheriň gyzyklanmalaryny goramagy, olaryň we öz şäheriniň ( polisiniň ) häkimiýetleriniň arasynda araçy bolmaklyga ahlak borçnamasyny öz üstüne alypdyr. Şonuň üçin hem ol öz aragatnaşyk edýän polisinde, beýleki daşary ýurtlylara garanda söwda, salgytlar, sud we hormatly derejeler babatda artykmaçlyklardan peýdalanypdyrlar. Şähere gelen ilçihanalar öňi bilen öz proksenine ýüz tutupdyrlar.

Prokseniýa instituty gadymy grek dünýäsiniň bütin halkara gatnaşyklarynyň esasyny düzýär. Şol şäherde ýäşaýan ähli başga ýurtlylar, hatda ýurtdan kowlanlar Zewsiň-Kseniýanyň ( myhmansöýeriň ) howandarlygy astynda bolupdyrlar. Şeýle gadymy halkara gatnaşyklarynyň instituty “ amfiktioniýalar “ – dini birleşmeler bolupdyr. Ol haýsydyr bir hudaýyň ybadathanasynyň ýanynda döräpdir, olara ybadathanalaryň ýanynda ýaşaýan, urug gatnaşyklaryna bagly bolmadyk taýpalar giripdirler.

Amfiktiýoniýalar dini institut ýaly döräp, halkara häsiýetdäki dini-syýasy institutlara öwrülipdirler. Baýramçylyklar wagtynda uruşlar gadagan edilipdir, “ hudaýyň parahatçylygy “ yglan edilipdir, jemgyýetçilik işleri maslahatlaşylypdyr we ş. m…

Gadymy Gresiýada birnäçe amfiktioniýalar bolupdyr Olaryň iň gadymysy we täsirlisi Delfi-Fermopil amfiktiýoniýasydyr. Ol Delfidäki Appolonyň ybadathanasynyň ýanyndaky Delfi amfiktiýoniýasyndan we Demetranyň

ybadathanasynyň ýanyndaky Fermopil amfiktiýoniýasyndan döräpdir. Amfiktiýoniýa 12 taýpa giripdir, olaryň hersi 2 sese eýeçilik edipdirler. Ýokary organy umumy ýygnak bolup, ýylda 2 gezek çagyrylypdyr; ýazyna Fermopilde, güýzüne Delfide. Amfiktiýoniýanyň sesleriniň sany boýunça döwlet tarapyndan bellenýän iyeromnemonlar işlere ýolbaşçylyk edipdirler, olaryň sany 24 bolupdyr. Olaryň borjy hudaý parahatçylygyny berjaý etmekden we dini baýramçylyklary guramakdan ybarat bolupdyr.

B. e. ö. IV asyryň ahyrlarynda pilagorlar, soýuzdaş döwletleriň syýasy wekilleri ýüze çykyp başlaýarlar. Delfi-Fermopil amfiktiýoniýasy Gresiýanyň daşary syýasatyna uly täsir edipdir. Ol birnäçe halkara düzgünlerini ýola goýmaga synanşypdyr, ol düzgünleri bozanlara “keramatly uruş” yglan edilipdir ýa-da olar amfiktiýonlar suduna degişli edilipdir. Dessurlara görä, amfiktiýoniýa soýuzdaş döwletleriň içki işlerine goşulup bilmändyr. Hakykat-da ol, has güýçli döwletiň täsiri astynda bolupdyr.Ol döwletiň tarapdary, ”Delf orakuly” bolupdyr,onuň aýdanlary Grek şäherleriniň içki durmuşyna we umumy pikirlere täsir bildiripdir.

Gresiýanyň halkara gatnaşyklarynyň başga görnüşi- harby-syýasy soýuz (simmahiýa ) hakynda ylalaşyk. Iň täsirlisi Lakedemoniýa we Afiny (Delos) simmahiýalary.Lakedemoniýa simmahiýasy b. e. ö. VI a Peloponnesiň şäherleriniň we obşinalarynýň soýuzy hökmünde döräpdir.Onuň başynda, şäher-baştutan Sparta durupdyr. Ýokary soýuz organy-umumy ýygnak (sillogos ) ýylda 1 gezek çagyrylypdyr.Şäherler 1 sese eýeçilik edipdirler we işler sesleriň köplügi bilen çözülipdir.

Delos simmahiýasyna Afiny tarapyndan ýolbaşçylyk edilipdir, ol grek-pers urşy döwründe döräpdir.Ol iki aýratynlygy bilen tapawutlanypdyr.

1) Soyuzdaşlar jemgyýetçilik gaznasyna ayratyn töleg töläpdirler.
2) Soýuzdaşlar Afina köp garaşly bolupdyrlar.

Soňra Delos simmahiýasy Afiny döwletine öwrülipdir. Simmahiýalaryň ikisiniň arasyndaky gatnaşyklar duşmançylykly bolupdyr, ol b. e. ö. V asyryň II ýarymynda Peloponnes urşuna eltipdir.Şonuň netijesinde b. e. ö. 404-nji ýylda Afiny simmahiýasy ýok edilipdir. Emma b. e. ö. 378-nji ýylda afinalylar b. e. ö. 355-nji ýyla çenli dowam eden Ikinji Afiny deňiz soýuzyny döredipdirler.Obşinalaryň we polisleriň arasyndaky dawa-jenjeller ilçileriň gatnaşmagynda çözülipdir. Gomer eýýamynyň Gresiýasynda olar habarçylar, klassiki Gresiýada kethudalar diýlip atlandyrylypdyr.Ilçiler Halk ýygnagy tarapyndan, 50 ýaşdan ýaş bolmadyk, ýokary wezipelerde işlän gurply raýatlardan saýlanylypdyr. Olara hödürlenme haty we düzgünnamalar berlipdir.Düzgünnamalar bellenilen nusga boýunça doldurylypdyr.Olar iki sany bile goýlan tarmajyklardan ybarat bolan gramota (diplomat) bolupdyr. Bu ýerden "diplom" sözi ýüze çykypdyr.

Daşary ýurt ilçilerine hormat bilen garalypdyr. Ylalaşyk bozulan ýagdaýynda jedeller we çaknyşmalar treteý komissiýanyň garamagyna berlipdir, ol günäkärlerden pul serişdelerini haýsydyr bir hudaýyň gaznasyna geçiripdirler. Eger-de ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda "keramatly uruş " yglan edilip bilnipdir.Ylalaşyk kabul edilenden soň her tarap kasamyň we ylalaşygyň tekstini daş sütünde kesipdir we baş ybadathanalaryň birinde, göçürmelelerini milli ybadathanalarda we döwlet arhiwinde saklanypdyr. Diplomatik gatnaşyklar kesilen ýagdaýynda we uruş yglan edilende şetnamaly sütün döwülipdir.

Halkara gatnaşyklarynyň başlangyçlary eýýäm Gomeriň "Illiadasynda" taýpa ara ylalaşyklar görnüşinde ýüze çykýar. Troýa ýörişe taýynlanyp Aheý şäherleriniň knýazlary kasam bilen berkidilen ylalaşyk baglaşýarlar.Ylalaşygy bozmak kasama dönüklik etmek ýaly garalypdyr.

## Tema: Orta asyrlarda Hindistanyň diplomatiýasy

Hindi diplomatiýasynyň özboluşly aýratynlyklary XI-XVII asyrlary öz içine alýar. Hindistanda uly imperiýalar döwründe ýurduň içinde birnäçe özbaşdak hanlyklar, beglikler bolupdyr.

Hindistanyň birleşmegi ugrundaky göreş köp ýüz ýyllyklaryň dowamynda çekipdi. Ýewropada bolşy ýaly Hindistanda hem dinastiýalar gatnaşygy orta asyrlarda uly ähmiýete eýe bolupdyr. Şunuň bilen birlikde Hindistanda esasy diplomatiýanyň 2 görnuşi giň gerime eýe bolupdyr:

1. Musulman hökümdarlygynyň diplomatiýasy.
2. Indus hökümdarlarynyň diplomatiýasy.

Esasan hem döwletiň demirgazyk bölegi güýçlenipdir. Ol XII asyrdan başlap musulman dinastiýalary dolandyrypdyr. Esasan Eýranyň hem-de Orta Aziýanyň wekilleri bolupdyr.

XI-XIII asyrlarda demirgazyk Hindistana Horasana hem-de Owganlar häli-şindi ýöriş edipdir. XIII asyryň başlarynda Delide musulmanlaryň dinastiýasy döreýär. Bu Deli soltanlary Hindistandaky eýeçiligini köpleltmek maksady bilen induslara garşy göreşipdir. Şonuň üçin döwlet düzgünleriniň çäginde Deli soltanlygy şerigatyň kanuny bilen hereket edipdir. “Deli soltanlygy tä 1526-njy ýyla çenli hököm sürýär. Medeni merkezi hökmünde Deli şäherine uly üns berilipdir. Deli soltanlygynyň hatarynda türkmen soltanlyklaryndan Memluklar, Halaçlar, Togalaklar, Seýitler, Ludiler bolupdyr.”

3.XIV asyryň ortalarynda günorta Hindistanda täze 2 döwlet emele gelýär. Birinjisi Bahman döwleti. Başynda musulman dinastiýasy bolupdyr. Ikinjisi Indus imperiýasynyň Widjaýanagar döwleti, olaryň arasynda günortada ýerleşýän Raýçur düzlügüniň harby çaknyşyklary bolupdyr. Sebäbi, bütin günorta Hindistana agalyk etmek üçin XVI asyryň başlarynda Bahman döwleti 5 sany musulman beglikleri döräpdir. Bu 5 beglik Wadjaýanagar döwletine garşy söweşi alyp barýar. Şol sanda öz aralarynda hem çaknyşyk alyp barypdyr. Ýarym

asyryň döwamynda Widjaýanagar döwletine garşy çagyryşlar ýaýraýardy. 1565-nji ýylda günorta Hindistanda ýagdaý üýtgeýär. Musulman beglikleri birleşip Widjaýanagar döwletini ýok edýär.

1525-nji ýylda demirgazyk Hindistanda asly Ferganly Babur beýik mogollar dinastiýasyny esaslandyrýar. Baburyň ölüminden soň onuň ogullarynyň arasynda tagt üstünde bäsleşik başlaýar. Bu bolsa Hindistany Bihar welaýatynda Owganlar tarapyndan kowulyp çykarylmagyna sebäp boldy. Baburyň uly ogly Humaýun Eýrana gaçyp birnäçe ýyl Tahmasp şanyň ýanynda ýaşap, patyşadan harby goşun sorap Hindistany we Owgan ýerlerini basyp aljakdygyny we Kandagary berjek digini wada edýär. Emma ol sözünde durmaýar. Humaýun Delide 1ýyldan sähelçe gowrak wagt hökümdarlyk edýär. Ol biwagt heläkçilikden aradan çykýar. Onuň ogly Akbaryň howandaryna bütin Hindistany boýun egdirtmek başardýar.

Akbaryň mirasdüşeri Jahangir we Jahanşa Portugal, Iňlis, Golland täjirlerine garşy çykyş etjek bolýarlar. Ýöne 1601-nji ýylda Hindistana Angliýaly ilçi Houkins Portugallaryň agalygyna garamazdan Iňlis korolynyň Ýakow I-iň iberen hatyny Mogol patyşasyna getirýär. Söwdfa ýeňilikleri Iňlisler üçin Iňlis korolynyň Ýakow I resmi ilçisi Tomos Rou Güdjarat welaýatyna gazanýar. Tomos Rou 3 ýyllap Delide ýaşaýar. Iňlisler üçin iň esasy zat Bengal ýerlerinde hiç hili salgytsyz söwda edilmegidir. Olar bu ygtyýarnamany Mogol imperatoryndan 1717-nji ýylda alypdyrlar.

1658-nji ýylda Mogol imperiýasynyň başyna Auramzeb gelýär. Ol tagt üstündäki doganlaryň arasyndaky göreşde hilegärlik ýoly bilen tagta çykýar. XVII asyryň II ýarymy Mogollar dinastiýasynyň pese düşmegine gelýär. Auramzeb günorta Hindistana, Kandagara, Balha, Badahşana ýöriş edipdir. Auramzeb öz harby syýasatynda hilegärlik ýoly bilen hereket edipdir. Marathlaryň serdaryny Şiwadjini tussaglykda saklap öldürjek bolýar. Emma bu muňa başartmaýar. Şiwadji

gaçyp gidýär. Ol Galkond döwletiniň ýolbaşçysyny satyn alyp Galkondy eýeleýär.

XVII asyra çenli Hindi-Rus gatnaşyklary o diýen ýygy bolmandyr. Ýyl ýazgylarynda aýdylşyna görä rus söwdegäri Afanasi Nikitin barada aýdylýar onuň Hindistana meşhur syýahaty barada aýdylýar (1466-1472). XVII asyryň ortalarynda rus hökümeti Hindistan bilen ýakyn diplomarik gatnaşyklarynyýola goýmak üçin ilçileri iberýär. Rus ilçisi M. Ýu. Kasymow 1676-njy ýylda Kabura barýar. Kabur şol wagt Mogol imperiýasyna degişlidi. Muny eşiden Auramzeb rus ilçisini kabul etmeýär. Sebäbi rus patyşasy Alekseý Mihaýlowçiň ýylda 200-300 put kümüşi gymmat baha sütükli deriler bilen çalyşmagyny teklip edeninde Auramzebiň uruşlar netijesinde hazynasy boşapdyr. 1696-njy ýylda täjir Semýon Malenkiý Delä baryp ýetýär, hem-de ol ýerde 2 ýyl ýaşaýar. Ol rus patyşasynyň hatyny ýagny: Hindistanyň çäklerinde salgytsyz söwda etmek barada aýdylýar. Ýöne birnäçe ýylyň geçmegi bilen Semýon Malenkiý gaýdyşyn ýolda Eýranda aradan çykýar. Haty onuň egindeşleri patyşa ýetirýärler. Şol hat şu günlere çenli Moskwa arhiwinde saklanýar. Gyzykly ýeri hem ol hat türk dilinde ýazylypdyr. Ýöne şol wagt Mogollaryň döwlet dili pars dilidi. Bu ýagdaýyň sebäbi rus patyşalarynyň iberen haty rus hem tatar dilindedir.

XVIII asyrda beýik Mogol imperiýasy ýykylýar. XVIII asyryň ortalarynda Iňlisleriň basypalyjylykly hereketi başlaýar. Hindi diplomatiýasy täze gerime eýe bolýar.

## Tema: Beýik Britaniýanyň Hindistany basyp alyşlary döwrüniň diplomatiýasy

Hindistany baknalyga öwürmek üçin Angliýanyň hökümeti Ost-Hind kompaniýasynyň üsti bilen hereket edipdir. XVIII asyryň 60-njy ýyllaryda Angliýada bolan senagat

rewolýusiýasynyň netijesinde Ost-Hind kompaniýasy ilkinji maýa goýumynyň toplanmagy bilen hereket edipdir. Angliýanyň senagat söwda harby deňiz flotunyň agdyklyk etmegi netijesinde, Angliýa bilen Fransiýanyň arasyndaky 7 ýyllyk uruşda (1756-1763) aýgytly ýeňiş gazanyp, özüniň Hindistanda we Kanadada uly imperiýasynyň düýbüni tutmaklyga hem-de berkemegine ýardam etdi. Angliýanyň Hindistanyň üstünden agalyk etmek üçin köp ýyllyk agyr uruşlar we kyn diplomatik gepleşikler geçirmeli bolupdyr. Angliýanyň kämilleşen ýaraglary, oňat ýaraglanan esgerleri, harby gämileri bilen basyp almak ýeterlik däldi. Iňlislere öz agalygyny dikeltmek üçin Hindi begrikleriň arasynda syýasy agzalalyk döretmek gerekdi. Şu maksadyň amala aşmagy iňlis diplomarlarynyň orny uly bolupdyr. Beýik Mogollar imperiýasy ýykylyndan soň Deli soltanlygy syýasy hukugyny ýitiripdi. Şondan soň Hindistanda özara duşmançylykly köp sanly beglikler emele gelipdir. Şol şertlerde Hindi halkynyň dininiň we däp-dessurlarynyň üsti bilen agyzlaryny alartmak mümkinçiligi döräpdir. Şol mümkünçiliklerden hem peýdalanypdyrlar. Hinidistanda Ost-Hind kompaniýasynyň gubernatory we general gubernatory harby serkerdeleri dolandyrypdyrlar. Ost - Hind kompaniýasynyň gubernatory

R.Klaýw Bengal hökümdaryna garşy uruşda özüniň nusgalyk ukybyny görkezýär. Bengaliýanyň hökümdary Siradj-Ud-doul Fransuzlar bilen bileleşikde (soýuzdaş) bolupdyr. 1756-njy ýylda Bengal hökümdarynyň harby goşuny Kalkutdadaky iňlis faktoriýasyny basyp alýar. Iňlislerden 146 adam dymyk we gurak zyndana taşlaýar we daňa çenli köpüsi howa ýetmezçiligi zerarly heläk bolupdyrlar. Heläkçilik baradaky maglumat iňlislere ýetenden soň, bu waka Hinidistany basyp almak üçin olara bahana bolupdyr. Klaýw Kalkutdada bengal goşunlaryny kowup çykarypdyr. Emma onuň 900 iňlis, 2000 hindi esgerlerinden (sipaýlardan) ybarat bolan goşuny Nabatlaryň 60 müň adamdan ybarat bolan

goşunynyň öňünde ejiz gelipdir. Şonda Klaýw Bengalyň harby serkerdesi Mirjapar bilen gizlin gepleşik geçirýär. Klaýw bu geleşigi Bengal täjiri Amiçandanyň kömegi bilen amala aşyrýar. Amiçanda eden kömegi üçin 200 müň rupiýa bermegi wada edýär. Mirjapar iňisleriň kömegi bilen Bengaliýanyň hökümdary bolsa Klaýwe köp pul bermegi wada edýär. 1757-nji ýylyň Iýun aýynyň 23-ine Plassi şäherinde Nabadyň goşuny Mirjaparyň ýolbaşçylygynda hem-de Klaýwiň goşuny Bengal hökümdary Siraj-Ud-Dowlyň goşunyny boýun egdirýär. Siraj-ud-Dowl gaçýar we öz esgerleri tarapyndan öldürilýär. Tagta Mirjapar geçýär. Klaýw maksadyna ýetip Amiçanda wada eden puluny bermän Angliýa gidýär. Mirjapar Ost-Hind kompaniýasynyň sowgat hökmünde köp möçberde pul we ýer berýär. Şondan soň Ost-Hind kompaniýasy Mirjapary hökümet başyndan aýyrýar we onuň ýerine giýewisini goýýar. Täze hökümdar gozgalaň turuzýar. Ýöne gozgalaň ýatyrylyp, ol Delä gaçyp gidýär.

Klaýw Hindistana gaýdyp gelip Deliniň imperatory bilen haýbat atyjy gepleşik geçirýär. Klaýw geçiren gepleşigi netijesinde Bengaliýa Ost-Hind kompaniýasynyň gözegçiligini geçirýär. Onuň ýerine hindi imperatoryna kompaniýa her ýyl girdeýji berýär. Mirjaparyň ogly hem-de mirasdüşeri köp pul almak bilen Bengaliýadan el çekmeli bolupdyr 60-njy ýyllaryň ahyrynda Ost-Hind kompaniýasy Bengaliýanyň ägirt uly territoriýasyna eýe bolupdyr. Şol territoriýada 30 mln. adam ýaşapdyr.

Diplomatiýanyň usullaryny has köp ulanan Ost-Hind kompaniýasynyň general gubernatory Uoren Gastings (1773-1785) bolupdyr. Gastings häkimýet söýüji we mekir adam bolupdyr. Ol para peşgeş bermek arkaly Aud hanlygyny kompaniyanyň wassalygyna öwüripdir we Benares welaýatyny özüne tabyn edipdir (1775ý.) . Hindistanyň feodal monarhiýasynyň maliýe syýasatynyň häsiýeti köp hazyna

ýygnamak bolupdyr. Iňlis basypalyjylary hindi begliklerinden altyn, kümüş, gymmat bahaly daşlary her hili hile ýoly bilen ellerinden alypdyr. Gastings Aud hökümdary soň onuň aýallaryna haýbat atyp olaryň altyn-kümüşlerini alypdyr.

Gasitngs öz adamlaryny hindi begliklerine ugradyp we olary begleriň ýanyndaky ýokary geňeşiň agzalary edip belläpdir. Şol wekiller hindi begliklerinde köp ýyllap dolandyrypdyrlar. Olar Hindistana gowy ornaşman maksady bilen pars dilini öwrenipdirler. Sebäbi şol döwürde resmi kagyzlar pars dilinde doldurylypdyr. Ost-Hind kompaniýasynda rugsatsyz olar hiç hili şertnama baglanyşmaly däl, uruş alyp barmaly däl, hem-de şol kompaniýa tarapyndan olaryň häkimýeti çäklendirilipdir. Frasuzlaryň harby goşunlary öz territoriýalarynda getirmek gadagan ediplipdir. Halk köpçüligini golastynda saklama üçin olar begleri we dindarlary ulanypdyrlar. Gastingsyň hereketleri beýleki iňlis agzalarynyň Hinidistanda girdeýji alyp bilmänligi sebäpli ondan närazy bolupdyrlar.

## Tema: Britan diplomatiýasy 1839-1842-nji ýyllaryň iňlis-fransuz urşy mahalynda

Ost-Indiýa kompaniýasy we britan hökümeti Dost Muhammediň Hyrat wakalary mahalynda eýelän pozisiýasyndan nägile bolupdyrlar. Hyrady goramak bahanasy bilen Angliýa Owganystana uruş yglan edýär. Iňlis kolonizatorlarlary Hyradyň goralmagy, edil şonuň ýaly-da russlaryň Hindistany basyp alma niýetleriniň bardygy baradaky tezisleri öňe sürmek bilen özleriniň basybalyjylyk pikirleriniň üstüni örtmek isläpdirler. Ost-Indiýa kompaniýasynyň general-gubernatory Oklend Hyradyň gabawy aýrylandan köp wagt geçenden soňra Owganystana çozulandygyny yglan edýär, ýöne ol bu gabawyň bireýýäm aýrylandygyny örän gowy

bilýärdi. Angliýanyň hakyky maksatlary Dost Muhammedi tagtdan agdaryp, onuň ýerine Ost-Indiýa kompaniýasynyň hindistan knýazlarynyň boynuna goýşy ýaly edip subsidialy (pul kömegi) şertnama gol çekmek şerti bilen iňlis dikmesi bolan şa Şujany oturmak ýoly bilen Owganystanyň üstünden özüniň syýasy we harby agalygyny ornaşdyrmakdan ybaratdy. Özüniň basybalyjylyk maksatlaryny gizlemek üçin iňlis hökümeti „Gök kitap“ çap edýär, bu kitapda owgan işleri bilen baglanyşykly ähli hat ýazyşmalar „ýoýma we galplaşdyrma arkaly ilkibaşdaky manysyna düýbünden gabat gelmeýän“ mana eýe bolupdyr.

1839-njy ýylyň Fewralaýynda 12 müň adamlyk iňlis-hindi goşuny 40 müň sany daşaýjylar we kowalaýjylar bilen birlikde Kabula tarap hereket edýär, ony eýeleýär we basybalyjylaryň ähli şertlerini kabul eden we ýurtda iňlis goşunlarynyň bolmagyna razylyk beren şa Şujany emir diýip yglan edýär. Iňlis maýor d’Arsi Todd Hyrada iberilýär. Ol Angliýanyň protektoratyny hyrat hanyna hem dakjak bolup synanyşýar. Emma han kömek sorap Eýrana ýüzlenýär. Todd hiç hili üstünlik gazanmadan yzyna dolanýar.

Ýöne Owganystanda hem basybalyjylaryň dabarasy uzak wagt dowam etmeýär. Ýurduň dürli ýerlerinde basybalyjylara garşy gozgalaňlar galypdyr. 1840-njy ýylyň Noýabr aýynda gozgalaňçylar iňlis bölegini (brigadasyny) derbi dagyn edýärler, bu bolsa iňlis goşunlarynyň galan böleklerinin hem ruhdan düşmesine getirýär. Dost Muhammediň özi, käbir serdarlaryň ähtiýalanlyk etmeginden we halk hereketlerinin ýokary galmagyndan howatyrlanyp iňlislere ýesir düşýär we Hindistana ugradylýar, ýöne weli basybalyjylara garşy göreş dowam edýär. Owganlaryň garaşsyzlyk ugrundaky göreşine baştutanlyk edenleriň biri Dost Muhammediň ogly Akbar handyr.

Ýurdy basyp almak Ost-Indiýa kompaniýasy üçin örän gymmat düşýär we iňlis wekili Maknaten, general Elfinston

owgan taýpa serdarlaryna berilýän pul kömegini azaltmak barada buýruk alýarlar. Iňlis ofiserleri we gullukçylary tarapyndan gysylmaklyk we iňlis goşunlaryny saklamak üçin paç alynmasy halkda nägilelik döredipdir. 1841-nji ýylyň Noýabr aýynyň 2-sinde Kabulda ählumumy gozgalaň bolýar we iňlis garnizony boýun egmäge mejbur bolýar. Maknaten gozgalaňa ýolbaşçylyk eden serdarlar bilen iňlis goşunlaryny Angliýadan çykarmak we şa Şujany goldamakdan ýüz öwürmek hakynda şertnama gol çekýär. Hakykatda Maknaten diňe wagt utmak isläpdir we goşmaça güýçleriň gelmegine garaşypdyr. Ol owgan serdarlarynyň birnäçesiniň öldürilmegini gurapdyr we olaryň özleriniň biri-birini gyryp gutarmagy üçin galanlarynyň arasyna hem tow salypdyr. Maknaten Akbar hana Owganystanyň weziri bolmak we iňlisler bilen baglaşylan şertnamany çalşyrmak barada hat üsti bilen teklip berýär. Iňlis berkitmesiniň golaýynda açyk meýdanda taýpa serdarlary bilen geçirilen gepleşikler mahalynda ýere ýazylan halynyň üstünde Akbar han Maknateni ýalan sözlemekde we ähtiýalanlykda aýyplaýar we ony sabança bilen atyp öldürýär. Iňlis basypalyjylara derrew ýurdy terk etmek barada talap bildirilýär.

Artilleriýasynyň hemmesini diýen ýaly, hagt pullaryny taşlap hem-de 140 müň sterling möçberdäki weksellere gol çekip, 4500 sany iňlis esgeri we ofiseri 12 sany daşaýjylary we kowalaýjylary bilen birlikde yza çekilýärler, ýöne Hurd Kabul diýen dag geçidinde owganlar tarapyndan doly gyrylýarlar. Bütin iňlis goşunyndan diňe bir adam bölek bölek mundirde we atyň üstünde zordan Hindistana baryp ýetýär we ol ýerde bolup geçen heläkçilik barada gürrüň berýär.

Iňlis kolonizatorlary Hindistanyň halklarynyň azarsynda özüniň abraýynyň doly gaçmagyndan howatyrlanyp, 1842-nji ýylda Kabula täze ýöriş edýärler we şäheri derbi-dagyn edýärler.  Emma olar bu gezek hem subsidiar (pul kömegi) şertnamany Owganystanyň boýnuna dakyp bilmeýärler we ýurdy garaşsyzlykdan mahrum edip bilmeýärler.

Şa Şujany gaýtadan tagta çykarma synanşyklary başa barmaýar. Şuja, özünden we paryndaşlaryndan dönüklik tegmili ýuwup aýyrmak islän bir taýpadaşy tarapyndan öldürilýär. Hindistandaky iňlis häkimiýetleri Dost Muhammediň täsirini göz öňünde tutup, onuň bilen ylalaşýarlar we ony Kabul emiri diýip ykrar edýärler, ýöne Kandagar we Hyrat beýleki hökümdarlaryň häkimligi astynda galypdyr. Dost Muhammet munuň bilen razylaşýar we tagta gaýdyp gelýär.

## XIX asyryň I ýarymynda Orta Aziýa hanlyklarynda rus we iňlis wekiliýetleri.

Iňlis kolonizatorlaryň basybalyjylykly niýetleri diňe bir Owganystan bilen çäklenmän, Orta Aziýa hanlyklaryna hem baryp ýetýär. Iňlis agentleri aňtamak we Russiýa garşy gižželemek maksady bilen heniz 1820-nji ýyllarda Orta Aziýa aralaşypdyrlar. Buharada we Hywada birnäçe ýerli täjirler iňlis agentleri bolupdyr. 1825-nji ýylda Buhara şäherine iňlis agentler Murkroft bilen Trebek, 1833-nji ýylda bolsa Berns baryp görýär. 1824-nji ýylda birnäçe sany iňlis täjir sypatynda Buhara aralaşýarlar we gizlinlikde şäheriň planyny çyzýarlar. Iňlis agentleri Abbot we Şekspir 1840-njy ýylda Hywa baryp görüpdirler. Olar hany ruslary Hywa goýbermezlige razy etmäge çalşypdyrlar we oňa rus harby basybalyjylyk ýörüşleriniň bolmagynyň mümkindigini duýdurypdyrlar. Han Abbota ynanman ony öz ýanyndan kowýar we ukura salmagy emir edýär. Abbot we Şekspir Russiýanyň üsti bilen Angliýa gaýdyp barmaly bolupdyrlar. 1842-nji ýylda Buharada iňlis agentleri Konnoli we Stoddart bardylar, olaryň hiç hili resmi ygtyýarlyklary bolmandyr.

Orta Aziýada iňlis ekspansiýasy (ýaýraýyşy) rus ekspansiýasy bilen çaknyşypdyr. Russiýanyň Orta Aziýadaky pozisiýalary, hususan-da iňlis goşunlary Owganystanda uly ýeňlişe sezewar bolanyndan soňra iňleriň pozisiýalaryndan has güýçli bolýar. XVIII asyrda we XIX asyryň birinji ýarymynda gazaklaryň köpüsi rus raýatlygyna geçipdirler. Gazak

topraklarynyň beýleki bölekleri Hywa, Kokand Hanlygy we Buhara tarapyndan basylyp alnypdyr we şolaryň golastynda galypdyr. Şol döwürlerde Russiýanyň orta aziýa hanlyklary bilen diplomatik gatnaşyklary epizodik görnüşde bolupdyr. Köplenç halatda olar söwda kerwenleriniň talanmagynda çekilen ýitginiň öwezini dolmagy talap etmek, gulçulyga sezewar edilen ýesirleriň yzyna gaýtarylmagy we söwda şertleriniň ýeňilleşdirilmegi baradaky talaplar bilen çäklenipdir. 1825-nji ýylda polkownik Berg bu meselelerde özüni öolda garşylan Hywa ilçisi bilen gepleşikler geçiripdir, ýöne üstünlik gazanyp bilmändir.

1835-nji ýylda praporşik Witkewiç Hywa rus ýörişi bolan mahalynda Buhara emirligini Rusýanyň tarapyna çekmek maksady bilen Buhara iberilýär. 1839-njy ýylda Peterburga buhara ilçisi gelýär, we onuň bilen birlikde yza gaýdanda iki sany rus oňiseri hem ýola düşýär. Olaryň magdan känlerini gözlemek üçin giýändikleri yglan edilýär. 1841-nji ýylda injener maýor Butenew Buhara iberilýär, ýöne ol emiriň buýrugy boýunça ol ýerden çykarylýar.

Perowskiniň harby ekspedisiýasy şowsuzlyk bilen tamamlanandan soňra 1841-nji ýylda Hywa Baş ştabyň kapitany Nikiforow iberilýär. Ol rus raýatlarynyň gulçulyga sezewar edilmesini duruzmagy, söwda paçlarynyň azaldylmagyny we gazak topraklary we Hazar kenarlarynda Russiýanyň sýuzerenligini (agalygyny) ykrar etmegi talap edýär. Bu wekiliýet haýsydyr bir üstünlik gazanyp bilmeýär. 1842-nji ýylda podpolkownik Danilewskiý hywa hanyna sowgatlar getirýär we 1843-nji ýylyň Ýanwar aýynyň 8-inde şertnama gol çekilýär. Bu şertnama görä Russiýa babatynda duşmançylykly hereketlerden saklanmaga, ýesir alynan rus raýatlary boşatmaga we Hywa getirilýän harytlardan alynýan paçlaryň möçberini haryt bahasynyň 5 göterimine çenli azaltmaga borçlanýar. Rus hökümeti adamlaryň ýesir edilip äkilmegi we söwda kerwenleriniň talanmagy zerarla çekilen

zyýanlaryň öwezini talap etmekden ýüz öwürýär. Bu şertnama kagyz ýüzünde galypdyr. Emma rus kapitalistleriniň we monopolistleriniň söwda we syýasy bähbitleri rus hökümetini orta aziýa hanlyklaryny özüniň täsiri astyna alma synanşyklaryny bes etmezlige iteripdir. Biraz soňra XIX asyryň 50-60-njy ýyllarynda patyşa Russiýasy bu topraklary basyp almaklyga girişdi.

## Tema: Hytaýyň günbatar ýurtlary bilen diplomatik gatnaşyklary

XIX asyryň I ýarymynda Ýewropa döwletleriň we ABŞ-ň ösüşi netijesinde gundogar we gunorta-gundogar Aziýanyň kolonial ekspansiýasynyň güýçlenmegine getirdi. Angliýa, Fransiýa we beýleki Ýewropa döwletleri (öz) Hytaýy öz koloniýasy hökmünde ulanjak boldular. Ýewropa döwletleriniň Hytaýy koloniýa öwürmek syýasaty Hindistanynka garanyňda kyn bolupdyr. Hytaý şol döwürde ýeke täk syýasatly merkezleşen döwlet bolýar. Hytaý halkynyň kolonial agressiýa garşy gozgalaňy Indiýa garanyňda guýçli bolýar.

XVII-XVIII asyrlarda Hytaý güýçli feodal kolonial imperiýa bolupdyr. Onuň düzümine Koreýa, Mongoliýa, Gunbatar Turkistan, Birma, Wýetnam we Tibet giripdir. Mançžurlaryň Sin dinastiýasynyň we emeldarlaryň ellerinde ýurduň syýasy we administratiw gurluşy bolupdyr. XVIII asyrlaryň II ýarymynda Hytaýyň ýapyk gapylar syýasaty uly gerime eýe bolupdyr. Imperatoryň buýrugy boýunça 1757 ýylda Guançžou portyndan başga hemme port şäherlerinde daşary söwda alyp barmak gadagan edildi. 1715 ýylda Kantonda (Guançžou) Ost-Hindi kompaniýasynyň faktoriýasy bolupdyr. Soňra beýleki daşary ýurtlaryň faktoriýasy peýda bolýar.

Ýurduň ýapyk gapylar syýasaty ýurdy daşyndaky agressiýadan goramak üçin gerekdi. Sin hökümeti ýurduň içindäki agzalalyk netijesinde daşary ýurtlaryň täsirinden gorkýardy. Ýapyk gapylar syýasaty döwründe Hytaýyň içki ykdysady ýagdaýy gowylanypdyr. Olar kän bir daşary döwletlere haryt çykarmaklygy mätäç bolmandyr. Ýöne ýapyk gapylar syýasaty netijesinde Hytaý I Tirýek urşuna çenli hiç bir gunbatar Ýewropa döwleti şertnamalary baglaşmandyr.

Sin imperiýasynyň daşary işleri bilen imperator ýa-da "Harby bileleşigiň" ýagny ýokary sanowniklerden ybarat bolupdyr. Öň bu bileleşik harby işler bilen meşgul bolýardy. Soňra onuň borçlaryna daşary döwletler bilen resminamalary baglaşmak hem giripdir.

Hytaýda bir näçe wagt bäri özboluşly diplomatik seremoniýasy bolupdyr. Wassal döwletleriň ilçileri imperatoryň öňünde dokuz gezek baş egip dyza sökmeli eken. Bu kemsidiji seremoniýa şol döwürde "Ketou" diýipdirler. Duşuşygyň öň ýanynda ilçiler şol däpde türgenleşik geçipdirler. Şul däp beýleki döwletleriň ilçilerine degişli bolupdyr. "Ketou" dessury VII-VIII asyrlardan öz gözbaşyny alyp gaýdýar. Ilçiler bir döwletiň şahsy wekili hasaplanman ýonekeý emeldar hasaplanypdyr. Getirlen sowgat-serpaýlar salgyt hökmünde garalypdyr. Sin köşginiň talap etmegini görä ilçiler öz resminamalaryny imperatoryň eline däl-de sanownikleriň birine gowşurylmagyny talap edipdir. Yzygiderli ýurda we ýurduň paýtagtyna gelmegi gadagan edilipdir. Sin hökümetiniň resminamalarynda özde ýurtlylar "Warwarlar" hökmünde suratlandyrlypdyr. Iňlisler we beýleki özge ýurtlylar Hytaý halkynda ýigrenç döredipdirler. Şonuň üçin olaryň atlaryny "daşary ýurt itleri" "arwahlar" ýaly atlandyrypdyrlar.

Sin dinastiýasy öz imperiýasyny Älemiň merkezi hasaplapdyrlar. Bu düşünje Hytaýyň we daşynda ýaşaýan halklara hyýaly ulandyp görkezme syýasatydy. Bu syýasat ýapyk gapylar syýasaty bilen ýöredilipdir.

1793 ýylda Angliýanyň korolynyň ilçisi Makartneý Pekine goberlipdir. Onuň maksady Hytaýyň Kanton portundan başga-da beýleki portlarda Ost-Hind kompaniýasynyň söwda etmekligini gazanmakdy. Makartneýiň sapary şowsuz bolupdyr. 1816 ýylda ýene-de bir iňlis ilçisi Amkerst imperatoryň duşuşygyna garaşman Pekine taglap gidýär.

Aslynda-da Hytaýa daşary ýürt ilçileri örän seýrek kabul edilipdir hem-de olaryň "Ketou" däpleri we başga-da kemsidiji däpleri ilçileri kabul etmezlik üçin bahana bolupdyr.

Sin hökümeti daşary ýürt ilçilerini Pekinde kabul etmeli däl-de eýsem welaýatdaky, deňiz ýakalaryndaky gubernatorlary, häkimlerine her hili mesele boýunça şolara ýuz tutmaly edilýär. Ýa-da ýerlerdäki ýörite imperator komisarlygyna ýuz tutup bilipdirler. Ýerli häkimler, imperatoryň komissarlary Pekine daşary işler barada hasabaty iberipdirler.

Hytaý sinownikleri daşary ýurt ilçilerine godek hem rehimsiz danaşypdyrlar.

Hamala Hytaý halky beýleki halkdan hemme taraplaýyn beýik diýen düşünje bilen hereket edipdir. Şonuň üçin ilçileriň köpüsi Pekine ýetmän yzyna gaýdypdyrlar.

Sin imperiýasy ýapyk gapylar syýasaty netijesinde öz döwletiniň çägindäki özgi döwletler barada, olaryň güýji, ýaşaýşy, ýerleşişi barada hiç zat bilenokdy. Hytaý hökümeti gunbatar döwletlere hiç hili ilçi ibermändir. Hem-de halkara gatnaşyklary babatynda hiç zat bilenokdy.

Hytaýda ýapyk gapylar syýasaty daşary ýurtlylar tarapyndan ýok edilmegine getirdi. Hytaýa şonuň ýaly birinji urgyny Angliýa tarapynda edildi.

Iňlisler Hytaýa girmek üçin esasy bazasy Hindistandaky koloniýalar hyzmat edipdir. Ost-Hind kompaniýasy 1833-nji ýyla çenli Hytaýdaky söwda monopoliýalaryny Iňlisler peýdalanypdyrlar. XIX asyryň başlaryna çenli Iňlis täjirleri Hytaýa ýagny Kantona ýuň,

olowo, gurşun, demir hem-de pagta ýüplügini getiripdirler. Hytaýlardan çaý, ýüpek satyn alypdyrlar. XIX 20-nji ýyllarynda  Hytaýa kontrabanda ýoly bilen köp sanly Hindistanda öndürilen terýek getirilýär. Ost-Hind kompaniýasy terýek söwdasyny öz elinde saklapdyr hem-de belli bir söwdagärlere terýek saklamaklyk barada ugtyýarnama berýär.

Tirýek söwdasyndan Ost-Hind kompaniýasyna ummasyz girdeýji gelipdir. Tirýek Britaniýadan Hytaýa getirilýän esasy harytlaryň birini öwrülýär. Ost-Hind kompaniýasy Hytaýyň kümüşini daşap başlaýar.

Beýik Britaniýa senagat taýdan ägirt ösen dewlete öwrülýär. 1836 ýyldaky krizisden soň Britaniýa daşary söwda gatnaşyklaryny ýola goýmak gerekdi. Mançesterdäki kapitalistler Britan hökümetini ençeme gezek iňlis matalaryny Hytaýa satmak üçin sananşyk edýärdiler. Ost-Hind kompaniýasy Hytaýda tirýegi satmagy kanunlaşdyrjak bolýärdy hem-de Hytaýyň territoriýalarynda harby-deňiz bazalaryny döretmek isleýärdi.

Britan hökümeti we kapitalistleri hem beýleki günbatar Ýewropa döwletleriniň esasy maksatlary: Mao Sze Dunyň aýtmagyna görä olaryň “ Hytaýy özüniň koloniýasy ýa-da ýarymkoloniýasyna öwürmeli” diýip aýdýär.

Tirýegi çekilmegi netijesinde halkyň saglygynyň peselmegi, aňynyň üýtgemegi, hünärmentleriň garyplaşmagyna alyp bardy. Şonuň üçin Hytaýyň has öňde baryjy welaýat gubernatorlary, general gubernatorlary we başga-da sanowniklar Pekine tirýegi getirmäge gadagan etmek barada habar ýollapdyrlar.

Munuň garşysyna göreşmek üçin ýörite komissary Lin Sze Suýy Kantona iberýärler. 1839 ýylda iňlisleriň 20 müň ýeşikden gowrak tirýegi ellerinden alyp, ýok edipdirler. Hytaýlylary bu adalatly hereketi iňlislere “birinji tirýek urşunyň” başlanmagyna sebäp boldy.

Iňlisleriň Kantondaky esasy superintendanty Ç. Elliot tirýegiň ýok edilmegine garşy çykdy. Şol zerarly Hytaýlylar bilen iňlisleriň arasynda 1839 ýylyň Noýabr aýynyň 3-ne ilkinji çaknyşyk bolýär.

Iňlis hökümeti Hytaýyň üstüne urşy başlady we kenarlaryna harby eskadrasyny iberýär. 1840-njy ýylyň tomusynda harby hereketleri başlanan ýagdaýynda Hytaý hökümeti her bir iňlis esgeriniň hem-de serkerdesiniň kellesi üçin pul goýupdyr. Bu hakykaty iňlisler Hytaýlylaryň "Warwarçylyk" hereketi diýip, beýleki halklaryň ünsüni sowjak bolupdyrlar. Sebäbi iňlisleriň özi parahat oturan Hytaý halkynyň üstüne çozýar.

1840-njy ýylyň tomusyndaiňlisleriň 16 sany harby gämisi: olaryň düzüminde 540 top hem-de 4000 sany esgerden ybarat goşuny Hytaýa gelipdir. Iňlisler Çžusan adasyndaky Dinhaý şäherini hem-de Kantona gidýän deňiz ýoluny basyp alypdyrlar.

Sin hökümeti harby hereketleriň gidişinden gorkupdyr. Lin Sze Suý wezipesinden aýrylyp sürgün edilýär. Onuň ýerine kapitulýant Si Şan Kantona gelýär. Tirýek çekmeklik hakyndaky gadaganlyk aýrylýar.

1841 ýylyň başynda iňlisler Kantona harby atyşygyndan soň Ýanwar aýynyň 20-ne Si Şan Elliot bilen ýaryşyk şertnamasyny baglaşýar. Bu şertnamada Gonkong adasyny iňlislere bermek, ýöne by adada Hytaýyň sýüzerenitetiniň bolmagy hem-de Sin hökümetiniň salgyt almagy baglanyşylýar. Mundan başga-da Hytaý 6 million ýuan kontribusiýasyny tblemeli we iki döwletiň arasynda "Deňlik" barada diplomatik protokol baglanyşylýar.

Sin hökümeti Si Şanyň eden bu egilsileli şertnamasyndan nägile bolýar. Ýanwar aýynyň 20-ne baglanyşylan Konwensiýany Pekinde ret edip, Baýldak aýynyň 11-ne Kantona imperatoryň "Warwarlary ýok etmek" buýrugy barýar.

Gonkongy eýeläp, Elliot öz tarapynda harby hereketi dowam edýär. Baýldak aýynyň 25-26-na iňlisler Numyn fortyny basyp alýar. Si Şan wezipesinden aýrylyp, onuň ýerine Ýan Fan gelýär. Ol hem utulmakdan gorkup kän bir çalt hereket etmeýär. Şol wagt hem Kantona iňlis söwda gämileri gelýär. Gämilerdäki ýüklere düşürmek üçin Ç.Elliot 1841 ýylyň Mart aýynyň 20-ne Ýan Fan bilen ýaraşyk baglaşýar. Söwdäler edilip bolman soň Maý aýynyň 21-ne harby gämiler Hytaý flotyna çozýar we 71 sany kiçiräk Hytaý harby gämilerine gark edýär.

Iňlisleriň 2400 esgerden ybarat goşuny Kantony basyp aljak bolup durdylar. Ýöne taraplaryň hiçisi harby hereketleri ahyryna çenli alyp barasy gelenokdy. Sin hökümeti hem iňdis basyp alyjylary Kantondaky Hytaý halkyndan deň gorkýardy. Eýýam Hytaý halkynyň içinde milli azat edijilik hereketi başlanyp olaryň sany 15 müňe ýetipdir. Milli azat edijilik hereketi basyp alyjylara garşy urgy bolupdyr. Elliot mundan gorkup 1841-nji ýylyň Maý aýynyň 31-ne täze imperatoryň komisary kapitulýant Si Şan ýaraşyk şertnamasyny baglaşýar hem-de 6 million ýuan kontribusiýany iňlislere tölemeli edýär. Kantonyň töweregindäki harby hereketler ....... edilip ýene önküsi ýaly söwda dowam edýär.

Iňlisler 1841-nji ýylyň Ýanwar aýynyň 27-däki Konwensiýany ýerine düşmänligi üçin ony Britan hökümeti ret edýär. Şol ýylyň Aprel aýynyň 21-ine Palmerston Ellioty wezipesinden aýyrýar.

Täze Britan dolyhukukly, şol sanda iňlis söwdasynyň esasy superintendanty G.Pottinger bellenilýär. Onuň wezipesi Gonkonga barmak, Hytaýda iňlisleriň hukuklaryny dikeltmek, kontribusiýanyň möçberini köpeltmek we Tirýegi getirmegi kanunlaşdyrmak bolupdyr. 1841-nji ýylyň Awgust aýynda Pottinger hem-de iňlis eskadrasynyň baştutany wise-admiral Gonkonga gelýärler. Iňlis floty hereket edýär hem-de Dinkaý şäherini basyp alyp talaýar. 1841-nji ýylyň güýzinde

Hindistandan iňlislere kömek gelýär. Şunuň netijesinde harby gämileriň 399-y, 724 top 10 sany esgerden ybarat bolýar.

Sin hökümeti täze imperator komisarlaryny belleýär. Si In we J Li-bu Pottinger olarda formal taýdan dolyhukuklylygy talap edipdir. Pottingeriň özi gepleşik geçirmekden ýüz dönderip, Çženşýan şäherini basyp aljak bolýar. Ol şäher Ýanszy deryasy bolan Beýik kanalyň çatrygynda ýerleşipdir. Bu ýerden d.g. şorly geçirilýärdi. Eger-de ol bu ýere eýelik etse, onda ol häkimiýeti öz eline aljakdy. 1842-nji ýylyň Iýul aýynyň 20-sine Çženşýan zabt edilip alynýar.

Hytaý halky janynyň soňuna çenli göreşipdir. Bu uruşda ýurdyň yza galan ykdysady çökkünligi hem-de iňlisleriň ýaraglarynyň hytaýlaryň ýaragyna garamagyňda has kämil gelipdir.

Sin hökümeti gepleşikleriň geçirilmeli ýerini Nanhin şäherini saýlady. Pottinger bilen Sin hökümet agzalary Nanhine geldiler.

Gepleşikde harby agalygy saklamak üçin Pottinger goşunyna şäheri basyp almaga taýyn bolmaklaryny buýurdy. Haçan-da Si In bilen J Li-bu Pottinger bilen „Kornnels“ iňlis harby gämisinde „Nanhin şertnamasyny“ baglaşýarlar. Şu şertnamanyň esasynda iňlislere dolylygyna Gonkongy bermek, hytaý 21 million ýuan kontribusiýasyny tölemeli we iňlislere erkin söwda etmek üçin hytaýyň bäş sany port şäherini bermeli bolýar. Ýöne iňlis täjirleri tirýegi kontrabanda ýoly bilen getiripdirler.

1843-nji ýylda Hunmynda Çžurzýan derýasynyň ýanynda iňlislere eksterritoriallyk hukugyny berýän şertnama baglaşylýar. Şertnama esasan hem iňlislere has bähbitli bolupdyr.

Ýuwaş ummanyndaky ABŞ-nyň ekspedisiýasy, Hytaý bilen ABŞ-nyň arasyndaky deňhukuksyz şertnama (1884-nji ýyl).

Birinji tiryek urşundan soňra Angliýadan soň Amerikanlar hem 1884-nji ýylda şertnama baglaşýarlar.

ABŞ hem XIX asyryň birinji ýarymynda koloniýalaşdyrmak ugrunda beýleki döwletler bilen bäsdeşlik edýärdi. Eýýam XVIII asyryň 80-nji ýyllarynda Amerikanlar Hytaýa hem beýleki Aziýa ýurtlaryna göz gyzdyryp başlapdylar. Şol sanda olarda ýuwaş ummanynyň demirgazyk böleklerinde kit we balyk awlamak, deri satmak bilen meşgullanýardylar. Hytaýa amerikanlylar deri önümleriniň dürli görnüşlerini getirpdir. Olar bolsa hytaýdan çaý, ýüpek we beý harytlary alypdyrlar.

Ýuwaş ummanynda ABŞ Angliýa bilen bäsdeşlik edýärdi. ABŞ özüniň Hytaý bilen alyp barýan deňiz söwdasy boýunça Angliýadan yza galýardy. Ýöne munuň ýerine ol beýleki günbatar döwletlerinden öňdedi. Abş hem iňlisler bilen bilelikde deň derejede kontrabanda ýoly bilen Hytaýa tiryek getirýärdi. ABŞ tiryegi Türkiýeden getirýärdi.

Birinji tiryek urşundan soňra ABŞ-nyň hökümeti Hytaýa öz diplomatyny Kusingi iberýär. Ol ABŞ-nyň prezidenti D.Teýloryň Hytaý bilen söwda diplomatik gatnaşyklary ýola goýmak barada hatyny getirýär.

Si In we J Li-bu ABŞ bilen iňlisleriň dildüwüşlikden gorkup, ABŞ-nyň bähbitlerine şertnama baglaşýar. Bu şertnama Iýul aýynyň 3-i wagt Wansýada 1844-nji ýylda gol çekilýär. Bu şertnamada ABŞ-na iňlislere boluşy ýaly ýeňillik, mundan başga eksterritoriallyk hukugyny we ýurduň çäginde gämileriň hiç hili salgyt tölegsiz hereket etmegini gazanypdyrlar. Ýöne bu şertnamada tiryegi getirmek gadagan edilýär. Emma muňa seretmezden amerikanyň “Rassel Ko” firmasy kontrabanda ýoly bilen Hytaýa tiryegi getirpdir.

Fransiýanyň ekspasiýasy. Dagreniniň missiýasy we 1844-nji ýyldaky Fransiýa bilen Hytaýyň arasyndaky şertnamasy.

Fransuz kolonizatorlary, ýagny XVII-XVIII asyrlardan bäri Hytaýy hem beýleki Aziýa döwletlerini içgin öwrenýärdi. Lýudowik XIV döwründe Fransiýa kotolik missiýalaryny, şol sanda Hytaýa hem-de Wýetnama iberipdirler.

1843-nji ýylda Gizo hökümeti Fransiýanyň diplomatik söwda missiýasyny Lägrene ýolbaşçylygynda Hytaýa gelýär. Ol hem Hytaý üçin deňhukuksyz şertnamany baglaşmalydy. Soňra ol öz harby bazasyny ýerleşdirmek üçin Hytaý adalaryn basyp almalydy. Şol ýagdaýda Fransiýa iňlisler iblen bäsdeşmek ýeňil düşerdi. Fransuz harby gämilerine esasan Basiwan adalaryny barlamagy barada buýruk alypdyrlar.

Lagrena esasan hytaýyň portlaryny öwrendi. Esasy Fransuz firmalary täjirleri Hytaýyň çaýyna, ýüpegine, farforyna uly gyzyklanma döredýärdi. Fransuzlar hem özüniň çakyrlaryny we şaý-seplerini Hytaýa satmak isleýärdiler.

1844-nji ýylyň Oktýabr aýynyň 24-ne Si In bilen Lagreniň arasynda Huanpuda Fransiýa-Hytaý şertnamasyny baglaşýarlar. Hytaýlylaryň arasynda Hristian dinini açyk wagyz etmek, açyk portlarda buthanalary gurmak barada şertnamany baglaşýarlar.

XIX asyryň 40-nji ýyllarynda Hytaýyň beýleki kapitalistik döwletler bilen baglaşan deňhukuksyzlyk şertnamalarynyň netijeleri.

Birinji Tirýek urşundan soňra 40-nji ýyllardaky Hytaýyň yzly-yzyna baglaşan şertnamalaryň netijesinde Hytaýyň ýarym kolonýa öwrülipdir. Şu şertnamalaryň netijesinde beýleki kapitalistik döwletler köp girdeýji hem ýurduň çäginde erkin söwdany alyp barýardy. Üstesinede Angliýa Hytaýyň halkyny tirýek bilen zäherleýärdi. ABŞ bilen Fransiýa hem ondan hem galanokdy beýleki g.b. ýewropa döwletleri Ispaniýa, Portugaliýa, Gollandiýa öz syýasy agalygny ýitirip başlaýar.

Hytaý halkynyň durmuşunda kapitalistik döwletleriniň diplomatiýasy uly rol oýnapdyr.

## Tema: XIX asyryň ortalarynda rus-hytaý diplomatik gatnaşyklary.

1842-nji ýyla çenli Günbatar döwletler Hytaý bilen hiç hili şertnamalar baglanşylmandyrlar. Rus-hytaý gatnaşyklary eýýäm XVII asyryň ahyrynda başlanypdyr. Mysal üçin, 1689-nji ýyldaky Nerçin şertnamasy. Bu şertnamanyň şerti boýunça Priamurdaky rus obalaryny göçürmeli, Orsýet üçin Zabaýkaliýadan Ohotskiý deňziniň kenarlaryna suw ýoly ýapylmaly Hytaý ilaty we häkimiýeti Amurdan demirgazyga geçmeli däl, a hakykat ýüzünde hem olara ol ýerlere barmandyrlar.

Nerçin şertnamasy iki topar üçin hem ähmiýetli, köp wagtlap iki tarapyň hem köp wagtlap hoşniýetli goňşyçylykda bolupdyr. Rus-hytaý gatnaşyklarynyň XVIII asyrda, XIX asyryň başlarynda esasy aýratynlygy, olaryň harby gowşaklygy bolupdyr. Orset üçin ol ýerlerde goşun saklamak kyndy. Orset bilen hytaý hoşniýetli goňşyçylykda ýaşamak bilen ýüze çykan jedelli meseleleri parahatçýlykly ýollar bilen çözmeklige çalşypdyrlar. Sin dinastiýasynyň üzňelik (izolasiýa) syýasaty rus-hytaý söwda gatnaşyklaryna päsgelçilik döredýärdi.

Pýotr I rus dini wekillerini Pekine ugratmak üçin ýörite karar çykarýar. Şol rus dini wekilleri Pekine baryp, şol ýerdäki rus prawoslawlaryna we Pekine baran rus söwdegärlerine hemaýatetmelidiler. Bu kararyň esasy maksady Hytaý bilen mundan beýläk syýasy we söwda gatnaşyklaryny ösdürmekbolupdyr. 1715-nji ýylda rus dini wekiller Pekinden çykýar. 1719-1722-nji ýyllarda Pýotr I tarapyndan adatdan daşary wekil Izmaýlow iberilýär. Ol Sin dinastiýasybilen gepleşik geçirip rus söwdegärlerine gorag haty, hem-de Pekine gelýän rus söwdegärleri üçin buthana gurmaklyga rugsat alýar.

1724-nji ýylda graf Sawwa Wladislowiç Raguzinskiniň ýolbaşçylygynda Ýekaterina I tagta geçenligini habar bermek

bahanasy bilen rus ilçihanasy Pekine gelýär. Olaryň esasy maksady söwda we serhet barada gepleşikler geçirmek bolupdyr. Olar Pekine barmak üçin 6 aýlap ýöräpdirler. 1727-nji ýylyň Oktýabr aýynyň 21-ne Kýahtada şertnama gol çekýärler. Şertnamanyň şerti-yzygiderli söwda gatnaşyklary dowam etmeli, 200 rus söwdegäri 3 ýylyň dowamynda bir gezek Pekine gelip hiç hili salgytsyz söwda edip bilýärler we söwda magazynlerini, öý we ambarlaryny gurup bilýärler.

Şertnama boýunça raýatlar jenaýat edenlerinde öz ýurdynyň häkimiýedine berilmeli edilipdir.

Kýahta şertnamasy boýunça rus-hytaý gatnaşyklarynyň işi we iki döwletiň ýazgy gatnaşyklary hytaý tarapyndan Sin imperiýasynyň daşary gatnaşyklarpalatasynyň üsti bilen, rus tarapy senatyň üsti bilen amala aşyrylypdyr.

Kýahta şertnamasy rus- dini wekilleriniň Pekine elmyda gelip bilmegini we olara Hytaý, mançjur we mangol dinlerinde okadypdyrlar. Entek Hytaýda hemişelik rus ilçi wekilhanasy ýok wagty bu wekil uly rol oýnapdyr. Bu misiýa Hytaý barada ylmy barlaglary geçiripdir. Olar içaly hökmünde Peterburgy Hytaýyň syýasy ýagdaýlary iberip durupdyr. Rus – Hytaý söwdasy esasy Kýahtanyň üsti bilen alynyp barylypdyr.

Sin dinastiýasy XVIII asyryň başlarynda Jungariýany we Kaşgaderýany basyp almaklyga taýýarlanýar. Sin dinastiýasy serhet ýakasyna hiç wagt ilçi ibermesede 1730-nji ýylda Moskwa ilçi iberýär sebäbi Sin häkimiýeti Orsed bilen jungarlara garşy saýuz baglanşmaga gelipdirler. Anna Ioannowna doslukly gatnaşygy ýitirmejek bolup ylalaşýar ýöne jungarlara garşy goşun ibermeýär.

XVIII asyryň ortasynda Sin dinastiýasyny Jungariýany we Kaşkariýany basyp alandan soň rus-hytaý gatnaşyklary çylşyrymlaşypdyr. Gaçgaklary yzyna bermek iki tarap üçin hem kynçylyk döredipdir. Şertnamalaryň kadalaryny ýerine ýetirmek çylşyrymlaşypdyr.

Patyşa häkimiýeti 1802-nji ýylda Fransiýa bilen şertnama baglanşandan soň Gündogar ýurtlaryna ünsüni güýçlendirýär. 1804-nji ýylda graf Ýu.A Golowkin ýolbaşçylygynda Hytaýa ilçi dilegasiýasyny iberýär. Ýu.A. Golowkin Pekine baryp Aliksandyr I-iň rus tagtyna hökümdarlygyny habar bermelidi we şol bir wagtyň özünde rus söwda gämileriniň Kantona baryp bilmegini, Hytaýyň Demirgazyk Gunbatar serhedinde gury ýer söwdasyny ýola goýamly, Amurda söwda gämileriniň erkin ýüzmek hukugyny gazanmaly, Alýaskada we Kamçatkada rus ýerlerini harby enjamlar we ýarag bilen üpjün edip bilmegiň hem-de rus wekilleriniň Pekine göýberilmegini gazanmalydy.

1805-nji ýylda Ýu.A. Golowkin Urga (Ulan-Bator) gelýär. Ol Mançžuriýanyň bogdohanynyň öňünde dyza çökmeden boýun gaçyrýar. Urganyň ambany we wany (Hytaý tarapyndan goýulan) ruslaryň teklibini kabul etmeýär. Ýu.A. Golowkin özüniň güýçli harby goragy bilen kynlyk bilen yzyna gaýdýar. Kýahtada söwda şertnamasyny baglanşan Hytaý söwdegärleri beýleki serhet ýerlerinde erkin söwda päsgelçilik döredipdir. Senat Sin häkimiýetine garşy hem-de Golowkiniň wekilýetligi bilen baglanşykly wakalar üçin Pekine närazylygyny (protest) bildirýär.

Golowkiniň yzyna gaýtarmagy Sin köşgüni ynjalykdan gaçyrýar. 1810-nji ýylda Hytaý wekilleri şol bolup geçen ýagdaýdan soň Rus häkimiýetini ýumşatmak hem-de Orset bilen doslukly gatnaşyklary ýola goýmaklygy goldaýandygyny we täze indiki rus ilçi wekillerini kabul etjekdigini habar bermek üçin Irkutskiniň gubernatory Treskin bilen duşuşmak üçin Kýahtanyň golaýyndaky Maýmaçene gelýär. Rus-hytaý gatnaşyklarynyň ösmegine Pekindäki rus dini wekiliýeti uly goşant goşupdyr. Olar 1818-nji ýyldan başlap Hytaý baradaky gymmatly maglumatlary bermekligi güýçlendiripdir. 1833-nji ýylda olar rus-hytaý gatnaşyklaryny çylşyrymlaşdyrmazlyklary

üçin Hytaý prawoslawlaryndan daşda durmagyny tabşyrylypdyr.

3.XIX asyryň 50-nji ýyllarynyň ahyrlaryna çenli Orsýet Hytaý bilen suw üsti bilen söwda etmändir. 40-ýyllardan soň Kýahtanyň üsti bilen edilýän Rus Hytaý söwdasy pese gaçýär. Sebäbi birinji tirýek urşyndan soň Günbatar döwletleriň deňiz söwdasy güýçlenýär.

Ara daşlykdan, az ilatly bolany üçin Sibiriň üstünden geçmeli bolany üçin XIX asyryň birinji ýarymynda Hytaý bilen güýçli söwda gatnaşygy ýola goýulyp bilmändir. Ýuwaş okeanda Orsetiň harby güýji diňe Iňlisleriňkiden däl eýsem Fransiýanyňkydan, ABŞ-dan hem pes gelýärdi. Orsetin Uzak Gündogar ýerlerinde gury ýer goşuny örän az sanly bolupdyr. Garaşsyz gowşak Hytaý Orset üçin amatly goňşy hökmünde bolupdyr.

Hytaý beýleki döwletlerden suw üsti bilen arasy gaty daşdy. Orsýet bolsa Hytaý gury ýerde iň uzak serhetdeş ýurtlygyna galýar. Şonuň üçin hem Orsýediň Priamur we Primorýe ýerlerine beýleki hiç hili döwlet howp salmaýardy.

Hytaýyň deňiz portlarynyň açylmagy Orsýediň gury ýer söwdasyna howp salýardy. Sebäbi suw üsti bilen Orsýediň garşydaş döwletleri Angliýa we Fransiýa Hytaýa has ýakynlaşýardylar. Orsýediň deňiz flotynyň gowşamaklygy, suw üsti bilen ara daşlygy üçin günbatar Ýewropa we ABŞ ýaly söwda edip, deňhukuksyz şertnamalar baglaşyp bilmeýärdi. Patyşanyň basyp alyjylykly syýasatyna seretmezden deň hukuksyz şertnamalar baglanşmandy. (1843-nji ýylda kontr-admiral Ýe.W.Putýatin Hytaýa ýaragly ekspedisiýa teklip edýär, söwda portlaryny açmak üçin. Ýöne maliýa ministiri graf Kankrin Kýahtadaky söwda gatnaşyklaryna zyýan ýeterinden gorkup, ol proýekt ýatyrylýar.)

4.XIX asyryň ortalarynda rus buržuaziýasynyň Hytaýyň demirgazyk günbatar serhetýakasynda söwda aragatnaşygyny giňeltmek islegi güýçlenýär. Ol ýerlerden Orsýete kerpiç

(gysylan) çaý we gödek dokalan matalar (daba) getirilipdir. DIM we maliýa ministirligi şol ýerlerde sowda gatnaşyklaryny ösdürmegiň meýilnamalaryny işläp düzüpdirler. 1845-nji ýylda uly söwdegär Horoşewiň adyndan rus emeldary Lubimow Gulja we Çugujaga gelýär. 1851-nji ýylda söwda şertlerini gürleşmek üçin polkownik Ýe. Kowalýewskiý gelýär. 1851-nji ýyllyň tomsunda Ýe. Kowolewskiý Ili sebtiniň general gubernatory I. Şan we onuň kömekçisi Buýantaý bilen Gulja söwda şertnamasyna gol çekýär. Bu şertnama boýunça Orset Gulja we Çugujakda söwda faktoriýasyny gurmaklyga hem-de şol ýerde konsul bellemäge hukuk alýar. Iki tarap hem raýatlarynyň gödek düzgün bozan wagtlarynda yzyna öz ýurdyna seljermäge we sud edilmäge berilmeli. Kiçiräk günä edilse onda ony rus konsullygy we Hytaý emeldarlary tarapyndan çözülmeli .

## Tema: XIX asyryň birinji ýarymynda Ýaponiýanyň we Koreýanyň üzňelik döwrüniň diplomatiýasy.

Ýapon häkimýeti XIX asyryň ortalaryna çenli üzňelik syýasatyny ýöretdi. Ýaponiýa günbatar döwletler bilen ilçi we söwda gatnaşyklara ymtylaman, diňe Nagasakiniň golaýynda Desima adasynda Gollandlara faktoriýa gurmaklyga mümkinçilik döretdi. Angliýanyň we ABŞ-nyň Hytaý portlaryndaky söwdalarynyň ösmegi, Ýuwaş okeanyň demirgazyk-günbataryndaky Ýapon adalaryna aralaşyp, olaryň deňiz portlaryny harby hem-de söwda gämileriniň düşlemeginiň ymtylmagyna getirýärdi. Daşary ýurtlaryň Ýaponiýanyň deňiz kenararlarynda gämileriniň heläk bolan ýagdaýynda Ýapon häkimýeti tarapyndan olara hemaýat etmek hukugy ýokdy. Gaýtam olara berk hereketler bilen çemeleşipdirler. Bu bolsa ol döwletleriň Ýaponiýanyň bilen gepleşikler geçirmekligine getiripdir. 1808-nji ýylda iňlis Fregaty Iokogomanyň kenarýaka obalaryna barypdyr. Soňky

ýyllarda iňliser bilen ýaponlar kenarýaka uruşlary alyp barypdyrlar. Şol döwürde, soňrak hem gepleşikler hiç hili netije bermändir.

Demirgazyk-günbatarda Ýaponiýanyň iň ýakyn goňşusy Orsýet bolup durýardy. XVIII asyrda Kamçatkada, Kuril we Aliut adalarynda, Demirgazyk Amerikan adalarynda Alýaskada sütükli derileriniň täze çeşmeleriň söwda ýollaryny we ilat ýaşar ýaly ýerleri gözlemek üçin Orsýediň ekspansiýasy güýçlenýär. Bu ekspansiýa Kuril adalarynda, Sahalinde uly geografik açyşlaryň edilmeginde hem-de Ýaponiýanyň demirgazygyndan Ýaponiýa deňiz ýolunyň açylmagyna getiripdir. Ýöňe Kuril adalaryny Rus deňizde yüzijileri we ilat XVII asyrda baryp we özleşdirip başlapdyrlar. 1766-njy ýylda Ruslar Iturup adasyny öz gözegçiligine alypdyrlar. Orsýediň Ýaponiýa bilen söwda araganaşyklaryny etmeklige ymtylyş zerurlygy Alýaskadaky, Aleud we Kuril adalarynda hem-de Ohot deňizniň kenaryndaky ilatyny azyk önümleri bilen üpjün etmek üçin döräpdi. Ýöne Orsýediň Ýaponiýa bilen söwda gatnaşyklaryny ýola goýmak synanşyklary Sýogun häkimýeti tarapyndan ret edilipdir. ruslar XIX asyryň II ýarymyndan soň Kuril adalarynda Edzo adasynda Ýaponlar bilen söwda gatnaşyklaryny alyp barypdyrlar, ýöne ýapon häkimýeti her ýollar bilen ol gatnaşyklara böwet basjak bolýardylar. Laksmanyň (1792-1793ýý) ekspedisiýasy Sýogun häkimýeti bilen Rus söwda gämisiniň ýylda bir gezek Nagasaka gelip gitmegini gazanypdyrlar. Ýöne bu mümkinçilik ulanylmaýar we ylalaşyk ýatyrylýar. 1804-1805-nji ýyllardaky Rezanowyň we Kruzenşterniň ekspedisiýasy hem ýaponiýa gelip söwda we diplomatik gatnaşyklary ýola goýup bilmeýär. Ýöne Rezanow Ýaponiýa baran ilçileriň ýolbaşçysydygyndan we mümkinçilikden peýdalanyp Edzo (Mansman) adasyndan demirgazykdaky adalaryň Orsýede degişlidigini aýdypdyr. XVIII asyryň ahyrlarynda Edzo adasyndaky Masumaýe begliginiň balykçylary Sahaliniň günbatarsyna aralaşypdyrlar.

1806-njy ýyylda rus deňiz serkerdesi Hwostow “Ýunona” gämisi bilen Sahaline gelip Tomari – Aniwa koloniýasyny esaslandyrýar we şol ýerleriň Orsýede degişlidigini yglan edýär . 1807-nji ýylda Hwostow we Dawydow “Ýunona” we “Awos” gämilerinde Iturupa gelip ýakynda özakymlaýyn ýaşap ýören Ýapon ýaşaýjylaryny ýok edýärler. Bu ýagdaý Ýaponiýad garşylyk döredýär. Patyşa Orsýedi Ýewropa ýagdaýlary bilen başagaý Uzak Gündogarda ýagdaýyň çylşyrymlaşdyrmazlyk üçin Hwostow bilen Dawydowyň hereketlerini ýazgarýar.

Ýuwaş okeanynda rus ýerleriniň giňemegi Ýaponýanyň dolandyryjy toparlarynda duşmançylyk we ynjalyksyzlyk döredýär. 1811-nji ýylda rus deňiz serkerdesi W.M.Golownin öz birnäçe ýoldaşlary bilen bir ýyldan gowrak ýaponlar tarapyndan tutulyp ýesirlikde saklanýar. Ýapon pubissistleri Tosiaki we Honda XVIII asyryň ahyrynda Sahalini we Kamçatkany basyp almaklygyň meýilnamasyny hödürläpdirler.

2)XIX asyryň 1-ýarymynda Koreýa korollygy Hytaýa garaşly Günbatar ýurtlary we Ýaponiýa bilen üzňelikde (izolýasiýada) ýaşamagyny dowam etdirýärdi. Birnäçe iňlis gämileri Koreýanyň kenaryna aralaşmaga synanşýardylar.1831-nji ýylda Koreýanyň kenaryna iňlis harby gämisi gelip, Koreý häkimýeti bilen gepleşik geçirmäge synanşypdyr. XVIII asyryň ahyrynda Hytaýyň üsti bilen missionerler aralaşypdyrlar. Olar feodal ezilşikden bizar bolan daýhanlary we senetçileri öz taraplaryna yrjak bolupdyrlar, katolik dinine ýakynlaşdyrmaga synanşypdyrlar. Koreý häkimýeti katolik diniň ýaýramagyny özlerine garşy uly howp diýip düşünipdirler.

XIX asyryň 1-ýarymynda Ýaponiýa we Koreýa özleriniň üzneligini saklap bilipdirler. Birinji tirýek urşundan soň Hytaýyň boýnuna deňhukuksyz şertnamalaryň dakylmagy kaptalistik döwletleriň koloniýal ekispansiýasynyň gelejekde bu ýurtlara hem ýaýramagyna esas döredipdir.

## Tema: ABŞ we Ỳewropa döwletleri tarapyndan Ỳaponiýanyň mejbury wekiliýet we söwda şertnamalaryna gol çekilmegi.

Hytaýyň deňiz ýurtlarynyň güýç bilen daşary söwda üçin açylmagy ABŞ we Angliýa üçin uzak Gündogar ýurtlary üçin koloniýal ekspansiýany ösdürmeklige mümkinçilik döredipdir. Ỳaponiýa aralaşmak üçin mümkinçilikler döräpdi.

Yaponiýanyň feodal häkimýeti entek hem üzňelik syýasatyny ýoredýärdi. Eger ýurdy açsaň onda ýurdyň gyzyly gider we feodal gurluşa täsir edip ony üýtgeder diýip düşinýärdiler.

Sýogyň häkimýeti ýurtdaky oppazision aristokratiýa bilen daşary ýurtlylar ýakynlaşyp häkimýete dildüwşik, syýasy howp döreder diýip pikir edýärdiler. Diňe gollandlar we hytaýlylar Ỳaponiýa bilen çäklendirilen söwda gatnaşyklaryny alyp barýardylar. Nagasakidäki Desima agajynda golland faktoriýasynyň ýerleşdirilmesiniň sebäbi olar Sýogyň häkimýetini beýleki döwletleriň syýasy ýagdaýlaryny habar berýän çeşme hökmünde çykyş edýärdi.

Esasan hem ilkinji Ỳapon deňiz ýurtlary ABŞ – nyň dolandyryjy toparlarynda gyzyklanma döredipdir.1845-nji ýylda ABŞ –niň Kongresi ýurdyň prezidentini Ỳaponiýa bilen söwda aragatnaşyklaryny ýola gelejekde ýapon deňiz ýurtlary Ỳuwaş ummanynda harby we koloniýal ekspansiýa üçin baza etmek üçin tabşyryk beripdi. Ỳurtdaky pribaý söwdagärler, gämi eýeleri, maliýa eýeleri, senagat kärhanalarynyň eýeleri Gündogar Aziýa ýurtlaryna ekspansiýany güýçlendirmegi talap edýärdiler. 1851-nji ýylda ABŞ-nyň häkimýeti Ỳaponiýa zorluk bilen söwda we diplomatik gatnaşyklary ýola goýup,

güýç bilen deň hukuksyz şertnamalary boýnuna dakmaklyk üçin karar kabul etdi.

Amerikan kapitalitleri Ỳaponiýada täze çig mal we öz harytlaryny ýerleşdirmek üçin bazar, harby, söwda we kit awlaýan gämi duralgalaryny gazanmak kömür bilen gämileri üpjin etmek işlerini göz öňüne tutýardylar.

ABŞ –nyň häkimýeti ýapon deňiz ýurtlaryny ulanyp we olara daýanyp Gündogarda Angliýa we beýleki Günbatar ýurtlar bilen bäsleşmäge ymtylýardy. Ỳaponiýanyň kenarlaryna harby eskadriliýalarynyň iberilmegine bahana ýapon kenarlarynda heläk bolan deňiz gämilerine "kömek" bermek bolupdyr. 1852-nji ýylda uly bolmadyk harby gämiler topary barlag üçin Ỳaponiýa iberilýar, ýöne üstünlik gazanyp bilmeýärler.

Bu şowsyzlykdan soň Perriniň ýolbaşlygynda güýçli harby ekskadriliýa iberilýär. Perri ABŞ-nyň häkimýetine Pýu-Kýu adasyny basyp almak, Taýman adasynda Amerikan koloniýasyny esaslandyrmak, Hindi-Hytaýda we Indoneziýada ABŞ-nyň täsirini güýçlendirmegiň meýilnamasyny hödürläpdir. Perri Ỳaponiýa barýarka Rýu-Kýu adalarynyň korolyna zorluk bilen şertnamalara gol çekmegine mejbur edipdir. Şol wagt Rýu-Kýu adalary Ỳaponiýa hem Hytaýyň garamagynda eken.

Güýjiniň az bolmagy Iňlis Amerikan garşylygynyň çylşyrymlaşmagy hem-de ýurdyň içki garşylygynyň güýçlenmegi Perriniň Gündogar Aziýadaky basybalyjylykly meýillerini, ABŞ-nyň häkimýeti inkär etmäge mejbur bolýar.

1853-nji ýylyň tomusynda Perri Ỳaponiýa gelip, eger Amerikan Ỳapon gepleşiklerinde üstünlik gazanmasa onda güýç ulanjaklygyny aýdypdyr. Perriniň harby gämileri Edonyň golaýyndaky Uraga adasynda, eger-de gerek bolaýsa onda Ỳapon kenarlaryny oka tutmaga amatly ýerde durupdyrlar. Perrä berilen tabşyrykda her edip hesip edip Ỳaponiýa bilen şertnama baglaşylmagyny gazanmalydy. Perri Ỳapon häkimýetine öz teklibini- talabyny berip Sýogyň häkimýetine

pikirlenmäge wagt bermek üçin Ỳaponiýadan yzyna gaýdýar. 1851-nji ýylyň Fewralaýynda ýene-de Uraga gelýar, eger gepleşik üstünlikli bolmasa onda "ýurt kemsidilen hökmünde görüljek we onuň yzynyň netijeleri üçin jogapkärçilik çekmejekligini" mazmunly prezidentiň hatyny Uraganyň kenarynda şazada Udzo dabaraly ýagdaýda tabşyrylýar. Şol wagt Perriniň harby gämilerinde 250-den gowrak top bolupdyr.

Gepleşik Kanagawa şäheriniň golaýynda ýörite salynan binanyň içinde geçýär. Perri ol ýere baýramçylyk lybasynda, imperatoryň adamlary, orkestr bilen gelýär. Iki tarap hem biri-birlerine sowgatlar beripdirler.

Perri Ỳaponlary ýalançy, ýabany adamlar, gorkuzyp we güýç bilen boýun ederin diýen pikirde eken.

Ỳapon häkimýeti özüniň harby tehniki güýjiniň asgynlygyny göz öňünde tutyp 1854-nji ýylyň Mart aýynyň 31-ne Kanagawa şertnama boýunça Simoda we Hakodoýanyň kenarlarynda Amerikan gämilerine kömür we beýleki gerek zatlaryny almaga ygtyýar berilýär.

ABŞ-dan soň Angliýa hem Ỳaponiýa hüjüm edip başlaýar. Angliýa hem Ỳaponiýanyň üstüne deň hukuksyz şertnama ýüklemäge girişýär. Britan maýadarlarynyň esasy maksady Ỳapon halkyny eksplotirlemek, harytlary üçin bazar açmak, esasy bolsa Iňlis harby gämileri üçin ýapon ýurtlaryny ulanmakdy. Ỳaopniýanyň kenaryna Iňlis admiraly Sterling gelýär. Gelmeginiň maksady ýapon Amerikan şertnamasynyň bähbitleri barada Angliýada ýaýratmakdy. Ỳaponiýany Angliýa patyşa Orsedena garşy harby hereketleri üçin ulanjak bolýardy. Ỳuwaş ummandaky Rus harby we söwda gämilerini tutmakçydy. Oktýabr aýynyň 14-ne harby nukdaýnazardan göz öňune tutulan Iňlis-Ỳapon konwensiýasyna gol çekilýär. Ỳöne Sterling göni Ỳapon ýurtlaryndan Rus gämilerine hüjim etmek hukugyny gazanyp bilmändi. Bu talap Sýugyň häkimýeti tarapyndan ret edilip konwensiýada tassyklanmandy.

Daşary ýurt gämi  gurluşygynyň ösmegi, kapitalistik döwletleriň Ỳuwaş ummanyň demirgazyk-günbatar ýerlerindäki bäsdeşligi indi Ỳaponiýanyň üzňelikde ýaşap bilmejekligine subut etdi. Indi muňa patyşa häkimýeti hem düşinýärdi . Angliýany we ABŞ-nyň Ỳaponiýadaky harby deňiz ekspedisiýalary ABŞ-nyň hem-de günbatar döwletleriniň deňiz agalygynyň täsiriniň güýçlenýändiginiň subutnamasy bolup durýardy.  Şonuň üçin hem Ỳaponiýa haýal etmän aragatnaşyklary kadalaşdyrmaklygy talap edýärdi.

Patyşa häkimýeti kapyr-admiral Pupýatini Ỳaponiýa iberip söwda we diplomatik söwda we diplomatik şertnamalary baglaşmak üçiin Ỳaponiýa ibermegi karar edipdir. Ỳaponiýa bilen söwda gatnaşyklarynyň ýola goýulmagy bilen Komçatkadaky Rus ilatyny azyk bilen üpjin etmek göz öňünde tutylypdy, ondan başgada Sahalinde we Kurip adalarynyň töwereginde gämi hereketleriniň ösmegi bilen Rus -Ỳapon serhediniň araçäkleri anyk kesgitlenmändi.

Putýatiniň missiýasy, (wekiliýeti) “parahatçylyk söýüji” missiýa bolmalydygy tabşyrylypdy. Putýatynyň ekspedisiýasy 1853-nji ýylyň tomusynda Pollada fregaty (bug bilen ýöreýän gämi) bilen Ỳaponiýa gelýär. Putetin Nagasakiniň günbataryna haty gowşurýar, gubernator jogaba garaşmaly boljagyny aýdýar. Putetiň Edo gidýär. Putetin wagtlaýyn Şanhaýa gidýär, ol ýerde türk işleri barada maglumat almak üçin. Sebäbi eger Angliýa, Fransiýa bilen  Orsýetiň arasynda uruş başlaýsa habarsyz bolmaýyn diýip gidýär. 1854-nji ýylyň güýzinde Nagasaka gelýär . Ỳapon häkimýeti tarapyndan Kabadzi we Susi gelýär. Putýatin kolda däl-de krespoda oturjaklygyny aýdýar. Ỳapon wekilleri özara sowgatlar ýakynlyk duýgylary we mylaýymlyk, mylakatlylyk duýgy hereketleri bilen gepleşigi uzaga çekärdiler. Olar bu dabaranyň uzaga çekýändigini ýakynda Ieýesi Siogunyň ölendigi bilen düşündirjek bolýardy. Ỳapon wekilleri Orsýeti ABŞ-niň we beýleki Günbatar döwletlere garşy goýjak bolup jan edipdirler.

Puýatin Ỳapon wekili Kowadziniň wekilýet ussahanalygyna uly baha beripdir. Puýatin Kowadziý barada ýatlamalarynda “Ol bütin Ỳewropa jemgyýetinde doguly we sagdyn aňly hem-de ökde dilewar ajaýyp şahs bolup bilerdi” diýip ýazypdyr.

Puýatin hem mylakatly we çydamly adam bolupdyr. Ol Krym uruşlary bilen baglanyşykly Iňlis Fransuz gämileriniň çozaryndan ätiýaç edip Perriden çykýar we Rus kenaryna gelýär. Ol 1854-nji ýylda has mäkäm “diýana” fregaty bilen Simmoda şäherine gepleşigi dowam etdirmäge gelýär. Gelip duranlaryndan üç günden soň imoda-da güýçli ýer titreme bolup “Diana” erbet zeper ýetýär, A Putitin Heda adasyna gidýär. 1855-nji ýylyň Fewralaýynyň 7-ne Simoda-da Putýatin ilkinji Rus Ỳapon şertnamasyna gol çekýär soň Heda gelip matraslaryň ýasan şhunyna (ýönekeý gämi) münip Petrapowlewskina – Kamçatka gelýär. “Diananyň” 52 topy Ỳapon häkimýetine sowgat berilýär. Şertnamanyň şerti boýunça üç Ỳapon porty – Hakadaý, Simmoda we Nagasaki ýurtlary Orseý gämileri üçin açylýar. Sahali Ỳaponiýa bilen Orsýetiň arasynda bölünmedik ýer bolup galýar. Ỳöne oňa hakykat ýüzinde Orsýet gözegçilik edipdir. Bu meselede Puýatin bierklik görkezjek hem bolmandyr.

Putýatin howlukman sowukganlylyk we hiç-hili gözegçilik ýoly bilen dälde mylakatly, parasatlylyk bilen gepleşikleri alyp barypdyr. Bu ýagdaý Ỳaponlara hem erbet ýaramandyr.

## Tema: II Tirýek urşy döwründe uzak Gündogaryň diplomatiýasy.

Daşary ýurt maýadarlary 1842-1844 – nji ýyllardaky baglanylyşylan deňhukuksyz şertnamalar bilen çäklenmeýärdiler. Olar gümrükhana salgyt tarislaryny we şertnamasyny ýerine ýetirmeýärdiler. Sin emeldarlarynyň daşary ýurtlara satylmagy bilen kontrabanda toparlar her-hili

ýollar bilen tirýek getiripdirler. ABŞ-niň wekili (konsuly) Amerikan baýdagy astynda olary goldaýardy.

Iňlis konsuly Amerikanlar bilen bäsdeşligini bahana edip Iňlis söwdägärlerini gözegçilikden daşlaşdyrylypdyr. Gankong gaçgaklaryň köp baryp gizlenýän ýerine öwrilipdir. Hytaý kontrabanditleriniň kiçiräk köp gämileri Gankongda resmilleşdirip soň bolsa Iňlis baýdagyny galdyrypdyrlar.

Iňlis we beýleki söwdagärler 1842-nji ýyldaky Nankin şertnamasyny tutaryk edinip, Guwançişowda (Kanton) gümrükhana salgytlarynyň azaldylmagyny gazanypdyrlar ýöne sin häkimýeti söwdagärleri şähere goýbermändirler. Şäher halky tarapyndan hem olar berk gaýtawula sezewar edilipdir.

Kolonizatorlar täze ýeňillikler almak üçin güýç we gorkuzmalar ulanypdyrlar. 1847-nji ýylyň Mart aýynda Gonkongyň gubernatory D. Ewisiň görkezmesi bilen 900 adamdan ybarat goşun Humyniýa fortyny eýeläpdirler we ol ýerdäki mis we agaç toplary alypdyrlar. Gankongyň täze gubernatory Bongemiň we Iňlis konsuly Olkok iňlis häkimýetinden daşary ýurt söwdagärleri üçin Ỳanszi derýasynyň hem-de uly kanalyň açylmagyny talap etmekligini maslahat beripdirler. Britan häkimýeti 1850-1854-nji ýyllarda uzak Gündogarda täze urşy başlamagy pikirlenip başlady. 1850-nji ýylyň Sentýabr aýynda Polmerston ýakyn wagtda Hytaýa urgy edip Ỳanszi derýasyna we uly kanaly eýelejekligini ýazypdyr. 1851-nji ýylda Polmerston Britan konsullaryna Iňlis kontrabandist söwda päsgelçilik döretmezlilerini ýazypdyr. 1853-nji ýylda Britaniýanyň häkimýeti Hytaýdan 1842-nji ýyldaky deňhukuksyz şertnama täzeden resmi ýagdaýda täzeden seredilmegini talap edýär . Bahanasy Fransuzlar we Amerikanlar bilen 1844-nji ýyldaky şertnama 12 ýyl dolanda täzeden seredilipdir. Indi 1842-nji ýyldaky Nankin şertnamasyna hem 1853-nji ýylda 12 ýyl dolupdyr. Sin häkimýeti kabul etmeýär. Angliýa we Fransiýa Krym urşy bilen başagaý bolany üçin Hytaýa çozup bilmeýär.

Ikinji tirýek urşy (1855-1856) döwründe diplomatik gepleşiklerden soň Amur derýasynyň çep kenary Orsýete yzyna gaýtarylyp berilipdir. Gündogar Sibire Rus daýhanlarynyň , senetçileriniň kazaklaryny göçip gelmegi gyzyl gazylyp alyş känleriniň we söwdanyň ösmegi Amury suw ýoly hökminde ulanyp ummana çykmak üçin Triýamury Orsýete birikdirmek zerurlygy ýüze çykypdy. Patyşa häkimýetiniň ýakyn gündogardaky syýasaty bilen oňa eli degmeýärdi.

1849-njy ýylda G-Neweskiniň ekspedisiýasyny deňiz korabllarynyň Amura girip biljekligini, Sahalin öň pikir edişi ýaly ýarym ada däl-de gury ýer bilen adanyň arasynda bogaz barlygy, Sahalin özbaşyna adadygynyň üstüni açdy. Orsýetiň ýakyn Gündogarda Fransiýa we Angliýa bilen ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy halkara ýagdaýynyň hem çylşyrymlaşmaga getirip indi patyşa häkimýetiniň Priýamur we Sahalin esasy ünsiniň çekilýän ýerine öwrilýär. Amuryň üsti bilen Aw deňzine çykyp boljakdy. Patyşa häkimýetini amerikan kit awlaýjy gämileriniň aw deňzine aw etmekleri hem ynjalykdan gaçyrýardy.

Gündogar Sibiriň general – gubernatory N.N.Myrawýew Peterburga iberen habarnamasynda Iňlis-Fransuz we Amerikan harby hem-de söwda gämilerini Amuryň ýokary akymlarynda we Sahalinde peýda bolmak howpynyň hem döränligi barada habar berilipdir. Amuryň çep kenarynda Hytaýlylar düýbinden hem ýok eken. Mançźur söwdagärleri kä wagtlar öz bähbitleri üçin Amuryň çep kenaryna geçýän ekenler. Amuryň akymynda ýaşaýan Newhiler we olçalar Sin häkimýetiniň salgyt tölämändir. G. Neweskiý 1850-nji ýylda Nikolaýewskiý (postyny) duralgasyny esaslandyryp Rus baýdagyny galdyrypdyr. 1853-nji ýylda Sahalinde Rys harby posty dikeldilipdir we Krym urşy döwrinde Amurdan aşak üç sany ýaraglanan harby topar ugradylypdyr. 1854-nji ýýlda N.N. Murawýowa Hytaý bilen gepleşik geçirip Priýamuriýany,

Orsýete geçirmek üçin rugsat berilipdir. Onuň gatnaşmagyndaky düzilen instruksiýada Sin imperiýasy ýykylan wagtynda Orsýet bilen serhetdeş Mongoliýanyň Dunbeýiň (Monçuźuriýa) we Koreýanyň täsirini Orsýete geçirmän saklamagyň zerurlygy bellenipdir. N.N. Murawýew Sin häkimýetinden Amuryň çep kenarynyň Orsýete degişlidigi barada ykrarnama alyp bilipdir.

Hytaýdaky Iňlis konsullygynyň bir çinownigi Midouz Angliýanyň Fransiýanyň ABŞ-nyň häkimýetlerine derrew Amurda nomigasiýa işlerine başlamaga çagyrypdyr.

1858-nji ýylyň Maý aýynyň 28-ne Aýgünde Murawýow bilen Sin imperiýasynyň rugsatly wekili kniýaz I. Şanyň arasynda Priýamuriýanyň Orsýete degişlidigi ussuriýa derýasyndan deňize çenli Orsýediň we Hytaýyň umumy eýeçiligindedigi barada şertnama gol çekilipdir. Bu şernama iňlisleriň, fransuzlaryň we amerikanlaryň Amur, Sungariý we Ussury derýasyna girmegini gadagan edýärdi we ol derýalarda diňe ýüzmäge ruslaryň we hytaýlylaryň gämileri girip bilýärdi. Şertnamada “iki döwletiň özara dostlugy hemişelikdigi, özara ylalaşykdygy” aýdylýardy.

Ikinji tirýek urşy sýoguyň häkimiýetini gorkuzdy. Ol ABŞ we beýleki Ỳewropa döwletleri ýeňillikleri talap eder öýdüpdi. ABŞ Fransiýanyň we Angliýanyň Hytaýdaky başagaýlygyndan peýdalanyp Ỳaponiýa tarap hüjüme geçýär. 1856-njy ýylyň güýzünde ABŞ baş konsuly Garris Simoda gelip Ỳapon ýerli hökümdarlaryndan daşary ýurtlara ýenede ýeňillikleriň berilmegini talap etdi. Eger-de şeýle eglişiklere gitmeseler, onda Angliýa olary güýç bilen boýun eder we gazaply şertleri öňlerinde goýar diýip haýbat atýar.

Sýogun häkimýeti daşary ýurtlary biri-birinden daşalaşdyrjak bolýardy. Olara berilýän ýeňillikleri çäklendirmäge çalyşýardy. Şonuň üçin 1857-nji ýylyň Iýul aýynda ABŞ-nyň prenziýasyny kanagatlandyryp olaryň hukuk diksiýa konsulygyna ýeňillikler bermek üçin şertnamalara gol

çekdiler. Garaşszylyk aýynda edil şonuň ýaly şertnamalara Gollandiýa we Orsýet bilen hem baglaşyldy. Ýöne Garris ABŞ-a döredilen ýeňillikler bilen düýbünden ylalaşmaýardy. Garris Amerikan harby gämileriniň Edo ýapon häkimýeti rugsat bermesede baryp biler öýdipdi. Dekabr aýynda ol ABŞ-nyň prezidentiniň hatyny sýoguna gowşurýar. Garris Ỳaponiýanyň "ýokary sowetiniň" abraýly, iň täsirli agzasy Hota Masaýosy bilen köp gepleşik geçirip, eger ABŞ bilen şertnama baglaşmasa Angliýa we Fransiýanyň Ỳaponiýa garşy uruşyň gutylgysyzdygny ýada islendik Ỳapon portyny basyl alyp Neşe söwdasyny etjekdigini ynandyrdy. Ol Orsýediň Edzo adasyny basyp aljak boldygyny hem ýazypdy. Ol ABŞ-y Ỳaponiýanyň "dosty" hökmünde görkezip, gyzga wagtda şertnamalar gol çekmäge razy bolmagyny aýtdy. Ýapon häkimýeti Garrisiň gorkuzmalary we Hytaýyň ýeniljegine göz ýetirmegi Edoda gepleşik geçirmäge razy bolýar. Ýaponiýa tarapyndan Inoue Kionoo we Iwase Tadanari gatnaşýar we Fewralaýynda gol çekilýär. Sýogun Iezada keselli bolansoň Ỳapon häkimýetiniň başyna In Naoske gelýär. Ol daşary ýurtlara ýeňillikler berilýär. 1958-nji ýylyň Iýul aýynyň 29-na ýapon amerikan şertnamasyna gol çekilýär. Şertnamanyň şertleri daşary ýurt söwdasy üçin 5 porty açmaly, pes gümrükhana salgydy, daşary ýurtlylaryň Ỳaponiýadan gyzyl we kümüş äkidip bilmelidi. Bu şernama Ỳapniýanyň ykdysady gatnaşyklaryna uly täsir edýärdi.

1858-nji ýylyň Awgust aýynyň 19-na Putýatiniň gatnaşmagynda edil şonuň ýaly şertnama baglaşypdyr. Putýatin ýapon tarapyna Angliýanyň, Fransiýanyň esasy hem Angliýanyň atalaplaryna boýun bolman Ỳaponiýa triýek geirmez ýaly etmelidigi aýdýar.

## Tema: XIX asyryň 50-60-nji ýyllarynda Orta Gündogaryň diplomatiýasy.

Angliýa Hindistany eýeländen soň Eýran we Owganystana kolonial ekspansiýasyny dowam etmäge mümkinçilik döreýär. Olar Hindistanda Hytaýyň günbatar ýerlerine we Orta Aziya hanlyklaryna aralaşypdyr. Angliýanyň esasy bäsdeşi patyşa Orsýedi bolup durýardy.

40-nji ýyllarda Angliýa Eýranyň garşysyna göreşip birnäçe ýeňillikler gazandy. 1841-nji ýylda söwda we iňlis raýatlaryna eksterritoriýalyk ýeňillikleri berýän şertnama baglaşypdyr. Iňlis söwdagärleri gümrükhananyň salgydyndan doly boşadylypdyr. Britan wekiliýeti Eýran häkimiýetiniň Hyrat meselesinde her ädimini gözden salmaýardy. Eýran bilen Türkiýanyň jedelli serhet meselelerinde Türkiýany goldaýardy.

Eýran şasy Nasyreddin Hyrat närazylygyny bildirýärdi. 1853-nji ýyllyň Ýanwar aýynda iňlis wekili Şeýa şa häkimiýetini gorkuzmak ýoly bilen Gerata azar bermezlige borçlandyrypdyr. Eýran Angliýa garşy özüne soýuzdaş gözleýärdi. Şonuň üçin hem Orsýed bilen gepleşikler geçiripdir. Ýöne iňlis wekiliniň täsirli hereket etmegi netijesinde 1854-nji ýylda öz Bitaraplygyny yglan etmäge mejbur bolupdyr. Şol bir wagtyň özünde iňlis häkimiýeti Eýran bilen Owganystanyň çaknyşmagyny isleýärdi.

2.Şol döwürde ýagny 1842-nji ýylda 1863-nji ýylla çenli Dost Muhammet emiriň yolbaşçylygynda Owganistanyň syýasy taýdan birleşen döwri bolupdyr. Ol merkezi häkimiýeti berkdipdi. Dost Muhammet dürli dawalardan gaçýardy. Harby güýç ulanmajak bolýardy.Ol hanlary boýun egdirip, özune tabyn bolmagyny isleýärdi. Muňa mümkinçilik bardy, sebäbi Ost-Hind kompaniýasy Hindistana we Birmada uruş alyp baryp Owganistandaky gözegçiligi pese gaçypdy. Owganistanyň syýasy bitewiligini berkitmäge täsir edip bilmeýärdi.

Dost Muhammet daşary syýasatynda Owgan ýerini wekilýet gepleşikler we basyp almak ýoly bilen giňeltmek

esasy orny eýeläpdir. Ol Ost- Hind kompaniýasynyň daýanyp Peşawar yerlerini basyp almaga umyt baglapdyr. 1850-nji ýylda Dost Muhammet Tährandaky rus wekiliniň üsti bilen rus patyşasy Nikolaý I soýuz baglaşyp iňlisleri Penjapdan kowup çykarmak isläpdir we patyşa hat iberipdir. Ýöne ol hata jogap almandyr. Soň Dost Muhammet iňlis ilçilerine daýanyp olaryň üsti bilen Owganistanyň demirgazyk-gündogardaky garaşsyz türkmen we özbek hanlyklaryny özüne birleşdirmäge isläpdir. Ýöne onuň esasy maksady Gandary we Geratk özüne birleşdirmek bolupdyr. Ýagdaýyň kynlaşýandygy üçin Dos Muhammet öňünden Ost –Hind kompaniýasyndan rugsat almak üçin şazada Gulam Haýdar hany gepleşik geçirmäge iberipdir.

Ost-Hind kompaniýasy bu ýagdaýa garaşýardy, sebäbi Owganystanyň, Eýranyň hem-de Orsýetiň garşysyna agresiw ulanylyp özbaşdaklygyna zeper ýetirmelidi. Kompaniýanyň agenti Lourens Dost Muhammede Peşawr baradaky pikirinden el çekmegini we özbaşdak daşary syýasat ýöretmezligi talap etdi. 1855-nji ýylyň Mart aýynyň 30-na Peşewaryň golayýnda Jamrud diýen ýerde şazada Gulam Haýdar han bilen Lourensiň arasynda Gandary owgan ýeri diýip ykrar etmeli, häzirki serhedi öňküligine goýmaly, parahatçylyk we dosluk şertnamasyna gol çekdiler. Emir özüniň we özünden soňky hökümdarlar Angliýanyň “doslary bilen dost ”we “duşmalary bilen duşman” boljakdygyny borç etdi. Şertnamanyň bu bölüminiň bir taraplaýyn häsiýeti bardy. Onuň manysy Owganystany garassyzlykdan kesipdi we deňhukuksyz ýagdaýda goýupdy. Ost-Hind kompaniýasy Dos Muhammedi Eýrana garşy goýup Geraty basyp almaklyga itekleýärdi.

3. Eýran şasy Geraty Owganistana we Angliýa bermezlik üçin Ilki goşun sürýär. 1856-nji ýylyň Garassyzlyk aýynda Eýran goşuny Hyrat galasyny gabaýar. Eýranyň Gerata çozmagy Angliýanyň Eýrana çözmagyna bahana bolýar.

Angliýa entek 1855-nji ýylyň ahyrlarynda Hyraty Eýranyň we Orsýediň çozmagyndan gorky bahanasy bilen Hyradyň golaýyna uly harby ekspedisiýa guraýandygyny we Eýran bilen diplomatik gepleşikleri kesipdi. Ol ýerden Pars aýlygynyň Eýran kenar ýaka ýerlerine çozmaga mümkinçilik bardy. Iňlis häkimýetiniň esasy maksady Hyraty Eýran goşunyndan azat etmek däldi, eýsem-de bolsa Eýrany gowşatmakdy, onuň boýnuna deňhukuksyz şertnamalar dakmakdyr. Angliýanyň metbugaty we parlamenti "Hindistana girýän derwezäni" saklaýarys diýip çykyş edýärler.

1856-nji ýylyň Noýabr aýynyň 1-ne Ost –Hind kompaniýasynyň general- gubernatory Konning öňde duran harby hereketler barada aýdýardy. Noýabr aýynyň 24-ne Eýran öz goşunyny Hyratdan çykarmaga razydygyny yglan edýärdi. Dekabr aýynyň 4-ne iňlisler Hark adasyny eýeleýärler. Dekabr ayynyň 10-na Buşiri bombalap eýeleýärler. Iňlisler Eýranyň günortasynda birnäçe ýerleri eýeläp indi Eýranyň içinde aralaşmak howpuny döredýärler.

1857-nji ýylyň Ýanwar aýynda 1855-nji ýyldaky inlis owgan şertnamasynda üsti doldyrylyp Ost-Hind kompaniýasyny Eýran bilen uruş gutarýança Dost Muhammede her aýda 100000 rupiý we 16000 ýarag bermeli edilýär. Ýöne şol döwürde emir Gandari Balha we Kabula iňlis içalylaryny göýbermelidi.

Ýone hakykat ýüzünde Dost Muhammed iňlis-Eýran urşyndan daşary durýardy we Gandarada öz häkimýedi berkitmek çärelerini geçirýärdi.

60-nji ýyllardan soň patyşa häkimýetiniň senagaty üçin çig mal çeşmesi gerekdi. Orsýet Orta Azýany basyp alsa onuň islegini kanaglandyryp biljekdi. Rus häkimýeti Hywada Kokantda we Buharada öz agalygyny dikeltmek isleýärdi. Ol ýerden Angliýa täsiri hem edip boljakdy.

1864-nji ýylyň güýzinde Angliýanyň hereketlerini peseltmek maksady bilen agressiw hereket edip başlaýar.

Patysa häkimiyeti Orta Aziýa hanlyklarynyň öz ara garşylyklaryny ulanyp olary aýry –aýrylykda basyp almagy ýüregine düwýär. 1864-nji ýylyň Sentýabr aýynda Ruslar Çinkendi eýeleýärler. 1865-nji ýylyň Iýun aýynyň 17-ne Daşkenti eýeleýärler. Kokant hanlygyny basyp alyp 1867-nji ýylda Türkistan general-gubernatorny döredýärler. 1868-nji ýylyň Fewralaýynda Hudaýar han patyşa häkimýetiniň hödürleýän şertnamasyny kabul edýär.Şertnama esasynda Kokant hanlygynyň ruslar tarapyndan basylyp alynan ýerleri Orsýediň hataryna geçýär, galan ýerleri Orsýedin wassalyna öwrülýär. Rus söwdägärleri erkin söwda, ýöne harydyň bahasynyň 25% salgyt tölemeli edilýär. Hudaýar han Mürze Hekimi Peterburga ugradýar.

Daşkentde we Orta Aziýada iňlis we türk uçarlary köpelýär. Buhara, Hywa we Kanada iňlis ýaraglary getirilipdir.

Buhara emiri Muzaffar türk we inlis häkimýeti bilen gatnaşyklary goldap Orsýede garşy urşa taýýarlanýar. Muzaffar öz adamlaryny Hywa we Kanada iberipdir. Ol wagt utmak üçin 1867-nji ýylda Musabegi Orenburga şertnama taýýarlamaga iberipdir. 1867-nji ýylda ruslar Krasnowodskiniň düýbüni tutýarlar.

## Tema: I Jahan urşy döwrüniň diplomatiýasy

Angliýanyň urşa girmegi bilen Britan imperiýasy hem goşulypdyr. Ýewropa urşy dünýä urşy hasaplanylypdyr. Uruş döwri iki tarapyň hem esasy diplomatik güýçleri özüne soýuzdaş tapynmak üçin ulanýardy. Bu mesele o diýen aňsat bolmandyr. Ýaponiýa özüne haýyş etdirmän Germaniýa garşy urşa başlaýar.

Hemme Ýewropa döwletleri urşa girimeli bolupdyrlar. Ýewropanyň ilkinji üstünlikleri uzak gündogar bolupdyr. 1914-nji ýylyň Awgust aýynyň 15-ine Ýapon häkimýeti Germaniýa duýduryş (ultimatum) beryär. Bu duýduryşda ýaponlar

germaniýallara Kiso Çao adasyny bermeli edipdirler. Bu duýduryşyň möhleti sekiz gün bolupdyr. Germaniýa bu duýduryşa jogap bermändir. Şondan soň **1919**-nji ýylyň Awgust aýynyň 3-ine Ýaponiýa Germaniýa uruş yglan edýär. Uruş başlandan Ýaponiýa Kiao-Çao adasyny, Sin-Dao demir ýoluny Szinan-Funy basyp alýar. Bu basyp alyşlar Amerikadan başga Welikobritaniýa halamandy. Uzak gündogarda Ýaponiýa öz täsirini berkitmek üçin urşa başlaýanyny Angliýa bilýärdi. Angliýa ýalňyşmaýardy. Ýaponiýa Kiao-Çaony alandan soň uruş alyp barmandyr.

Urşuň birinji günlerinden başlap Türkiýe urşa girişipdir. 1914-nji ýylyň urşy türklere hiç hili bähbitli bolmandyr. Türkleriň goşunlary Angliýanyň we Russiýanyň territoriýasynda bolupdyr. Türkler Germaniýa bilen ylalaşyga girýär.

1914-nji ýylyň Iýul aýynyň 22-ine Türkiýanyň harby ministri Enwer Paşa şol ylalaşygy tassyklaýar. Ýöne Germaniýanyň ilçisi Wangengeýun muňa ynanmazçylyk edipdir. Ol şeýle diýip Berline habar edýär. Berlin muny eşidip şonda-da ylalaşyga girýär.

1914-nji ýylyň Awgust aýynyň 2-ine German-Türk şertnamasy baglanşylýar. Şertnamanyň şertleri boýunça Germaniýa Awstriýany goldap Orsýede garşy uruş alyp barsalar, türkler hem Orsýede garşy uruş yglan etmelidi. Bu şertnama türkleriň goşunlaryny Germaniýa garaşly edipdir. Bu sertnamadan soň Türkiýe özüni Bitarap diýip yglan edýär.

Enwer Paşa Germaniýa bilen şertnama baglanyşanda Ortsýet bilen gepleşik geçirýär. Bu gepleşik Enwer Paşa Orsýediň generalyna Leontewa Germaniýa garşy Şertnama baglaşaly diýýär. Enwer Paşa Leontewa seýle diýýär: “Orsýet hemişe biziň dostumyzdy hem türk goşunlary Orsýede kömege taýýardy”. Munuň deregine Enwer Paşa Egeý adasyny soraýa. Sozanow muňa ynanmandyr. Soň Enwer Paşanyň ýalan sözleýändigi bilinýär. Hakykat ýüzünde Enwer Paşa

Germaniýanyň harby gämilerine garaşýardy. Türkiýanyň we Germaniýanyň pikirleri boýunça bu gämiler Gara deňze girip, Orsýede hüjüm etmelidi we gämileri türkler satyn alypdyrlar. Orsýet biraz wagt utmak üçin, türkiýa Lemnos adasyny yzyna gaýtaryp berjek diýýär. Orsýet bilýärdi. Türkiýa ýöne ýerden ylalaşmaýardy. 1914-nji ýylyň Sentýabr aýynda Orsýediň daşary ýurt ministrligi Turkiýanyň harby güýçleri barada maglumat alýar. Şondan soň Orsýet Türk- German gatnaşygyna göz ýetirýär.

Marnada nemesler ýeňilenden sön uruş uzaga çekiljekdigi bilindi. Oktýabr aýynda Germaniýa Türkiýa karz berýär. Ýöne türkler bu pullary alandan soň göni Germaniýany goldap urşa başlamalydy. Muny Antanta Orsýediň üsti bilen bilýär. 1914-nji ýylyň Oktýabr aýynyň 29-30-na Türk floty nemes admiral Sýuşonyň ýolbaşçylygynda Siwastopola, Odessa, Noworosiýeska top atypdyrlar. Şol uruş başlaly sebäpli Russiýanyň ilçisi Turkiýadan yzyna gaýtmakçy bolupdyr.

1914-nji ýylyň Noýabr aýynyň 2-ni Orsýet Turkiýa uruş yglan edýär. Noýabr aýynyň 5-6-syna Angliýa bilen Fransiýa uruş yglan edýär. Urşuň başlanmagy bilen deňiz ýollary ýapylýar. Baltikada German floty eýeçilik edipdir. Bu uruşda Itliýada öz täsirini ýetiripdir. Italiýa Antanta bilen gepleşige girýär. Itliýa Germaniýa we Awstriýa bilen urşa girse Antantadan näme berjekdigini soraýar. Awgust aýynda Antanta italýanlara Trentina, Triýest we Wolony adalaryny hödürleýär. Şol wagt Germaniýanyň ýagdaýy agyrdy. 1914-nji ýylyň Oktýabr aýynda Italiýa wagt ýitirmän Saseno adasyny basyp alýar. Dekabr aýynda ol Walonany gabaýar. Italiýa kim köp salgyt berse şonuň tarapynda bolupdyr. Italiýa Antantadan talap edýärdi.

Köp wagtdan soň Turkiýäni bölüpdirler. Angliýa tarapyndan ilçi Sains gatnaşypsyr. Fransiýa tarapyndan Pino bilen Sainz arasynda şertnama baglanşylýar. Bu şertnama “Sains Pino” diýip taryha giripdir. Angliýa Mesopotamiýa bilen

Bagdady alýar hem Haifa we Akra portlary alýar. Fransiýa Siriýany, Kiçi Ermenistany, Kliniýany, Kürdüstanyň bir bölegini we Mosul oblastyny onuň nebit baýlyklary bilen alýar. Russiýa Trapezundany, Erzurumy, Baýazetdany, Bitlisany hem Küjüstanyň bir bölegini alýar. Italiýa zat düşmändir. Sebäbi ol Awstriýa bilen urşa başlap, Germaniýa bilen uruş häsiýetini göteripdir. Urşuň başlan günlerinden Angliýa araplaryň arasynda öz agentlerini iberipdirler. Bu agentleriň ýolbaşçysy polkownik Lourensti. 1916-njy ýylyň Iýun aýynda bu agentleriň gelmegi bilen araplarda gozgalaň turýar. 1917-nji ýylyň başynda Orsýet bilen Fransiýanyň arasynda ýene-de bir şertnama baglanşylýar. Bu şertnamada Orsýet Fransiýany özüne dost tutunýar.

Bu uruş Uzak Gündogara hem ýetipdir. Ol Ýaponiýa üçin amatly bolupdyr. 1915-nji ýylyň Ýanwar aýynyň 15-ine Hytaý hökümýetine 21 talap berilipdir. Olar bäş topardan ybaratdy:

1-nji toparda Ýaponiýa Hytaýdan öz maksatlaryna ýetmek üçin kömek etmelidi;

2-nji toparda Ýaponlar gündogar Mançužuriýada, günorta Mongoliýada ýaşamaklaryny hem söwda bilen meşgullanmaklyga rugsat bermelidi;

3-nji toparda Ýaponiýasyz Hytaý hiç hili uly işler alyp barmaly däl.

4-nji toparda Hytaý Ýaponiýadan başga hiç kime öz ýerlerinden kärende bermeli däldi.

5-nji toparda Hytaý Ýapon raýatlaryny işe almalydy. Hytaý Ýapponiýadan ýarag satyn almalydy.

Fud-Luan prowinsiya Ýaponiýanyň eline geçmelidi. Hytaýda Ýapon mekdepleri açylmalydy. Ýöne Hytaýy ABŞ goldaýar. 1915-nji ýylyň Mart aýynda ABŞ-nyň sekretary Braýan Ýaponiýa bu şertnama boýunça garşylyk bildirýär. Orsýet hem bu şertnama garşylyk görkezýär. Ýaponiýa mundan gorkup şertnamanyň dört toparyny aýyrýar. Ýene Fud-Zian

welaýatyny özüne almak isleýär. ABŞ muňa hem rugsat bermejek bolýar. Ýöne Russiýa bilen Angliýa Ýaponiýa bilen uruş islemeýärdi. Şonuň üçin ABŞ hem hiç hili goşulyp bilmeýär. Şol ýylyň Maý aýynda Hytaý-Ýapon ultimatumy kabul edýär.

## Tema: Türkmenistanyň halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy.

Türkmenistan parahatçylyk we ynsanperwerlik maksatlaryny özüniň daşary syỳasat ugrunyň özeni hökmünde seçip alan hukuk, demokratik, dünỳewi döwletdir. Türkmenistan dünỳä bileleşiginiň öňünde durỳan belent maksatlaryň hatyrasyna hereket edỳän ähli döwletler bilen ak ỳürekli we açyk hyzmatdaşlyk edỳär. Beỳleki döwletleriň içerki işlerine gatyşmazlyk – garaşsyz Türkmenistanyň amala aşyrỳan bitaraplyk syỳasatynyň onyň ugry ine şundan ybaratdyr.

| Agzalyga giren senesi | Guramanyň ady |
|---|---|
| 17.02.1992 ý. | Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasy (EKO) |
| 2.03.1992 ý. | BMG-niň Çagalar fondy (ÝUNISEF) |
| Mart 1992 ý | Hyzamtdaşlyk boýunça Demirgazyk-Atlantik soweti (SASS) |
| 16.04.1992 ý. | BMG-niň Ýuwaş umman we Aziýa üçin ykdysady we sosial komissiýasy (ESKATO) |
| Maý 1992 ý. | Saglygy goramagyň halkara guramasy (BOZ) |
| 15.06.1992 ý. | Türkmenistanda türk-amerikan biznesmenleriniň assosiýasynyň halkara filialy döredilýär (TAWA) |
| 17.06.1992 ý. | Yslam konferensiýasy guramasy (OIK) |
| 9.07.1992 ý. | Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk (Guramasy) maslahaty (OBSE) |
| 31.09.1992 ý. | Halkara rekonstruksiýa we ösüş banky (MBPP),<br>Ösüşiň halkara assosiýasy (MAR),<br>Halkara maliýe korporasiýasy (MFK),<br>Inwestisiýalara köptaraplaýyn kepil berýän agentlik we inwestisiýalar boýunça jedelleri kadalaşdyrýan halkara merkezi |
| 22.09.1992 ý. | Halkara walýuta fondy (MBF) |
| 4.01.1993 ý. | Halkara meteorologiýa guramasy (BMO) |
| 26.01.1993 ý. | Halkara poçta soýuzy (BPS) |
| 14.04.1993 ý. | Raýat awiasiýasynyň halkara guramasy (IKAO) |
| 7.05.1993 ý. | Halkara elektro-aragatnaşyk soýuzy (MSE) |
| 17.05.1993 ý. | Gümrük hyzmatdaşlygy boýunça sowet (STS) |
| 6.08.1993 ý. | Halkara kooperatiw alýansy (MKA) |
| 17.08.1993 ý. | BMG-niň bilim, ylym we medeniýet boýunça guramasy (ÝÜNEKŞO) |
| 26.08.1993 ý. | Halkara deňiz guramasy |
| 4.09.1993 ý. | Bütündünýä turistik guramasy |
| 24.09.1993 ý. | Halkara zähmet guramasy |

Bitarap Türkmenistan halkara hukugynyň denhukukly agzasy hökmünde dünỳä bileleşigine goşulyşmagyň diňe özüne mahsus bolan ỳoluna eỳermek bilen, döwletara gatnaşyklaryny ỳola goỳmak we saplamak işine erjellik bilen goşuldy. Onyň bitaraplyk derejesi halkara gatnaşyklarynda Türkmenistanyň täsiriniň we ähmiỳetiniň artmagyna aỳratyn ösüş depginleri üpjün etdi. Bitarap hem-de dünỳäniň iň ỳaş döwletleriniň biri bolmak bilen, Türkmenistan taryhyň ölçegleri boỳunça gysga döwürde häzirki zaman halkara gatnaşyklarynyň ulgamynda öz ornuny kesgitlemegi başardy. Haỳsydyr bir harby we syỳasy birleşiklere we toparlanyşyklara girmekden aỳgytly ỳüz döndermek bilen, Türkmenistan deňhukukly esasda hyzmatdaşlygy işjeň ỳola goỳar, hut şu ỳoly has geljegi uly bolan, birek – birege peỳdaly we bähbitli ỳol hasap edỳär.

Türkmenistanyň daşary syỳasatynyň baş ugruna laỳyklykda onuň şu babatdaky esasy wezipeleri şulardan ybaratdyr:

- döwlet özygtyỳarlylygyny gorap saklamak we pugtalandyrmak, halkara gatnaşyklarynda öz täsirini we ähmiỳetini artdyrmak;
- döwletiň içerki ösüşi üçin mümkingadar amatly daşary syỳasat şertlerini döretmek;
- Türkmenistanyň milli bähbitlerini diplomatik gatnaşyklaryň halkara tejribesinde emele gelen ähli serişdeler arkaly goramak we durmuşa geçirmek;
- ỳurduň howpsuzlygyny syỳasy, diplomatik serişdeler bilen üpjün ermek.
- Ähli daşary ỳurtly hyzmatdaşlar bilen deňhukuklylyk we birek – birege sarpa goỳmak esasynda özara peỳdalylyk esasynda işjeň hyzmatdaşlygy ösdürmek;
- Daşary syỳasat babatdaky hereketleriniň halkara hukugyna we BMG-nyň Tertipnamasyna doly laỳyk gelmegini üpjün etmek.

Şu güne çenli Türkmenistan 114 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ỳola goỳdy, halkara guramalarynyň 40-dan gowragynyň agzasy boldy we olaryň sany ỳyl - ỳyldan artỳar. Häzirki wagtda Türkmenistanyň diplomatik wekilçilikleri we konsullyk edaralary dünỳäniň 20-den gowrak ỳurdunda açyldy. Öz nobatynda Türkmenistanda daşary ỳurtlaryň diplomatik wekilçilikleriniň we halkara guramalarynyň wekilçilikleriniň 30-dan gowragy resmi taỳdan ỳerleşdirildi. Türkmenistanyň BMG, EKO, GDA, EB, EHHG, NATO, ỲUNESKO ỳaly abraỳly halkara guramalarynda we beỳlekilerde öz wekilçilikleri bar.

Geçen döwürde ỳurtda daşary syỳasat meseleleriniň çözülmegini üpjün etmek üçin guramaçylyk – hukuk serişdeleri döredildi. Gürrüň daşary syỳasat edarasy, onuň ỳerlerdäki we daşary ỳurtlardaky edaralary (ilçihanalar we konsullyklar) hakynda, şeỳle hem tutuş daşary syỳasat işini düzgünleşdirỳän kadalaşdyryjy binỳat hakynda barỳar.

Türkmenistanyň BMG bilen hyzmatdaşlyk etmekde ileri tutulýan ugurlarynyň biri halkara parahatçylygyny we howpsuzlygyny saklamakdan ybaratdyr. Türkmenistan Garaşsyzlygynyň ilkinji ädimlerinden başlap, ýurduň içeri we daşary syýasatynyň esasy ugurlaryny kesgitledi. Öz öňünde ýurtda parahatçylygy we asudalygy saklamak hem-de sebit hem bütindünýä we beýleki ýurtlar bilen hoşmeýilli gatnaşyklary saklamak baradaky maksady goýdy. Ol öz gatnaşyklaryny bähbitleriň çaknyşmagyna garşy gönükdirmekden, bähbitleriň utgaşmagyna ähli çäreler bilen ýardam etmekden, parahatçylyk we durnukly ösüşiň ýoly boýunça sebitde utgaşmak işine ýardam etmekden ugur alyp gurdy. Türkmenistanyň milli däp – dessurlarynyň we ýerleşişiniň aýratynlygy, döwlet Garaşsyzlygyna eýe bolmak bilen taryhy zerurlyk höküminde Bitaraplyk derejesi baradaky mesele ýüze çykdy. Tebigy serişdelere baý bolan ýurt birentek döwletleriň ykdysady, geosyýasy, beýleki bähbitleriniň çatrygynda ýerleşýär. Ýurduň

howpsuzlygyny we özygtyýarlylygyny we bütewiligini üpjün etmek gerek boldy. Türkmenistanyň esasy daşary syýasat ugry bolan Bitaraplyk bu ýörelgäni kesgitledi. Türkmen Bitaraplygynyň maksady dünýä meselelerini çözmekde öz-özüňi çetleşdirmek we gatnaşmazlyk däl-de, sebitde parahatçylygy we howpsuzlygy ýola goýmaga ýardam etmek bilen, ylalaşdyryjylykly hereketlere işeňňir gatnaşmak, sebitiň ykdysadyýetini, durmuş we medeni ugurlaryny, infrastrukturasyny ösdürmäge gönükdirilen özara peýdaly hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ähli çäreler bilen giňeltmek baradaky maksatdan ybaratdyr. Şonuň üçin-de, türkmen Bitaraplygynyň oňyn we giň häsiýeti bardyr we ol hemişelikdir.

Türkmenistan daşary syýasat ugry hökmünde hemişelik Bitaraplygy kanun arkaly pugtalandyryp, dünýä döwletleriniň diňe ykrar etmegi bilen çäklenmän, eýsem seçip alan ugruna berk eýermek barada öz ustune alan borçlary üçin dünýä bileleşiginiň öňünde nähili jogapkärçilik çekýänligine düşünmek bilen özüni goldamagy haýyş edip, dünýä bileleşiginiň agzalaryna ýüzlendi.

Türkmenistan halkara bileleşigi tarapyndan örän ýokary derejede ykrar edilmegini gazanmak bilen bir wagtda BMG-niň ýörelgelerine we Düzgünnamasyna berk eýermek barada öz üstüne borç alyp, hakykatda parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk syýasatyny we ähli hyzmatdaşlar bilen gatnaşyklaryň aç-açanlyk häsiýetini tassyklady. Bu ýörelgeler “Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy” hakynda Türkmenistanyň Konstitusion Kanunynda görkezildi. Ýurdumyzyň Baş Kanuny bolan Konstitusiýasyna degişli üýtgetmeler girizildi. Bar bolan Halkara hukugyna laýyklykda Türkmenistanyň Bitaraplygynyň esasy şulardan ybaratdyr.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň “Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy hakynda” 1995-nji ýylyň Dekabr aýynyň 12-sinde kabul edilen Ykrarnamasy, Ykdysady Hyzmatdaşlyk

Guramasynyň agzalary bolan ýurtlaryň döwlet we hökümet baştutanlarynyň üçünji duşuşygynyň jemleri boýunça 1995-nji ýylyň Mart aýynyň 15-däki Yslamabat Jarnamasy, Goşulmazlyk hereketiniň ýurtlarynyň döwlet we hökümýeet baştutanlarynyň XI maslahatynyň 1995-nji ýylyň Oktýabr aýynyň 20-sindäki jemleýji resminamasy bilen tassyklanylýar: onuň görnüşi hemişelikdir, ýagny wagt bilen çäklendirilmeýär we harby ýagdaýda hem, parahatçylykly döwürde hem hereket edýär.

Mazmuny boýunça oňyndyr ýa-da has giňdir, munuň özi parahatçylygy we durnuklylygy saklamak, döwletleriň arasynda dostluk we hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmek meselelerinde döwletleriň ýörelgesiniň işjeňligi bilen düşündirilýär.

BMG Türkmenistanyň Bitaraplygyna dawalaryň ýaýramagynyň öňüni almakda hem-de birek-birege ýarag arkalay garşy durmagyň bar bolan ojaklaryny düzgünleşdirmekde, uruşýan taraplaryň arasynda gepleşikleri guramakda, gepleşikleriň geçirilýän ýerlerini bellemekde, araçyllyk hyzmatyny etmekde we halkara-hukuk taýdan goldamakda özüne ýardam edýän hyzmatdaş hökmünde garaýar.

BMG-niň Baş Asambleýasynyň Ykrarnamasy iş ýüzünde Garaşsyzlygyň we Bitaraplygyň döwletiň kemala gelmeginiň esasy binýadydygyna şaýatlyk edýär. Olar türkmenleriň birnäçe nesillerine özüniň has gowy netijesini bererler. Bu ýorelge sebitde parahatçylygy, asudalygy ýola goýmaga we sebiti gülläp ösdürmäge oňyn täsirini ýetirýär we geljekde hem ýetirer.

Şeýle ýokary derejede hemmetaraplaýyn goldaw alan Türkmenistan ýaraşdyrmak babatda özüniň ägirt uly mümkinçiliklerini görkezip, özüniň Bitaraplyk derejesiniň täsirliligini, netijeliligini we hakykata esaslanýandygyny hem-

de öz üstüne boýnuna alan borçnamalaryna gyşarnyksyz eýerýändigini iş ýüzünde subut etdi.

1996-njy ýlda Aşgabat şäherinde BMG-niň howandarlyk etmeginde, Täjigistanda raýatlaryň arasyndaky jedelleri çözmek boýunça gös-göni gepleşikleriň iki tapgyry geçirildi. Bu ýerde biri-birine garşy durýan owgan toparlarynyň wekilleri ilkinji gezek gepleşik geçirdiler, munuň özi sebitde ýagdaýy kadalaşdyrmak boýunça halkara bileleşiginiň umumy tagallalaryna goşulan saldamly goşant boldy. Türkmenistan synçy hökmünde soňra Tähran şäherinde (1997-nji ýylyň Aprel, Maý aýlarynda), Bişkek şäherinde ( 1997-nji ýylyň Maý aýynda), Moskwa şäherinde (1997-nji ýylyň Iýun aýynda) geçirilen gepleşiklere-de gatnaşdy.

1998-nji ýylda BMG-niň 53-nji mejlisinde Baş Assambleýanyň başlygynyň orunbasary hökmünde biziň ýurdumyzyň saýlanylmagy-da Türkmenistanyň dünýä bileleşiginde uly abraýa eýe bolandygyna doly güwä geçýär.

Türkmenistan ýaraşdyryjylyk ýörelgelerine pugta eýermek bilen, BMG-nyň Aziýa hem-de Yuwaş umman sebitinde parahatçylyk we ýaragsyzlandyrmak baradaky çärelerin işjeň gatnaşýar. 1996-njy ýylyň Sentýabr aýynda Türkmenistan Nýu-York şäherinde BMG-niň merkezi jaýynda Yadro ýaragyny ýaýratmazlyk baradaky Ahliumumy Sertnama ilkinjileriň biri bolup gol çekdi. 1997-nji ýylda Türkmenistan Merkezi Aziýada Yadro ýaragy bolmadyk zolagy döretmek baradaky pikiri oňlamak bilen, BMG-niň Baş Assambleýasynyň birinji komitetiniň kararyna döredijileriň biri boldy, çünki Garaşsyzlyga eýe bolandan soňra Türkmenistan SSSR darganda, öz ýerinde galan Yadro ýaragyndan ýüz öwürdi hem-de häzirki wagtda ýurtda köpçülikleýin gyryş ýaraglary we ony döretmekde ulanylýan serişdeler ýok. BMG – niň ýaragsyzlanmak baradaky başlangyçlaryny doly goldamak bilen, Türkmenistanyň Merkezi Aziýa Yadro ýaragsyz zolaga

öwürmek baradaky köptaraplaýyn Sertnama gol çekmäge taýyndygyny belledi.

2002-nji ýylyň Awgust aýynda Aşgabat şäherinde BMG-niň Baş sekratarynyň ýaragsyzlanmak boýunça orunbasary D.Danapala bilen duşuşan mahalynda, Türkmenistanyň baştutany; ‘’Biz Merkezi Aziýany Yadro ýaraglaryndan dyndarmak üçin, parahatçylygyň we birek-birege düşünişmegiň hatyrasyna taýýar’’ diýip belledi.

Türkmenistan Wena, Bonn, Bryussel, we Aşgabat şäherlerinde [1997-nji ýylyň Iýun aýynda] Ottawa Maslahatynyň halkara derejesindäki mejlislerine işjeň gatnaşdy, bu mejlislerde pyýada goşunlaryň garşysyna partlaýjylaryň ulanylmagyny, toplamagy, taýýarlamaga we başgalara ýaýratmagy gadagan etmek hakyndaky Konwensiýanyň döredilmegine saldamly goşant goşuldy. Bu Konwensiýa 1997-nji ýylyň Sentýabr aýynyň 18-ne Oslo şäherinde gol çekdi. Türkmenistan 1997-nji ýylyň dekabr aýynyň 3-ine Kabadanyň Ottawa şäherinde pyýada goşunlaryň garşysyna partlaýjylaryň ulanylmagyny ýer ýüzünde düýbünden gadagan etmek boýunça geçirilen maslahatda sebitde ilkinji bolup, pyýada goşunlaryň garşysyna partlaýjylaryň ulanylmagyny gadagan hakyndaky Sertnama gol çekdi. Mozambigiň Maputu şäherinde (1999-njy ýylyň Maýynda) pyýada goşunlaryň garşysyna ulanylýan partlaýjylar boýunça geçirilen Maslahatda başlyklyk edijileriň biri boldy.

Owganysdandaky dawanyň bes edilmegi ugrunda çykyş edýän Türkmenistan BMG-niň howandarlygynda Owganystan babatda degişli ýurtlaryň maslahatlaryna işjeň gatnaşýar. Ol BMG-niň howandarlygynda 6+2 toparynyň çäklerinde uly işleri alyp barmak bilen, Owganystan boýunça halkara maslahatynyň çagyrylmagyny oňlap, muňa degerli ýardam berdi, Ynsanperwerlik gatnaşyklary baradaky gurama bilen bilelikde, Aşgabat şäherinde (1997-nji ýylyň Ýanwar aýynda) syýasy, ykdysady, harby meseleler, şeýle hem adam hukuklary babatda

baş ugurlary kesgitlemek, Owganystana ynsanperwerlik kömegini bermekde täze usullary işläp düzmek maksady bilen, Owganystana kömek bermek boýunça Halkara maslahatyny gurady. Häzirki wagtda Türkmenistan BMG-niň gulluklary we edaralary, ilkinji nobatda bolsa Owganystana ynsanperwerlik ýüklerini eltmek boýunça BMG- niň Ynsanperwerlik kömegini bermek baradaky departamenti bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýär hem-de ähli zerur şertleri döredip, Owganystanyň ejir çeken halkyna kömegiň tiz ýetirilmegine ýardam berýär. Bu iş Türkmenistanyň Bitaraplygynyň ynsanperwerliginiň ýene bir tarapyny aýdyň görkezýär.

Ykdysadyýetde we durmuşda ösüş gazanmak baradaky iş BMG bilen ykdysady jähtlerini ösdürmegiň ileri tutulýan ýörelgeleriniň biri bolup durýar.

Türkmenistan sebit boýunça Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň maslahatlarynyň birnäçesini öz ýerinde geçirdi, bu guramanyň başlygy boldy. Iki ýylyň dowamynda Türkmenistan BMG-niň ýanynda Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň toparlarynyň işlerini ugrukdyrdy. Şu meselä uly ähmiýet bermek bilen, Türkmenistan 1995-nji ýylda ilkinji Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasyna girýän döwletleriň arasyndaky hyzmatdaşlyk hakyndaky kararyň taslamasyny BMG-niň Baş Assambleýasynyň garamagyna girizdi, bu taslama kabul edilip, BMG-niň Baş Assambleýasynyň yzygiderli gün tertibine goşuldy.

Türkmenistan ummasyz tebigy baýlyklara eýedir, onuň durmuş we ykdysady ösüş gazanmak üçin uly mümkinçilikleri bardyr. Türkmenistan Garaşsyzlygyň 11 ýylynda yzygiderli ykdysady özgertmeleri amala aşyryp, halkara bileleşiklere goşulşýar. Ykdysadyýetiň döwlet tarapyndan dolandyrylmagy we ilata durmuşda döwlet tarapyndan güýçli goldaw berilmegi Türkmenistanyň üstünlik gazanýandygyny görkezýän ýagdaýlardyr.

Sonuň bilen baglanyşylyklylykda, BMG Türkmenistanyň durmuş taýdan ösüşine öz goşandyny goşýar. BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary tarapyndan amala aşyrylýan maksatnamalar durmuş-ykdysady ösüş boýunça Milli maksatnamalary esasynda düzülýär hem-de Türkmenistany özboluşly aýratynlyklary göz öňünde tutulýar.

Türkmenistan BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary bilen hyzmatdaşlygyny döwrüň talabyna görä guraýar, çünki ýurduň abadançylygynyň onuň halkynyň abadançylygyna baglydygy ykrar edilýär.

1999-njy ýylyň Oktýabr aýynda BMG-nyň dürli ugurlar boýunça maksatnamalarynyň amala aşyrylmagyna ýardam bermek maksady bilen , BMG-ä Goldaw bermek baradaky Türkmen Assosiasiýasy döredildi , onuň wezipesi BMG-niň Türkmenistandaky işleri barada habar bermekden , BMG-niň Düzgünnamasynyň maksatlaryny we ýörelgelerini goldamakdan, bu ugurdaky işlere ýaşlaryň gatnaşmagyny güýçlendirmekden ybarat bolup durýar.

Türkmenistan YUNISEF ( BMG-niň ýanyndaky çagalara adatdan daşary kömek gaznasy ) bilen bilelikde uly işleri durmuşa geçirdi. Bu guramanyň maksady çagalaryň oňat ýaşamaga , kadaly ösüşe hukugyny üpjün etmekden ybarat bolup durýar , munuň özi çagalaryň ukyplaryny , mümkinçiliklerini doly ýüze çykarmagyna, çagalaryň we eneleriň saglygynyň goralmagyna we iýmitiniň gowulandyrylmagyna ,okamak üçin amatly şertleriň döredilmegine ýardam berýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanda YUNISEF-iň üç sany maksatnamalary durmuşa geçirýär . „Eneleriň we çagalaryň ýaşamaga ukyplaryny güýçlendirmek , çaganyň ösüşi we goraglylygy’’ atly maksatnamada alty ýaşyna ýetýänçä çaganyň durmyşyna gözegçilik edip ,onuň kadaly ösüşe , hukugyny üpjün etmek göz öňünde tutulýar. Bu maksatnama bedende demir ýetmezçiligi zerarly döreýän gan azlyk keselinden we şu

sebitde duş gelýän kesellerden çaganyň we enäniň ölümini azaltmaga ýardam berýär.

“Çagany gurplandyrmak baradaky” maksatnama laýyklykda , altydan on iki ýaşa çenli aralykdaky çagalar bilen iş geçirilýär we gyzyklanma bildirýän ugry boýunça çaga bilim bermek üçin niýetlenendir. „Yaşlaryň abadançylygy baradaky ‘’ maksatnama on abadançylygy baradaky maksatnama on üçden on sekiz ýaşa çenli aralykdaky ýetginjekleri birleşdirip , olara geçiş döwründe kömek berýär.

Türkmenistan aýallar babatda hukuklary kemsitmeleriň ähli görnüşlerini ýok etmek baradaky Konwensiýa gol çekdi. Seýle hem aýal gyzlaryň dördünji Bütindünýä maslahatynyň ( Pekin , 1995 ý. ) maksatlaryna laýyklykda hereket etmegiň Milli meýilnamasy makullanyldy.

Türkmenistan goňşy döwletlere ynsanperwerlik kömegini bermek meselesinde uly orun eýeleýär. Häzir Türkmenistanda bosgunlaryň 20 000-e golaýy bar. Olaryň köpüsi Täjigistandan gelen türkmenlerdir. Türkmenistanyň hökümeti halkara ülňülerine laýyklykda bosgunlaryň we gaçybatalga gözleýän adamlaryň hukuklaryny goramak boýunça möhüm birnäçe ähmiýetleri ätdi. Türkmenistan 1998-nji ýylyň Mart aýynda adam hukuklary baradaky Yokary komissaryň Guramasy bilen hyzmatdaşlyk etmek baradaky ylalaşyga gol çekdi. 1997-nji ýylda bosgunlar hakyndaky Kanun kabul edildi.

“YUHFRA maksatnamasy Türkmenistanda 1992-nji ýyldan bäri hereket edýär. 1996-njy ýylda taslamalaryň üçüsi herekete getirildi. Şolara laýyklykda Türkmenistanyň lukmançylyk edaralary üçin enjamlar , däri-dermanlar getirildi, lukmanlar taýýarlanyldy , maddy tehniki kömek berildi. BMG-niň ulgamynda YUNFRA maksatnamasynyň Türkmenistanda netijeliligine görä ýokary baha berilýär.”

BMG-niň uly , şeýle hem sebitdäki ýagdaýlaryň häzirki ösüşine edýän täsiri has aýdyň duýulýar. Mälim bolşy ýaly ,

şunuň ýaly ýagdaýlarda köp taraplaýyn bähbitleri göz önünde tutýan toparlaýyn tagallalar we çözgütleriň kabul edilmegi talap edilýär. Türkmenistan diňe bir wagty ýeten iri meseleleri çözmekde däl , eýsem sebitdäki meseleleri topar bolup ara alyp maslahatlaşmakda , daşary syýasatda başlangyşlary öňe sürmekde we durmuşa geçirmekde Milletler Bileleşiginiň we onuň edaralarynyň mümkinçiligini has doly peýdalanmakda BMG-niň ornuny pugtalandyrmak we giňeltmek ugrunda çykyş edýär.

Biz BMG-niň edaralary özara sazlaşykly hereket etmegi umumy we sebitde ykdysady , medeni babatda hyzmatdaşlyk etmekgiň , durmuşyň dürli ugurlarynda halkara maksatnamalaryny durmuşa geçirmekde goňşy ýurtlaryň hökümetleri bilen bilelikde hereket etmegiň möhüm we peýdaly serişdesi hökmünde görýär . bularyň ählisi , gürrüňsiz , sebitde hoşniýetli goňşuçylygy we gatnaşyklary mundan beýläk ösdürmäge ýardam eder. Sonuň üçinem biziň ýurdymyz BMG-niň ýöriteleşdirilen gulluklary bilen ýakyn gatnaşyk saklamagy göz öňünde tutýar we geljekde hem muňa uly üns berer. Mälim bolşy ýaly , olaryň täsiri barha artýar.

Şunuň ýaly maslahatyň bilelikde we deň hukuklarda geçirilemgi döwletleriň bilelikde we deň hukukly esasda hyzmatdaşlyk etmegine esaslanýan Günbataryň we Gündogaryň arasynda ykdysady gatnaşyklaryň täze ulgamyny döretmäge mümkinçilik berer. Onuň esasy maksady söwda etmek, maýa goýum işleri häzirki zaman tehnologiýalaryny ornaşdyrmak üçin has amatly şertleri döretmekden ybarat bolmalydyr. Şonuň bilen birlikde şunuň ýaly halkara maslahatynyň geçirilemgi ösen ýurtlaryň Merkezi we Günorta Aziýa döwletleriniň industrial-senagat we durmuş taýdan ösüşiniň hakyky mümkinçiliklerine baha bermek üçin uly mümkinçilik döreder.

Sebitde howpsyz ösüşiň we hyzmatdaşlyk etmegiň maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň meseleleri barada gürrüň

edeniňde diňe bir sebitiň ýurlarynyň däl, eýsem dünýäniň köp sanly döwletleriniň we iri kompaniýalarynyň bähbitleri bilen baglanyşykly Hazar deňziniň ýangyç-çig mal baýlyklarynyň ýataklaryny özleşdirmek meselesini hem Türkmenistan başdan durmuşa geçirilip gelinýän bitaraplyk daşary syýasat ugruna laýyklykda çözmäge çalyşýar. Mälim bolşy ýaly, Hazaryň nebit we tebigy gaz gorlary ýer ýüzüniň XXI asyrdaky möhüm energiýa çeşmeleri bolup durýar. Olaryň akylly-başly we netijeli özleşdirilmegi, energiýa çeşmelerini dünýä bazarlaryna çykarmak üçin hakyky gaz geçiriji ulgamlaryň köp sanly döwletleriň ykdysady ösüşiniň we olaryň halklarynyň abadançylygynyň ep-esli artmagyna mümkinçilik berer. Bu işde uly döwletara ýangyç geçirijileri boýunça çig maly howpsyz we bökdençsiz geçirmäge kepil geçip bilýän düzgüni döretmäge ukyply Birleşen Milletler Guramasy möhüm orun eýeläp biler. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan müňýyllygyň maslahatynda şu pikiri öňe sürdi we şu mesele boýunça halakar konwensiýasyny işläp aýyarlamagy teklip etdi.

“Hazarda netijeli ykdysady işleri alyp barmak Hazarýaka sebitinde durnuklylygyň üpjün edilmegi bilen gös-göni baglanyşyklydyr. Türkmenistan Hazaryň parahatçylyk, durnuklylyk, deňhukuklylyk we özara hormat goýmak esasynda durnukly halkara hyzmatdaşlygynyň meýdanyna öwrülmegi ugrunda çykyş edýär.”.

BMG-niň agzalary bolan döwletleriň öňünde durýan meseleleriň köp taraplydygy we çylşyrymlydygy aýdyňdyr. Olar diňe bir toparlaýyn tagallalaryň esasynda däl-de, eýsem her bir ýurduň – dünýä jemgyýetçiliginiň agzasynyň öz ornuna we jogapkärçiligine hökmany suratda düşünmegi bilen çözülip bilner. Türkmenistan hut şunuň ýaly syýasy ýörelgä uýýar. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan parahatçylygy, ykdysady-durmuş we medeni ösüşi pugtalandyrmagy öz öňünde maksat edip goýyar. Biziň ýurdumyz arkalaşykly hyzmatdaşlyk etmäge hemişe taýyardyr. Öz gezeginde Birleşen Milletler Guramasy

Türkmenistana uly ynam bildirýär. BMG-nyň Baş sekretary K.Annanyň Oktýabr aýynda Türkmenistana sapary hem muňa aýdyň şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň BMG bilen netijeli hyzmatdaşlygy giňeltmek ugrunda yzygiderli alada edýändigine 2004-nji ýylyň Fewralaýynyň 28-nde Türkmeistanyň paýtagtynda Türkmenistanyň Hökümýeti bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Aşgabatdaky edaralarynyň arasynda 2005-2009-njy ýyllarda ösüşe ýardam bermek boýunça BMG-niň Çarçuwaly Maksatnamasyna (ÝUNDAF) gol çekmek dabarasynyň bolandygy hem aýdyň şaýatlyk edýär.

BMG-niň ýerlerdäki iri guramalarynyň – BMGÖM –niň (BMG-niň Ösüş Maksatnamasy) , BMG-niň ilat gaznasynyň, ÝUNISEF-iň (BMG-niň ýanyndaky Çagalara adatdan daşary kömek gaznasynyň) , BMG-niň UWKB-niň (BMG-niň Bosgunlaryň işi baradaky Ýokary komissarynyň müdirliginiň) ýolbaşçylarynyň, şeýle hem olaryň hyzmatdaşlarynyň – bu wajyp ähmiýetli resminamany taýýarlamaga işjeň gatnaşan ýurdumyzyň birnäçe ministrlikleriniň , edaralarynyň we jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleriniň gatnaşmagynda geçirilýän dabarada BMG-niň Hemişelik ugrukdyryjysy, BMGÖM-niň Türkmenistandaky Hemişelik wekili jenap Haled Filbi çykyş edip, bäş ýyla niýetlenen bu täze resminama gol çekilmegi ikitaraplaýyn netijeli hyzmatdaşlygyň täze tapgyrynyň başlangyjy boldy diýip belledi.

Jenap Filbi Türkmenistanyň netijeli, parahatçylyk söýüjilikli syýasatynyň halakara derejesinde giňden ykrar edilendigini aýtmak bilen , türkmen döwletiniň yzygiderli ösüşini gazanmaga gönükdirilen bu wajyp ähmiýetli resminama ýurduň Hökümetiniň BMG-niň guramalary we ýöriteleşdirilen edaralary bilen ysnyşykly we netijeli hyzmatdaşlyk edilmegi netijesinde kabul edildi diýip belledi.

ÝUNDAF ykdysady we durmuş syýasatynyň ugurlary , durmuş hyzmatlary we tebigaty goramak boýunça

hyzmatdaşlyk etmegiň ileri tutulýan ugurlaryny bütewiligine görkezýän yzygiderli maksatnama bolup durýar. Müňýyllykdaky Ösüş babatda BMG tarapyndan bellenilen maksatlaryň çäklerinde uly möçberli wezipeleriň çözülmegine gönükdirilen bu resminama Türkmenistanyň ilkinji nobada “Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli maksatnamasynda görkezilen milli bähbitleri we ileri tutulýan ugurlary bilen dolulygyna gabat gelýär.Bu ýagdaý umumy wezipeleri çözmekde üstünlikli hyzmatdaşlyk etmegiň girewi bolup durýar.

Täze maksatnamanyň çäklerinde BMG-niň düzümine girýän bölümler Türkmenistanyň döwlet we jemgyýetçilik guramalary bilen bilelikde 2005-2009-njy ýyllarda etjek işleriniň maksatnamalaryny işläp düzerler. Ilkinji nobatda saglygy goraýyş , ykdysady we durmuş syýasaty, tebigaty goramak baradaky meseleler geljekki döwür üçin niýetlenen maksatnamalarda ileri tutulýan ugurlar hökmünde görkezildi.

Duşuşygyň barşynda BMG-niň Türkmenistandaky edaralarynyň ýolbaşçylary, hususan-da, Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň doly ygtyýarly agzasy bolup, dünýäniň ähli döwletleri we halkara guramalary bilen özara peýdaly gatnaşyklary giňeltmäge , parahatçylygy we halakara howpsuzlygyny berkitmäge ýardam etmäge taýýardygyny iş ýüzünde görkezmek arkaly öz borçnamalaryna ygrarlydygyny doly subut etdi diýip bellediler. Türkmenistan bilen bu iri halkara guramasynyň arasynda ýola goýlan hyzmatdaşlygyň çäklerinde özara peýdaly taslamalar, şol sanda degerli tehniki kömek we maslahat bermek baradaky işler üstünlikli amala aşyryldy. Şunuň bilen baglanyşyklylykda, olar Türkmenistanda durmuş-ykdysady ösüş boýunça has derwaýy wezipeleriň çözülmegine gönükdürilen maksatnamalary we özgertmeleri amala aşyrmaga mundan beýläk-de degerli goldaw bermäge taýýardygyny aýtdylar.

Türkmenistanyň iri we abraýly halkara guramasy bilen geljekde-de arkalaşykly hyzmatdaşlygynyň esasy resminamasy hökmünde görülýän täze bäşýylyk maksatnama Garaşsyz, Baky Bitarap Türkmenistanyň ösüşine degerli ýardam bermek baradaky maksada gönükdiriler iri möçberli özgertmeleriň ählisiniň üstünlikli amala aşyrylmagyny güýçli itergi berer.

BMG-niň Bosgunlaryň işi baradaky Ýokary komissarynyň müdirligi türkmen hökümýetiniň goldamagy netijesinde Türkmenistanda 1995-nji ýylda işläp başlady. Türkmenistan BMG-niň bosgunlaryň işi baradaky ylalaşygyna goşulyp hem-de bosgunlaryň goraglylygyny hukuk taýdan üpjün edip, öz üstüne alan ynsanperwerlik borçnamalaryna ygrarlydygyny görkezdi.

2005-2009-njy ýyllarda ösüşe ýardam bermek boýunça BMG-niň Çarçuwaly maksatnamasyny düzmäge gatnaşan BMG-niň beýleki guramalary bilen birlikde Bosgunlaryň işi baradaky Ýokary komissaryň müdirligi türkmen tarapy bilen ýola goýlan hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de berkitmäge umyt edýär."

Mahbub Şarif – ÝUNISEF-iň Türkmenistandaky wekilhanasynyň ýolbaşçysy: "2005-2009-njy ýyllar üçin ÝUNDAF-yň maksatnamasynda bellenen ugurlara laýyklykda ÝUNISEF Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygyň bilelikdäki maksatnamasyny taýýarlamaga girişär.

Pursatdan peýdalanyp, onuň Alyhezreti Türkmenistanyň Prezidentine türkmenistanlylaryň durmuş ýagdaýyny ýokarlandyrmaga gönükdirilen tagallalary, şeýle hem ösüp gelýän ýaş nesli terbiýelemek, enäniň we çaganyň meseleleri ýaly, mühüm ugurlara berýän yzygiderli ünsi üçin öz guramamyzyň adyndan çäksiz minnetdarlyk bildirmek isleýärin.

Soňky bäş ýylda biz köp işleri durmuşa geçirdik. Biz Türkmeistanyň birnäçe ministrlikleri we döwlet guramalary bilen ýola goýlan hyzmatdaşlygyň derejesinden örän

kanagatlanýarys hem-de şol gatnaşyklary mundan beýläk –de ösdürmäge we giňeltmäge tüýs ýürekden umyt edýäris.”

Nesim Tumkaýa- BMG-niň ilat gaznasynyň Merkezi Aziýanyň ýurtlary boýunça maksatnamasynyň direktory: “ BMG-niň ilat gaznasynyň maksatnamasynyň adyndan biziň sebitdäki wekilhanamyzyň Türkmenistanyň hökümeti, siziň ýurduňyzyň ministrlikleri, edaralary we jemgyýetçilik guramalary bilen mundan beýläk-de hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygyny tassyklamak isleýärin. BMG-niň ilat gaznasynyň işi eneleriň saglygy babatda meseleleri çözmäge hem-de maglumatlar hasabatyny we seljerme mümkinçilikleriniň ulgamyny ösdürmek arkaly ykdysadyýeti berkitmäge gönükdirilendir. Biz bu ýerde köp wagtdan bäri işleýäris hem-de täze maksatnamanyň biziň alyp barýan işimiziň üstünlikli bolmagyna ýardam berjekdigine umyt edýäris.

BMG özboluşly gurama bolup durýar. Ol ähli milletlere wekilçilik etmek bilen syýasatdan ýokarda durýar hem-de toplanan tejribäni peýdalanyp, ýurtlaryň ösmegine ýardam etmäge ymtylýar. Siziň ýurduňyzyň bitaraplyk we goşulyşmazlyk syýasatyna ygrarly biziň Türkmenistanda alyp barýan işimiziň üstünlikli bolmagynyň möhüm ýagdaýy bolup durýar.

YUNDAF BMG-niň edaralaryna utgaşykly işlemäge mümkinçilik döreder, bu bolsa Türkmenistanyň hökümeti hem-de degişli guramalary bilen hyzmatdaşlyk etmekde oňat netijeleri gazanmaga kömek eder diýip sözümiň ahyrynda bellemek isleýärin.”.

Şeýle-de Birleşen Milletler Guramasy bilen Garaşsyz Türkmenistanyň arasyndaky gatnaşyklarynyň iň ähmiýetli hem täsirli wakalarynyň özi –de diňe Türkmenistanyň taryhynda ilkinji hem ýeke-täk bolman, eýsem Birleşen Milletler Guramasynyň taryhynda-da ilkinji hem ýeke-täk waka bolup taryha giren eziz Watanymyzyň Birleşen Milletler Guramasy

tarapyndan Bitarap döwlet diýip ykrar edilişi hakynda-da giňişleýin beýan edilýar.

Ynha, diňe bir şu jähtdenem Türkmenistana Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlyk etmegiň nähili ähmiýetiniň bardygyny göz öňüne getirip bolardy.

Şular bilen birlikde şeýle ýokary derejede hemme taraplaýyn goldaw alan Türkmenistanyň ýaraşdyrmak babatda özüniň ägirt uly mümkinçiliklerini görkezip, özüniň Bitaraplyk derejesiniň täsirliligini, netijeliligini we hakykata esaslanýandygyny hem-de öz üstüne boýnuna alan borçnamalaryna gyşrnyksyz eýerändigini iş ýüzünde subut edendigi beýan edilýär.

Munda 1996-njy ýylda Aşgabat şäherinde BMG-niň howandarlyk etmeginde, Täjigistanda raýatlaryň arasyndaky jedelleri çözmek boýunça gös-göni gepleşikleriň iki tapgyrynyň, biri –birine garşy durýan owgan toparlarynyň wekilleriniň ilkinji gezek gepleşikleriniň Aşgabatda geçirilendigi, munuň özüniň sebitde ýagdaýy kadalaşdyrmak boýunça halkara bileleşiginiň umumy tagallalaryna goşulan saldamly goşant bolandygy hakynda aýdylýar. Şeýle-de Türkmenistanyň synçy hökmünde soňra Tähran şäherinde (1997—nji ýylyň Aprel, Maý aýlarynda) , Bişkek şäherinde (1997-nji ýylyň Maý aýynda ), Moskwa şäherinde (1997—nji ýylyň Iýun aýynda) geçirilen gepleşiklere-de gatnaşandygy aýdylýar.

Şular bilen birlikde bu bölümde Türkmenistanýň Birleşen Milletler Guramasynyň ÝUNISEF, ÝUNESKO , YUNEP, ESKATO, PROON, YUNFI, MOT, WOZ, IKAO we başga-da guramalar bilen dünýäniň hem Türkmeistanyň jana-jan bähbitlerine doly laýyk gelýan meseleleri agzybir çözüp gelýandigi, şu ugurda Türkmenistanyň 40-danam gowrak halkara şertnamalaryna, ylalaşyklaryna şärikli – dahyllylygynyň gaty köp zatdan habar berýandigi, şol resminamalarda ozaly bilen, Türkmenistanyň il-ýurt bähbitli

tutumlarynyň öňe tutulýandygyny hasaba alsaň, onda onuň ähmiýetiniň kiçi gerim zat däldigi hakynda-da durlup geçilýär.

Garaşsyz Türkmenistan 1992-nji ýylda Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (YHG) agzalygyna kabul edildi. Päkistan, Eýran we Türkiýe 60-njy ýyllaryň ortasynda bu guramany döredipdi. Emme aýry-aýry sebäplere görä onuň işi wagtlaýynça togtadyldy. 80-nji ýyllarda bu gurama ýene öz işini janlandyryp başlady. 1992-nji ýylda bu gurama täze dörän Garaşsyz döwletleriň 7 sanysynyň – Türkmenistanyň, Täjigistanyň, Gazagystanyň, Özbegistanyň, Gyrgyzystanyň, Azerbeýjanyň we Owganystanyň goşulmagy wajyp waka boldy. 1992-nji ýylyň Maý aỳynda Aşgabatda bu guramanyň döwlet baştutanlarynyň duşuşygy bolup geçdi.

Aşgabat YHG-nyň çäklerinde regional hyzmatdaşlygyň strategik meselelerini çözmegiň ýeri hökmünde seçilip alyndy. ol şertleriň güwänamasydyr. 1995-nji ýylyň Ýanwar aỳynda Türkmenistanyň paýtagty YHG goşulan döwletleriň arasynda ilkinji bolup ýokary karar çykaryjy organyň-YHG-nyň Ministrler Sowetiniň mejlisini gurady. Ol döwlet baştutanlarynyň duşuşygynyň öň ýanyndaky duşuşykdyr.YHG-sy döwletleriniň 10-synyň daşary syýasat wedomstwolarynyň ýolbaşçylary Türkmenistanyň paýtagtynda ilaty 300mln adamdan gowrak regionda hyzmatdaşlyk etmegiň taslamalaryny ara alyp maslahatlaşdylar.

Regional hyzmatdaşlygy ösdürmek barada Aşgabatda işlenilen we taýýarlanylan dokumentler 1995-nji ýylyň mart aỳynda YHG-nyň Yslamabatda bolan duşuşygyna berildi.

Şol ýerde döwlet baştutanlarynyň 3-nji duşuşygynda indiki 4-nji duşuşygy Türkmenistanyň paýtagtynda geçirmek karar edildi. 1996-njy ýylyň Magtymgyly aỳynyň 13-ne Türkmenistanyň we Eýranyň territoriýalarynda Tejen-Sarahs-Maşat demir ýolunyň açylyşy boldy. Bu dabara YHG-nyň agzalary bolan döwletleriň 10-synyň Prezidentleri şeýle hem Ermenistanyň we Gruziýanyň Prezidentleri gatnaşdylar.

Bulardan başga-da, demir ýoluň açylyşyna Pars aýlagynyň ýakasyndaky ýurtlara we GDA-nyň Orta Aziýa regionyna çenli türkmen-eýran tranzitiniň başlanmagyna gyzyklanýan dünýäniň döwletleriniň 55-millionynyň wekilçilikli delegasiýalary geldiler.

Täze Tejen-Sarahs-Maşat demir ýolunyň umumy uzynlygy 320 km-dir, şol ýol boýunça her ýyl ýolagçylaryň 500 müňe çenlisi gatnadylar we 1 mln tonna ýük daşalar. Ýoluň 130 km uzynlykda türkmen uçastogyny çekmek we abadanlaşdyrmak üçin 104 mln dollar harçlanyldy.

Häzirki wagtda YHG-da birnäçe tehniki we ýöriteleşdirilen kompýuterler hereket edýär. Olar ykdysady-söwda hyzmatdaşlygy, oba hojalygy, tehnika hem senagat, ýük daşamak hem aragatnaşyk, energetika, ylym, bilim hem medeni gatnaşyklar, ekologiýa, neşekeşlige garşy göreş baradaky hyzmatdaşlyk komitetleridir. Yslamabatda geçen maslahatdan soň geçen bir ýylyň içinde ýurtlaryň söwda dolanyşygy 10 % artdy.

4-nji duşuşygyň dowamynda 3 döwletiň – Türkmenistanyň, Gazagystanyň, Eýranyň Prezidentleri Ýeraliýewa (Gazagystan)-Türkmenbaşy (Türkmenistan)-Türkmenbender (Eýran) demir ýolunyň gurluşygynda özara düşünişmek hakyndaky Memoranduma gol çekdiler.

Türkmenistanyň, Owganystanyň, Päkistanyň, Özbegistanyň hökümetleriniň arasynda energiýa berijileri transportirlemek baradaky taslamalar barada özara düşünişmek hakyndaky Memoranduma gol çekmek barada hem karar kabul edildi. Türkmenistanyň, Owganystanyň, Päkistanyň hökümetleriniň arasynda nebit geçiriji trubany çekmek barada özara düşünişmek baradaky Memoranduma ( latynça "memorandum"-näme barada ýatlamaly bolsaň şol) –adatça nota garanda ähmiýeti azrak bolan diplomatik hat ýazyşyk formalarynyň biridir.) gol çekilmegi bilen bir hatarda, Türkmenistanyň we Päkistanyň Prezidentleriniň halkara

awtomobil gatnawy baradaky Ylalaşyga gol çekmekleri möhüm hadysa boldy. Duşuşygyň netijesinde Prezidentler jemleýji dokumente- Aşgabat Jarnamasyna gol çekdiler, olar onda guramanyň maksatlaryna we wezipelerine eýerýändiklerini aýtdylar, şeýlehem bilelikdäki işiň örän möhüm ugurlaryny berkitdiler.

1997-nji ýylyň Magtymgyly aỳynda Aşgabatda YHG-nyň döwlet baştutanlarynyň 5-nji duşuşygy geçirildi. Bu duşuşyk hem örän üstünlikli boldy.

Bu gurama 1972-nji ýylyň Fewral-Mart aýlarynda Jiddada (Saud Arabystany) musulman döwletleriniň daşary işler ministrleriniň 3-nji konferensiýasynda ýörite döredildi. Oňa Aziýanyň we Afrikanyň 45 sany musulman döwletleri, şeýle hem Polestinany azat ediş guramasy girýär.

Garaşsyz Türkmenistan 1992-nji ýylda Ýewropada Howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk baradaky guramanyň (EHHG) düzümine girdi. Bu guramanyň hatarynda dünýäniň 50-den gowrak döwleti bar.

Türkmenistan öz daşary syýasatynda Dünýä banky we walýuta fondy (1944-nji yylda esaslandyrylan) halkara kredit edarasydyr. Ol 1947-nji ýylyň Mart aỳynyň 1-den bäri hereket edýär. 148 döwlet(1987ý) onuň çlenidir. Ştab -kwartirasy Waşingtonda ýerleşýär, Türkmenistan onuň bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edýär. Bu wajyp guramalar ikinji jahan urşunyň aýaklarynda döredilip, olaryň işi halklaryň ykdysady ösüşinde walýuta kömegini bermek bilen baglydyr. Şu ugurda işleýän, Türkmenistanyň gatnaşyk saklaýan halkara guramalarynyň biri hem Rekonstruksiýa we ösüş boýunça Ýewropa bankydyr. Biziň döwletimiz ýokarda ady tutulan halkara walýuta guramalary bilen hem ýakyndan aragatnaşyk saklar, olaryň beren kömegini ýurduň sosial-ykdysady ösüşinde ulanýar.

1995-nji ýylyň Oktýabr aỳynyň 18-ne Türkmenistan Goşulyşmazlyk Hereketi atly dünýä birleşiginiň doly hukuklu agzalygyna kabul edildi.

Türkmenistan GDA-nyň döwletleriniň arasynda bu guramanyň hataryna kabul edilen ilkinji ýurtdyr. Bu halkara gurama gatnaşýan 113 döwletiň wekilleri Goşulyşmazlyk Hereketiniň 114-nji agzasy bolan garaşsyz Türkmenistany gutlap, oňa halkara üstünliklerini arzuw etdiler.

Bu hereketiň başlangyjy Hindistan döwletiniň milli lideri bolan J. Nerunyň ady bilen baglydyr. 1961-nji ýylyň Sentýabr aỳynda Ýugoslawiýanyň paýtagty Belgaradda bu herekete goşulýan döwletleriň 23-niň konferensiýasy bolup, onda guramaçylyk meseleleri çözüldi. Bu gurama dünýä halklarynyň ykbalynda kolonializme garşy göreşmekde, olaryň özbaşdaklyk gazanmaklarynda uly rol oýnady we oýnaýar.

Türkmenistan GDA-nyň agzasydyr. Türkmenistanyň halkara arabaglanyşygynyň strategiki programmasynda Russiýa Federasiýasy bilen gatnaşyklara aýratyn orun berilýär.

Öz daşary syýasatynda biziň ýurdumyz ykdysady garaşsyzlygyny berkitmekligi we halkara ykdysady integrasiýasyna girmekligi göz öňünde tutýar. Arabaglanyşyklaryň esasy ugurlary nebit-gaz senagaty, transport, Kaspi deňziniň baýlyklaryny köptaraplaýyn ulanmak, gumanitar aspektler we beýlekilerdir. Meselem, 1992-nji ýylda Türkmenistan Russiýa Federasiýasy bilen dostluk we hyzmatdaşlyk (1992-nji ýylyň Aprel aỳynyň 8-i) barada şertnama, SSSR dargandan soň döwletara algy-bergiler barada şertnama (1992-nji ýylyň Iýul aỳynyň 31-i), Türkmenistanyň çäklerinde Russiýanyň goşunlarynyň wagtlaýyn ýerleşişi we olaryň ýerli häkimiýetleri bilen we täze döreýän Milli Türkmen goşuny bilen arabaglanyşygy hakynda şertnamalar baglaşyldy.

Russiýa Federasiýasy bilen Türkmenistanyň arasyndaky 1992-nji ýylyň Noýabr aỳynyň 11-ne baglaşylan “Nebit we gaz ugrunda hyzmatdaşlyk” baradaky şertnamanyň esasynda 1994-nji ýylyň Aprel aỳynyň 15-ne “Ýangyç-energetika kompleksini ösdürmek baradaky ylalaşyga gol çekildi.

Bu ugurdaky hyzmatdaşlyklaryň netijesinde 1995-nji ýylyň Maý aýynyň 18-ne "Türkmen Gosgaz" bilelikdäki aksioner jemgyýeti döredildi, soň ol ýatyryldy. Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasynda alnyp barylýan syýasatyň ikibasdan wajyp ugrunyň biri gumanitar gatnaşyklardyr. Bu mesele esasan SSSR dargandan soň Russiýa Federasiýasynda mydama ýaşaýan türkmenleriň we Türkmenistanda ýaşaýan ruslaryň graždanlyk hukuklary bilen baglydyr. Netijede, 1993-nji ýylyň Ýanwar aýynyň 22-ne ýokarda görkezilen mesele boýunça Türkmenistan bilen Russiýanyň arasynda şertnama baglaşyldy.

1995-nji ýylyň Aprel aýynyň 8-ne Türkmenistan bilen Russiýanyň baglaşan ylalaşygynda Türkmenistanyň milli goşunynda harby gullugy geçýän Russiýanyň graždanlarynyň sosial goraglylygyny kepillendirmek barada gürrüň gidýär. Döwletleriň arasyndaky ykdysady hyzmatdaşlygyň ikitaraplaýyn ugurlarynyň biri Kaspi deňziniň tebigy baýlyklaryny ulanmakdan ybaratdyr. Bu regiondaky syýasaty Kaspi deňziniň parahatçylyk zonasy bolup hyzmat etmegi, deňizde harby aktiwligiň bolmazlygy we onuň tebigy baýlyklaryny köpeltmek bilen baglydyr. 1995-nji ýylyň Awgust aýynda Türkmenistan bilen Russiýanyň arasynda baglaşylan şertnama Kaspi deňziniň bioresurslaryny saklamaga we ikitaraplaýyn bähbitli ulanmaga gönükdirilendir. Taraplar bu şertnamanyň Kaspi deňziniň regionynda ýerleşen beýleki döwletler üçin hem açykdygyny nygtadylar.

Türkmenistan bilen Eýranyň ykdysady hyzmatdaşlygynda Tejen-Sarahs-Maşat demir ýoly örän uly rol oýnaýar.

Bu iki döwletiň Prezidentleri özara ykdysady hyzmatdşlygy YHG-nyň üsti bilen hem alyp barýarlar. 1995-nji ýylyň ýazynda iki döwletiň ylalaşygyna görä serhet ýakasynyň golaýlarynda açyk söwda zonalary hem döredildi.

Türkmenistan bilen Türkiýäniň dostlukly gatnaaşyklarynyň esasynda diňleriň, dilleriň, taryhy kökleriň

umumylygy durandyr. Bularyň arasyndaky ilkinji şertnama 1990-njy ýylyň Noýabr aỳynyň 7-ne gol çekildi. Iki döwletiň ýolbaşçylary nebit, gaz, himiýa senagaty, gurluşyk, oba hojalyk, saglygy saklaýyş, magaryf we beýleki meseleler boýunça hyzmatdaşlygy göz öňünde tutdular. Bu döwletleriň arasyndaky ilkinji dokument 1991-nji ýylyň Dekabr aỳynyň 3-ne güýje girdi. 1992-nji ýylyň Maý aỳynyň 2-ne gol çekilen ikitaraplaýyn şertnama görä Türkmenistanda inwestisiýalary ulanmak we olaryň goraglylygyny güýçlendirmek göz öňünde tutulýar. Şol aýda gol çekilen beýleki bir şertnama laýyklykda iki döwletiň arasynda howa we awtomobil gatnaşyklary ýola goýulýar.1992-nji ýylyň Maý aýynda döwletler ikitaraplayyn uly we kiçi biznesi ösdürmekligi hem-de gelejekde Türkiýäniň üşti bilen tebigy gazy Ýewropa ýurtlaryna geçirmekligi göz öňünde tutýan ylalaşygy gazandylar.

Türkiýe Türkmenistana magaryf meselesinde hem giňişleýin kömek berýär. Türkmenistandan giden 1000-çe ýaşlar doganlyk döwletde bilim alyp gelip, dürli hünärleri özleşdirýärler. Türkmen ýaşlary häzirem Türkiýäniň ýokary okuw jaýlarynda okaýarlar. Häzir Türkmenistanyň dürli şäherlerinde türkmen-türk mekdepleri we Aşgabatda Türkmen-türk halkara uniwersiteti işleýär.

Türkmenistandaky türk gurluşykçylary uly öwgä mynasypdyrlar. Bu ýurduň firmalary biziň ýurdumyzda birnäçe binalary gurdular. Olaryň arasynda köp sanly myhmanhanalar, egirme dokma fabrikleri, Aşgabadyň teke bazary, onuň ýanyndaky Ulaglar merkezi, Sarahsyň demir ýol wokzaly, Aşgabadyň Halkara aeroportynyň ymaraty we beýlekiler bar. 1994-nji ýylyň Iýun aỳynda iki döwletiň arasynda kabul edilen Memoranduma görä Prezidentler Ýewraziýada, şol sanda Orta Aziýada durnuklylygy we howpsuzlygy saklamak we ýüze çykýan jedelli meseleleri parahatçylykly ýol bilen çözmegi özlerine maksat edinýärler.

Türkmenistan bilen Hytaý ikitaraplaýyn peýdaly hyzmatdaşlygyň tarapdarydyklaryny, döwlet araçäkleriniň eldegirilmesizdigini, içerki işlerine gatyşmasyzdygyny bellediler. 1992-nji ýylda gol çekilen şertnamalara laýyklykda söwda-ykdysady gatnaşyklary, howa gatnawy barada wizasyz komandirowka gatnawlary we beýlekiler ýaýbaňlanyp başlady. Geçen döwrüň içinde Hytaý biziň döwletimize peýdaly kredit goýumlaryny etdi. Gatnaşyklaryň möhüm ugurlarynyň biri saglygy saklýyş, magaryf, ylym we medeniýet bilen baglydyr. Geljekde Türkmenistan öz tebigy gazynyň belli bir mukdaryny Hytaýa satmagy göz öňünde tutýar.

Garaşsyz Türkmenistanyň halkara gatnaşyklarynyn täze taryhynda wajyp rol oýnan ABŞ bilen diplomatiki gatnaşyklaryň ýola goýulmagydyr. 1992-nji ýylyň Oktýabr aỳynyň bäri Aşgabatda bu döwletiň ilçihanasy işläp gelýär. Türkmenistanyň ykdysadyýetinde Amerikanyň firmalary aktiw rol oýnaýarlar. Meselem, 1993-nji ýylyň Oktýabr aỳynda Türkmenistanyň hökümeti bilen "Boing" kompaniýasynyň arasynda gol çekilen Memoranduma laýyklykda, kompaniýa biziň ýurdumyza birnäçe"Boing" kysymly samolýotlary satmaklygy, olaryň tehniki taýdan hyzmatyny we kadr taýýarlamagy öz üstüne aldy.

Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrliginiň Amerikanyň "Baraş Enterpraýzis korporeýşn" kompaniýasy bilen 1993-nji ýylyň Maý aỳynda gol çeken ylalaşygyna görä Amerikanyň tehnologiýalary we inwestisiýalary Türkmenistanyň ykdysadyýetine gönükdirilýär.

Garaşsyz Türkmenistanyň çäklerinde Argentinanyň, Angliýanyň. Germaniýanyň, Ysraýylyň we beýleki ýurtlaryň köp sanly kompaniýalary peýdaly işleri alyp barýarlar. Nyýazow garaşsyzlyk ýyllarynda dünýäniň onlarça döwletlerinde resmi saparda boldy. Olaryň içinde goňşy döwletler Eýran, Türkiýe, Russiýa bolsa, gündogarda

Hindistan, Indoneziýa, Malaýziýa, Hytaý, günbatarda Saud Arabystany, Fransiýa, ABŞ we beýleki ýurtlar bar.

Harby-syýasy ugurda Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk derejesi şu borçnamalarda öz beýanyny tapýar:

- parahatçylyk söýüji daşary syýasat ýöretmek, beýleki döwletler bilen öz gatnaşyklaryny deňhukuklylyk, birekbirege sarpa goýmak we beýleki döwletleriň içerki işlerine gatyşmazlyk ýörelgeleri esasynda gurmak;
- harby birleşmelere we bileleşiklere, çäklendiriji borçnamalary ileri sürýän ýa-da gatnaşyjylaryň köpçülikleýin jogapkärçiligini göz öňünde tutýan döwletara birleşiklerine gatnaşmazlyk;
- uruşlary we harby dawalara başlamazlyk, öz-özüňi goramak hukugyny durmuşa geçirmekden başga halatlara olara gatnaşmazlyk, şeýle netijelere eltip biljek syýasy, diplomatik ýa-da beýleki hereketleri etmezlik;
- öz ýerlerinde daşary ýurt harby menzilleriniň döredilmegine we olaryň beýleki döwletler tarapyndan harby maksatlar üçin ulanylmagyna ýol bermezlik;
- ýadro, himiýa, bakteriologik ýaraga we köpçülikleýin gyryş ýaragynyň beýleki görnüşlerine eye bolmazlyk, olary öndürmezlik we ýaýratmazlyk.

Türkmenistan garaşsyz ösüşiniň ilkinji günlerinden başlap, özüniň hemişelik bitarap döwlet hökmünde halkara-hukuk derejesi resmi taýdan ykrar edilen we berkidilen mahaly bolan häzirki wagtda bolsa aýratyn-da, ýokarda görkezilen borçnamalara pugta eýerýärdi we eýerýär.

Birinji punktda görkezilen ýagdaýlar Türkmenistanyň daşary syýasat babatdaky takyk ugurlaryny kesgitleýär we aslynda daşarky dünýä bilen özara gatnaşyklarda onuň konstitusion ýörelgeleri bolup durýar.

Hakykatdan-da, tejribäniň görkezişi ýaly, garaşsyzlygyň ýyllarynda Türkmenistan dünýä bileleşiginiň ähli ýurtlary bilen deň we endigan gatnaşyklary üpjün edýän şertleri gazandy, olar

bilen syýasy, ykdysady, medeni we beýleki ugurlarda deňhukukly gatnaşyklary ýola goýýar.BMG-nyň Türkmenistanyň bitarplygyny ykrar eden gününden soň geçen üç ýyl şeýle hukuk derejesiniň sebitiň, goňşy döwletleriň bähbitlerine laýyk gelýändigini ynandyryjylykly tassyklady, sebäbi ol şu ýerde birek-birege peýdaly hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin, ýagdaýy durnuklaşdyrmak, birek-birege sarpa goýmak we ynanyşmak ýagdaýyny döretmek üçin giň mümkinçilikler döredýär.

Hemişelik bitaraplygyň esasy ähmiýeti Türkmenistanyň ýöredýän parahatçylyk söýji syýasatynda we döwletiň sebitde parahatçylyk söýüji syýasatynda we döwletiň sebitde parahatçylykly gepleşikleri geçirmegi üpjün etmek wezipesini öz üstüne almagynda öz beýanyny tapýar.Mysal üçin, BMG-nyň täjigara we owganara gepleşikleriniň üznüksiz tapgyrynyň geçirilýän ýeri bolmaga Türkmenistana resmi taýdan ygtyýar berendigi tötän zat däldir. 1997-ýylyň Ýanwar aýynda Aşgabatda Owganystana ynsanperwerlik kömegini bermek boýunça halkara maslahaty geçirildi.Diňe soňky ýyllaryň dowamynda Türkmenistanda Merkezi Aziýada durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň ýeri meselelerine, sebitiň dünýä ykdysadyýetine goşulyşmagynyň meselelerine, pyýada goşunlara garşy minalary ähli ýerde gadagan etmegiň meselelerine we beýleki meselelere bagyşlanaň uly halkara konferensiýalarynyň tutuş ençemesi geçirildi.

Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleri we beýleki birleşmeleri Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, kanularyna we beýleki kadalaşdyryjy namalaryna laýyklykda hem-de diňe Türkmenistana garşy halatda onuň özygtyýarlylygyny we ýerlerini bitewiligini, beýleki jana-jan möhüm bähbitlerini goramak maksady bilen, şeýle hem Türkmenistanyň döwlet serhedinde ýa-da onuň çäklerinde onuň jana-jan möhüm bähbitlerine howp döredýän ýaragly dawalaryň hukuk tertibine garşy islendik ýaragly zorlugyň soňuna çykmak üçin

ulanylýar.Mundan başga-da, harby doktrinanyň düzgünlerinde Türkmenistanyň "Dünýä bileleşiginiň uruşlaryň we ýaragly dawalaryň öňuni almak we olara ýolbermezlik boýunça tagallaryna ýardam etmek" hakyndaky möhüm borçnamasy bar.

Türkmenistan ýadro ýaragsyz döwlet bolmak bilen, öz Ýaragly Güýçleriniň köpçülükleýin gyryş ýaragy bilen enjamlaşdyrylmagyna ýol bermezlik boýunça borçnama kabul etdi.Türkmenistanyň tutuş syýasaty şu babatda köpçülikleýin gyryş ýaragyny gadagan etmek hakyndaky halkara şertnamalarynyň doly möçberde durmuşa geçirilmegine ýardam etmekden, onuň täze görnüşleriniň döredilmeginiň, şeýle hem onuň döredilmegine ýardam edýän serişdeleriň, materiallaryň we tehnologiýalaryň işlenilip taýýarlanylmagyny, öndürilmegini, toplanylmagyny, edinilmegini, saklanylmagyny ýa-da ýaýradylmagyny gadagan etmek hakyndaky halkara şertnamalarynyň doly möçberde durmuşa geçirilmegine ýardam etmekden ybaratdyr.

Şu babatda Türkmenistan şulara goşuldy we gatnaşyjysy bolup durýar:

- 1968-ýyldaky Ýadro ýaragyny ýaratmazlyk hakyndaky Şertnama;
- 1972-ýyldaky Bakteriologik (biologik) we toksiki ýaragy işläp taýýarlamagy, öndürmegi we toplamagy gadagan etmek hakyndaky hem-de olary ýok etmek hakyndaky BMG-nyň Konwensiýasy;
- 1993-ýyldaky himiýa ýaragyny gaýtadan işlemegi, öndürmegi, toplamagy we ulanmagy gadagan etmek hem-de oňy ýok etmek hakyndaky Konwensiýa;
- 1977-ýyldaky Pyýada goşunlara garşy ulanylýan minalary ulanmagy; olaryň gorlaryny toplamagy, olary öndürmegi we bermegi gadagan etmek hem-de ýok etmek hakyndaky Konwensiýa;
- Ýadro synglaryny ählumumy derejede gadagan etmek

hakyndaky şertnama.

Elbetde, Türkmenistanyň ýokarda görkezilen borçnamalaryny jikje-jik doly diýip hasap edip bolmaz, olaryň düzgünnamalaryň ene tutuş ençemesi bilen üsti ýetirilip bilner.Hususan-da, Türkmenistan daşary ýurt döwletine garşy ýykgynçylyk işini alyp barýan adamlary gizlemeli däl, öz çäklerinde daşary ýurt döwletine we onuň halkyna ýigrenç we duşmançylyk döretmegi maksat edinýän wagyz-nesihat işine ýol bermeli däl.Türkmenistan hemişelik bitarap döwlet hökmünde beyleki ýurda urşa gatnaşmak ýa-da şol ýerde bolup geçýän içerki syýasy wakalara gatnaşmak üçin daşary ýurt döwletleriniň barýan goşunlaryny öz ýerleriniň üstünden parahatçylyk döwründe hem, harby döwürde hem geçirmäge hakly däldir.Türkmenistanyň ýerleri şonuň ýaly toplumlary, terrorçylyk toparlaryny we beýlekileri guramak, toplamak hem-de daşary ýurda ibermek üçin binýat bolup hyzmat edip bilmez.

Öz nobatynda BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 1995-ýylyň Dekabr aýynda 12 kararnamasyny goldan dünýä bileleşiginiň döwletleri Türkmenistan barada güýji ýa-da güýç ulanmak howpuny ulanylmagyna, şeýle hem Türkmenistana zyýan ýetirip biljek beýleki çärelere ýüz urmazlyga, onuň içerki işlerine göni ýa-da keseden gatyşmagyň islendik görnüşinden saklanmaga, Türkmenistana kömegi syýasy häsiýetli şertler bilen utgaşdyrmazlyga, Türkmenistany bitaraplyk bilen bir ýere sygyşmaýan hiç hili harby birleşiklere çekmezlige, Türkmenistanyň haýsydyr bir birleşik ýa-da harby birleşme tarapyndan goragy ykrar etmezlik islegine sarpa goýmaga; Türkmenistana daşary ýurt goşunlaryny ýa-da harby işgärleri getirmezlige hem-de onuň ýerlerinde daşary ýurtlaryň harby binýatlaryny ýa-da harby birikmelerini döretmezlige borçludyr.

Merkezi Aziýa sebitinde ylalaşdyryjy merkez hökmünde öz mümkinçiliklerini giňden we netijeli peýdalanmak bilen Türkmenistan NATO-nyň “Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk” Maksatnamasyna gatnaşmak

mümkinçiligini hem peýdalanýar.

1994-ýylyň Maý aýynda Türkmenistan NATO-nyň “Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk” diýen meşhur maksatnamasyna goşuldy.BMG-nyň Baş Assambleýasy 1996-ýylyň Iýun aýynda 20 meşhur kararnamasyny kabul edeninden soň bolsa Türkmenistanyň Hökǘýemeti “Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk” Maksatnamasynyň çaklerinde özara hereketiň ýörelgeleri hakyndaky Beýannama bilen çykyş etdi, munuň özi wagtynda amala aşyrylan örän möhüm ädim boldy.

Ýurduň hümeti şol Maksatnama gatnaşmaga Merkezi Aziýada we tutuş Ýewropada howpsuzlygy we durnuklylygy ýokarlandyrmagyň peýdaly serişdesi hökmünde garaýar.

Türkmenistanyň Hökümeti “Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk” Maksatnamasynyň çaklerinde özara hereket etmekde öz ýörelgelerini kesgitlemek bilen, oňa gatnaşmagyň hemişelik bitarap döwlet hökmünde Türkmenistanyň halkara ykrar edilen derejesine hem-de degişlikde onuň daşary syýasatynyň esasy ýörelgelerine ters gelmeýänliginden, şeýle hem Türkmenistanyň beýleki döwletler hem halkara guramalary bilen şunuň bilen baglanyşykly halkara borçnamalaryna täsir etmeýanliginden we Türkmenistan daşary syýasat ugruny amala aşyran mahaly onuň özygtyýarlylygyna hiç bir derejede täsir etmeýänliginden ugur aldy.

Türkmenistanyň hökümýetiniň beýannamasynda NATO-nyň Maksatnamasynyň çäklerinde hyzmatdaşlygyň syýasy maksatlary hem-de wezipeleri takyk kesgitlenildi.Olar ozaly bilen:

- Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlygyny gorap saklamak we pugtalandyrmak, halkara gatnaşyklarynyň ulgamynda onuň täsiriniň we ähmiýetiniň artmagy;
- diplomatik gatnaşyklaryň halkara tejribesinde emele gelen ähli serişdeleri peýdalanmak bilen, Türkmenistanyň milli bähbitlerini goramak we durmuşa geçirmek;
- Türkmenistanyň howpsuzlygyny syýasy we diplomatik

serişdeler bilen üpjün etmek;

- ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen deňhukuklylyk we arkalaşmak esasynda birek-birege peýdaly iş bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmek;
- Türkmenistanyň daşary syýasat hereketleriniň halkara hukugyna we BMG-nyň Tertipnamasyna doly laýyk bolmagyny üpjün etmek.

Türkmenistanyň Hökümeti “Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk” Maksatnamasynyň çäklerinde amala aşyrylýan çärelere bilen kesgitleýändigini hem-de biziň döwletimiziň täze halkara derejesine doly laýyk gelýändigini beýan etdi.

Türkmenistanyň Hökümýetiniň Beýannamasynyň düzgünlerini iş ýüzünde durmuşa geçirmek maksady bilen “Parahatçylygyň hatyrasyna hyzmatdaşlyk” Maksatnamasynyň çäklerinde Türkmenistanyň hyzmatdaşlygynyň 1997-1999-ýyllar üçin, soňra bolsa 2000-ýylda çenli Ýörite Maksatnamasy kabul edildi.Olarda Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň, onuň raýatlyk, goranmak we kömekçi gurluşlary bilen NATO-nyň degişli gurluşlarynyň arasynda birek-birege peýdaly iş bähbitli hyzmatdaşlygyň anyk çäreleri göz öňünde tutuldy, olar şulardan ybaratdyr:

- bilelikdäki tälim alyş okuwlaryna synçy hökmünde gatnaşmak;
- Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleri üçin ofiserleri we harby lukmanlary taýýarlamak;
- Ýaragly Güýçleriň býüjetlerini planlaşdyrmagyň we düzmegiň ussularyny öwrenmegiň meseleleri boýunça NATO-nyň kurslaryna gatnaşmak, Ýaragly Güýçlere raýatlyk ýolbaşçylygy we gözegçiligi amala aşyrmak;
- hyzmatdaşlaryň işini utgaşdyrmak üçin yzygiderli duşuşyklara, seminarlara, konferensiýalara gatnasmak;
- demokratik jemgyýetde Ýaragly Güýçleriň orny hakyndaky seminarlara we çekişmelere gatnaşmak hem-de şu babatda maglumatlary alyşmak;

- daş töweregi goramak, aragatnaşyk ulgamlaryny, çastotlary, kompýuter we maglumat ulgamlaryny hem-de enjamlaryny peýdalanmak, şeýle-hem olary dolandyrmak boýunça bilelikdäki taslamalara gatnaşmak.

Şeýlelikde, şu Maksatnamanyň çäklerindäki çärelere Türkmenistanyň gatnaşmagy harby häsiýetli däl. Aslynda raýatlyk we ynsanperwerlik çärelerini amala aşyrmaga gönükdirilendir.

## Tema: Täze Galkynyş we beýik Özgertmeler zamanynda Türkmenistanyň Gündogar ýurtlary bilen diplomatik gatnaşyklary

Indi 18 ýylyñ dowamydyr Türkmenistan watanymyz dünýäniñ köp sanly döwletleri bilen hoşniýetli goñşuçylyk we özara bähbitli gatnaşyklary ýokary derjede amala aşyryp gelýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyñ ýöredýän syýasaty hoşniýetli goñşuçylyk, açyklyk, birek-birege hormat goýmak ýörelgelerine eýermek bilen sebitleýin we global derejedäkihyzmatdaşlyga oñyn täsirini ýetirýär we halklaryñ arasynda ynanyşmak we özara düşünişmek ýagdaýynyñ ýola goýulmagyny şertlendirýän social-ykdysady abadançylygyñ ýer ýüzüniñ ähli künjeklerinde parahatçylygyñ we howpsuzlygyñ pugtalandyrylmagyna ýardam edýär.

Täze Galkynyş we beŷik özgertmeler zamanamyzda dünŷä bileleşiginiň doly hukukly agzasy hökmünde Türkmenistan döwletimiz bütin dünŷäde bolup geçŷän ykdysady, syŷasy we medeni wakalara işjeň we netijeli gatnaşygy yzygiderli amala aşyryp, halkara gatnaşyklar ulgamynda öz mynasyp ornuny eŷeleŷar. Hormatly Prezidentimiz tarapyndan ŷöredilŷän dünŷä bileleşiginiň ösüş maksatnamalaryna goşulyşmak we dünŷä ŷurtlary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmek syŷasaty täze many-

mazmuna eŷe bolŷar. Parahatsöŷüjilik, ynsanperwerlik we adalatlylyk ŷörelgelerine esaslanŷan bu syŷasatyň ŷurdumyzda durnuklylygy üpjün etmeklikde we ykdysady ösüşi gazanmakda aýratyn orny bardyr we onuň üstünlikli durmuşa geçirilmegi Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan döwleti bilen aragatnaşyk açmak, hyzmatdaşlyk etmek isleŷän ŷurtlaryň sanynyň barha artmagyna getirŷär. Häzirki wagtda Türkmenistan dünŷäniň 129 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ŷola goŷdy we 40-a golaŷ halkara guramalarynyň agzasy bolup durŷar. Iki tarapa-da bähbitli gatnaşyklaryň ŷola goŷulma-gynda daşary ŷurt döwletleri-niň ŷolbaşçylarynyň Türkme-nistana gelmegi hem-de ŷurt Baştutanymyzyň dünŷä döwletlerine bolŷan iş saparlary möhüm ähmiŷete eýe bolýar.

Geçen döwürde Turkmenistanyň ŷokary halkara abraŷyny tassyk eden wakalaryň birnäçesi boldy. Olar biziň ŷurdumyzyň halkara gatnaşyklaryny ösdürmek meselelerinde berk we prinsipial ŷörelgesini, häzirki zamanyň iň derwaŷys meselelerini çözmekdäk1 oňyn çemeleşmelerini ŷüze çykardy. Şu ŷylda türkmen-eŷran gatnaşyklary hil taŷdan täze ölçeglere we ösüşiň täze kuwwatlyklaryna eŷe boldy. Döwletabat—Sarahs—Hangeran täze gaz magistralynyň açylyş dabarasyna Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow we Eŷranyň Prezidenti Mahmud Ahmadinežad gatnaşdy. Dabara diňe bir birek-biregiň bähbitlerine däl, eŷsem, sebitiň geljegine niŷetlenen iki ŷurtlaryň ykdysady mümkinçiliklerini, umumy tagallalaryny birleşdirmäge bolan ikitaraplaýyn syŷasy erkin aýdyň subutnamasy boldy. 2010-njy ýylyň ýanwar aŷynyň başynda Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Eýran Respublikasynyň Prezidenti Mahmud Ahmadinežadyň arasynda Aşgabatda geçirilen gepleşikleriň barşynda şol meselelere aŷratyn üns berildi. Parahatçylyk söŷüjilik, adamzada howp salŷan ähli wehimlere garşy göreşde tagallalary birikdirmäge bolan taŷŷarlyk ŷörelgelerinde ŷola goŷulŷan Türkmenistan bilen Eŷranyň

arasyndaky özara gatnaşyklaryň ŷokary derejesine ŷokary baha berip, goňşy döwletleriň baştutanlary sebitleŷin we dünŷä syŷasatynyň derwaŷys meselelerini, şol sanda global energetika howpsuzlygyny, häzirki zamanyň beŷleki meselelerini çözmek boŷunça pikir alyşdylar.

Häzirki döwürde Türkmenistan bilen Eŷranyň milli bähbitlerine diňe bir gaz pudagynda däl, eŷsem, iki ŷurtlaryň çäginiň üstünden geçip gitjek ulag geçelgesini döretmek babatdaky zerurlygyň hem laŷyk gelŷändigini bellemeli. Şol zerurlyk özara gatnaşyklaryň toplanan tejribelerini jemlemek arkaly, Demirgazyk—Günorta transmilli demirŷolunyň gurluşygy barada-ky taslamanyň iş ŷüzünde durmuşa geçirilmegini şertlendirdi. Bu ulag ŷoly Ŷewropadan gelŷän ŷükleriň amatly ŷol bilen günorta ugra, Pars aŷlagyna çykarylmagyna şert döreder.

Türkmenistanyñ we dünýä döwletleridir halklarynyñ arasynda köp ugurlar boýunça dostluk-doganlyk hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýmakda, giñ möçberde ýaýbañlandyrmakda we çuñlaşdyrmakda, olara özara bähbitlilik häsiýetini bermekde, olaryñ many-mazmunyny baýlaşdyrmakda ýurtlaryñ we döwletleriñ ýolbaşçylarynyñ, abraýly işgärleriniñ, şahslarynyñ başda durmagyndaky wekiliýetleriñ özara saparlary, olaryñ baryşynda geçirilen gepleşikler, gazanylan ylalaşyklar möhüm orun tutýar. Şeýle saparlaryñ sany barha artýar, ösüşi giñelýär. Olaryñ käbirleriniñ üstünde durup geçeliñ. Söhbeti goñşymyz Eýrandan başlalyñ.

Prezidentler Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Aleksandr Lukaşenkonyň arasynda Minskide geçirilen gepleşikler munuň aŷdyň subutnamasydyr. Ol ikitaraplaŷyn bähbitleri mundan beŷläk-de ŷakynlaşdyrmakda we ilkibaşda açyklyk hem-de özara peŷdaly ŷorelgeler esasynda guralŷan giň möçberli hyzmatdaşlygy ŷola goŷmakda Türkmenistan bilen Belarusyň anyk we dürs ŷoly saŷlap alandygyny tassyk etdi. Iki yurduň Liderleriniň ykrar etmeklerine görä, türkmen

döwietiniň Baştutanynyň Belarus tarapynyň çakylygy boŷunça amala aşyran birinji sapary dostlukly gat-naşyklaryň taryhy nukdaŷnazaryndan bol-şy ŷaly, türkmen we belarus halkiarynyň döwletara hyzmatdaşlygynyň täze gör-nüşlerini kesgitlemekdäki, ykdysady we gumanitar gatnaşyklary babatdaky mö-hüm ähmiŷetli waka boldy.

Minskide geçirilen gepleşikleriň barşynda gazanylan ylalaşyklar hyzmatdaş-lygyň ugruny anyk kesgitiändigjnj yatja-maiy. Prezidentler gol goŷmak arkaly Bi-ielikdäki türkmen-belarus maglumaty, Türkmenistan bilen Belarus Respublikasy-nyň arasynda belarus oba hojalyk awto-mobil tehnikalaryny we şäher ulaglaryny getirmek babatda söwda-ykdysady hyz-matdaşlyk hakyndaky Ylalaşygy berkitdiler.

Beŷleki ikitaraplaŷyn resminamalaryň arasynda Ykdysady hyzmatdaşlyk boŷun-ça türkmen-beiarus toparyna degişli öza-ra gatnaşyklaryň hukuk meŷdanyny res-mileşdirŷän döwletara ylalaşyklar boŷun-ça, Türkmenistanda we Belarus Respub-likasynda Söwda öŷlerini açmak; Türkme-nistanyň Söwda-senagat edarasy bilen Belarusyň Söwda-senagat edarasynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky Ylalaşyklar bar.

2010-njy ýylyň başyndan bäri Türkmenistan daşary syŷasat arenasynda aŷgytly ädim-leri ätmegini dowam edŷar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň şu ŷylyň 1—2-nji fewralynda Fransiŷa amala aşyran sapary möhüm ähmiŷetli waka öwrüidi. Merkezi Aziŷa ŷurtlary bilen Ŷewropa Bileleşiginiň arasynda ŷola goŷulŷan hyzmatdaşlygyň möhüm tapgyry hökmünde tassyklanan bu resmi sapar açykiyk, hoşniŷetli ёгк, işjeň we netijeli hyzmatdaslyk ýörelgelerini ugur edinyän geçen iki günlük saparyň baŷ maksatnamasy hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Fransiŷa Respublikasynyň Prezidenti Nikolŷa Sarkozi bilen duşuşygy, şeŷle hem bu ŷurduň Premŷer-ministri Fransua Fiŷon we Fransiŷanyň ykdysadyŷet, senagat we ilatyň iş biien üpjünçiligi ministri Kristin Lagard bilen ge-çirilen gepleşikleri özünde

jemledi. Häzirki döwürde türkmen—fransuz gatnaşyk-laryny ösdürmegiň, şeŷle hem ikitarapla-ŷyn gatnaşyklaryň möhüm ugry hökmün-de parlamentara aragatnaşyklary pugta-landyrmagyň meseleleri Türkmenistanyň Baştutanynyň Fransiŷanyň Senatynyň başlygy Žerar Larşe bilen duşuşan mahaly ara alnyp maslahatlaşyldy. Mundan başga hem türkmen Lideri Parižde yerleşŷan bu abraŷly halkara guramasynyň ştab-kwar-tirasynda ŶUNESKO-nyň Baş direktory Iri-na Bokowa bilen duşuşdy, şeŷle hem türk-men-fransuz biznes-forumyna gatnaşdy.

Saparyň jemleri boŷunça gol çekilen hökümetara ylalaşyklar: ykdysady hyz-matdaşlyk boŷunça bilelikdäki türkmen-fansuz hökümetara toparyny döretmek hakyndaky; medeniŷet, bilim, ylym we teh-nika ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky; daşary syyasat edaralarynyň ugry boŷunça ylalaşyklar hyzmatdaşlygyň ähli köptaraply ugurlary:—syŷasy, söwda-ykdysady we gumanitar ugurlarda hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge gönükdirilendir. Muzeŷ işi ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Türkmenistanyň Medeniŷet we teleradioŷaŷlymlar ministrliginiň we Fransiŷa Respublikasynyň Medeniŷet we aragatnaşyk ministrliginiň arasyndaky pu-dagara; şeŷle hem Türkmenistanyň Söw-da senagat edarasynyň we Fransiŷanyň Kärhanalar hereketiniň arasynda aŷratyn ylalaşyklar baglaşyldy.

Milii bähbitler ähli zatdan ŷokarda tutulýar. Şunuň bilen baglylykda, milli bähbitler ählumumy abadançylyk, ŷakyn we uzakdaky döwletler bilen durnukly gat-naşyklar, ol halklaryň abadançylygy, geo-syŷasy taŷdan howpsuzlygy bilen ygtybarly üpjün edilŷär. Hut şu ŷorelge Türkmenis-tana ylalaşyga we özara bähbitli hyzmat-daşlyga barŷan ŷoly ŷalňyşsyz tapmaga mümkinçilik beryar. Şonuň üçin hem dün-ŷä jemgyŷetçiligi türkmen Lideriniň daşary syŷasat başlangyçlaryna işjeň seslenŷär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguiy Berdimuhamedowyň 2010-njy ýylyň 9—10-njy fewralynda Birleşen Arap Emirliklerine bolan resmi sapary hem şeŷle giň seslenmä eŷe boldy. Bu sapar soňky ŷyllarda işjeň we özara gyzyklanma bildirilŷän gatnaşyklara eŷe bolŷan döwletara hyzmatdaşlygynyň ösüşindäki täze tapgyr bolar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallasy bilen taryhymyzyň röwşen sahypalaryny açŷan täze Galkynyş we beyik özgertmeler zamanasy türkmen halkynyň döwletlilik ŷoluny halkara derejesine çykarýar. Amala aşyrŷan daşary syýasatynda «Açyk gapylar» taglymyny asylly işleri bilen yzygiderli pugtalandyrýan Türkmenistan Watanymyzyň milli ykdysadyŷetiniň binýatlaŷyn pudagy bolan ŷangyç-energetika toplumyndaky halkara hyzmatdaşlygynyň ösüş badynda bu ajaŷyp ŷörelgeler has hem aŷdyň beýanyny tapŷar. Häzirki döwürde dünýäniň iň iri döwletleriniň meşhur kompaniyalary ýurdumyzyň nebitgaz pudagyndaky ägirt uly taslamalary amala aşyrmaga önjeŷli goşant goşýarlar. Öz gezeginde, berkarar Watanymyz pudaga gönükdirilyän maýalaryň ygtybarlylygyny üpjün edyär.

Ŷurdumyzda nebitli, gazly we gaz kondensatly ŷataklaryň müňden gowragy yüze çykaryldy. Beŷik Britaniyanyň kompaniŷasynyň geçiren garaşsyz auditiniň netijeleri boýunça, Günorta Osman ýatagynda toplanan mawy ŷangyjyň möçberi 14 triilion kubmetre çenli kesgitlenilyär. «Ŷaşlar» ýatagynyň optimal hasabynda 1,5 trillion kubmetr gaz gory bar.

Ŷangyç-energetika toplumynda gazy senagat esasynda çykarmak milli ykdysadyŷetimiziň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Mähriban Prezidentimiziň ykdysady pudakda ýöredyän strategiŷasy ýangyç geçiriji ŷollaryny diwersifikasiŷalaşdyrmagy, önümçilige täze tehnologiŷalary giňden ornaşdyrmagy, ýangyç serişdeleriniň eksportyny artdyrmagy, dünŷä bazarynda türkmen gazynyň ýokary islegi haryda öwrülmegini gazanmagy maksat edinýär. Döwlet

Baştutanymyzyň yolbaşçylygynda üstünlikli amala aşyrylŷan «Türkmenistany ykdysady, syyasy we medeni taŷdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamasyna, şeŷle-de «Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ŷyla çenli Maksatnamasyna» laŷyklykda tebigy gazyň öndürilişini 250 milliard kubmetre, nebitiň önümçilik kuwwatlyklaryny bolsa 110 million tonna ŷetirmek göz öňünde tutulýar. Hazar deňziniň türkmen kenarynda nebitiň we gazyň baŷ gorly ŷataklary ýerleşyär. Türkmenistan bilen ençeme ŷyllaryň dowamynda ysnyşykly hyzmatdaşlyk edŷän Malaŷziŷanyň «Petronas» kompaniŷasy önümi paylaşmak hakyndaky şertnama esasynda deňiziçre «Blok-1» diŷlip atlandyrylyan ŷerde operatorlyk hukugyny amala aşyrŷar. Bu kompaniŷa häzir Türkmenbaşy şäherinden uzak bolmadyk Gyýanly şäherçesiniň golaýynda gazy gaýtadan işleŷän iri zawodyň gurluşygyny alyp barŷar. Zawodyň önümçilik kuwwatlyklary bir gije-gündiziň dowamynda onlarça miliion kubmetr gazy gaýtadan işlemäge ukyply bolar. Taslama laýyklykda şu ýylda gaz terminaly işe giriziler. Merkezi Aziýa sebitinde iri hem kuwwatly zawod boljak bu önümçilik toplumy mawy ýangyjy dürli ugurlar boýunça dünýä bazarlaryna çykarmaga mümkinçilik berer.

Ŷokarda görkezilen işler ýurdumyz boŷunça alnyp barylŷan iri taslamalaryň bary-ŷogy bir bölegidir. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Türkmenistanyň ýangyç-energetika toplumy buŷsanja mynasyp depginler bilen ösýär, özgerýär, döwrebaplaşŷar. Milli ykdysadyŷetimiziň özeni bolan bu pudagyň ummasyz potensialynyň ilkinji nobatda türkmen halkynyň, aslynda bolsa tutuş adamzat jemgyyetiniň bähbitlerine gönükdirilŷändiginiň özi-de täze Galkynyş zamanasynyň «Döwlet adam üçindir!» diŷen altyn şygarynyň belentden dabaralanýandygynyň aŷdyň subutnamasydyr.

Dünŷäniň örän wajyp geosyyasy çatrygynda ŷerleşyän Türkmenistan häzir dünýäniň syŷasatçylarynyň we

işewürleriniň üns merkezinde duryar. Döwleti ösdürmegiň we halkara hyzmatdaşlygynyñ strategiyasyna täzeçe çemeleşmeler, oŷlanyşykly ykdysady syýasat we hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan amala aşyrylýan reformalaryň sazlaşykly durmuşa geçirilmegi — bularyň ählisi biziň ýurdumyzyň halkara abraŷynyň has ýokarlanmagyny şertlendirdi.

Täze Galkynyş we beŷik özgertmeler zamanasynda Türkmenistan uly ösüşe eýe boldy. Halkara bileleşigi tarapyndan ol ösüşe dünŷä taryhynda deňi-taŷy bolmadyk öňegidişlik hökmünde baha berilýär. Türkmen Lideriniň durmuşa geçiryän "açyк gapylar» syyasaty, hyzmatdaşlygyň hemme görnüşleri üçin ähli babat-da— maýa goýum, tehnologiŷa, söwda babatda amatly ŷagdayyň döredilmegi — olaryň ählisi Türkmenistanyň we dünyä biznesiniň özara bähbitleriniň täze derejä çykandygyny aňladŷar. Şol hyzmatdaşlyk bolsa sagdyn pragmatizm, özara bähbitlilik esasynda amala aşyrylyar.

Türkmenistanyň giň möçberli özgertmeler ŷolunda gazanan üstünlikleri seçilip alnan ŷoluň dogrudygynyň oňat tassyklanmasydyr, şol özgertmeler bolsa häzirki wagtda türkmen jemgyŷetiniň we döwletiniň durmuşynyň ähli ugurlaryny gurşap aldy. Global maliŷe-ykdysady çökgünlige garamazdan, ŷurdumyz öz ösüşiniň ŷokary depginlerini saklap galŷar, jemi içerki önüm, şol sanda ykdysadyŷeti diwersifikasiŷalaşdyrmagyň we döwrebaplaşdyrmagyň, önümçilik sektoryny ileri tutup ösdürmegiň, oŷlanyşykly maŷa goŷum syŷasatynyň hasabyna gyşarnyksyz artŷar. Işjeň gurluşyk alnyp barylmagynyň netijesinde türkmen şäherleriniň we obalarynyň keşbi düŷpli özgerýär. Halkyň durmuşynyň derejesi we hili ŷokarlanŷar. Döwletimiz tarapyndan ilata berilŷän durmuş ŷeňillikleri doly möçberde durmuşa geçirilŷär, iş haky, pensiŷalar, döwlet kömek pullary we talyp haklary gyşarnyksyz ŷokarlandyrylŷar. Biziň ŷurdumyz dünŷä ösüşiniň

has möhüm meselelerini we döwlet gurluşynyň wezipelerini öz milli bähbitleri bilen utgaşdyryp çözŷär hem-de bitaraplygyň, parahatçylyksöŷüjiligiň, hoşniŷetli goňşuçylygyň, abraŷly halkara guramalary bilen we ilkinji nobatda, BMG, şeŷle hem beŷleki döwletler, planetamyzyň işewür toparlary bilen işjeň ösŷän hyzmatdaşlygyň Türkmenistanyň daşary syŷasatynyň özenidigini hem-de şeŷle bolmagynda galýandygyny iş ŷüzünde subut edŷär .

Täze Galkynyş eŷŷamynda sosial ugur Türkmenistanyň ösüşiniň esasy modelidir diŷip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow makalada nygtap geçŷär. Biziň potensialymyz we onuň açŷan mümkinçilik şol ösüşiň ykdysady we ***sosi***l faktorlarynyň ŷakyndan özara baglanyşygyny gazanmaga doly derejede gönükdirilmelidir. Ägirt uly maýa goŷumlarynyň önümçilik we sosial ugurlara goŷulmagy Türkmenistanyň ösüşiň öňdebaryjy ölçeglerini gazanmaga hem-de dünŷäniň ösen döwletleriniň arasynda mynasyp orny eŷelemäge meŷli bilen şertlenendir. Munuň özi bolsa ykdysadyŷetiň ŷokary tehnologiki gurluşyndan başga hem halkymyzyň maddy hal-ŷagdaŷynyň mynasyp derejesini gazanmakdan ybaratdyr.

# EDEBIÝAT

1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. - Aşgabat, 2007.
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. - Aşgabat, 2007.
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. - Aşgabat, 2007.
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek – bagtdyr. - Aşgabat, 2007.
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Eserler ýygyndysy. I tom - Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. - Aşgabat, 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Halkyň saýlany we ynam bildireni. - Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. - Aşgabat, 2007.
9. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçindir. – Aşgabat, 2008.
10. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 1-nji tom. – Aşgabat, 2008.
11. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. 1-ji goýberiliş. - Aşgabat, 2008.
12. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 2-nji tom. – Aşgabat, 2009.
13. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. – Aşgabat, 2009.
14. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistanyň

dermanlyk ösümlikleri. - Aşgabat. 2009.
15. Ata arzuwyny amala aşyrýan agtyk. – Aşgabat. 2009.
16. Beýik Özgertmeleriň ýyl ýazgylary. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylda alyp baran işleriniň hronikasy. – 2-nji göýberiliş, Aşgabat, 2009.
17. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Mejlisiniň IV çagyryşynyň birinji maslahatynda eden Çykyşy (2009-njy ýylyň 9-njy ýanwary). – Aşgabat, 2009.
18. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň döwlet howpsuzlyk geňeşiniň giňeldilen mejlisinde Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 21-nji ýanwary). // Türkmenistan. 2009. 22-nji ýanwar.
19. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 15-nji fewraly). – Aşgabat, 2009.
20. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň diplomatik korpusy bilen geçiren maslahatynda Sözlän sözi (2009-njy ýylyň 18-nji fewraly). // Türkmenistan. 2009. 19-njy fewral.
21. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulular maslahatynda Şözlän sözi (Türkmenabat, 2009-njy ýylyň 6-njy marty). // Türkmenistan. 2009. 9-njy mart.
22. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň EKO-nyň ýokary derejedäki 10-njy ýubileý duşuşygynda eden Çykyşy (Tähran, 2009-njy ýylyň 11-nji marty). // Adalat. 2009. 13-nji mart.
23. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň GDA ýurtlarynyň daşary işler ministrleriniň geňeşiniň mejlisindäki Çykyşy (Aşgabat, 2009-

njy ýylyň 10-njy apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 17-nji aprel.
24. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde onuň hyzmaty“ atly ýokary derejedäki Halkara maslahatynda Sözlän sözi. (Aşgabat, 2009-njy ýylyň 23-nji apreli). // Türkmenistan. 2009. 24-nji aprel.
25. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Aral kölüni halas etmegiň halkara gaznasyna esaslandyryjy döwletleriň baştutanlarynyň sammitinde Sözlän sözi. (Almaty. 2009-njy ýylyň 28-nji apreli). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 8-nji maý.
26. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde Sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
27. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagynda ilkinji desgalaryň açylyş dabarasynda eden çykyşy. (2009-njy ýylyň 15-nji iýuny). // Türkmenistanyň Prezidentiniň metbugat çapary. 2009. 19-njy iýun.
28. Türkmenistanyñ Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyñ ykdysady strategiýasy. Halka daýanyp, halkyñ hatyrasyna. // Türkmenistan. 2010. 10-njy maý.
29. Türkmenistanyń Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyń Türkmenistanyń Ỳaşulularynyń maslahatynyń mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2010-njy ỳylyń 14-nji maỳy). // Türkmenistan. 2010. 15-nji maỳ.
30. Turkmenistanyň hemişelik bitaraplygy. Syýasy – hukuk dokumentleriniň ÿygyndysy. - Aşgabat, 2005.
31. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat, 2008.

32. Garaşsyz, Hemişelik Bitarap Türkmenistanyň Harby Doktrinasy. – Aşgabat, 2009.
33. История дипломатии. М. 1970
34. Чичерин Г.В. Статьи и речи по вопросам международной политики. М. 1961.
35. Дипломатический словарь. М. Наука. 1984.
36. Зорин В.А. Основы дипломатической службы. М. 1977.
37. Ковалев А.Г. Азбука дипломатии. М. 1947-1988.
38. Внешняя политика капиталистических стран. М. 1987.
39. Внешняя политика стран социализма. М. 1989.
40. История стран Европы и Америки. (Средние века, новое и новейшее время) М.1986.
41. История стран Азии и Африки (Средние века, новое и новейшее время) М.1984.
42. Чубарян А.О. От декрета о мире к стратегии мира в 80-е гг. М. 1987.
43. Международные отношения. М. 1976.
44. Левин А.Б. Международное право: внешняя политика и дипломатия М. 1981.
45. Тункин Г.И. Теория международного права. М. 1970.
46. Международное право. М. 1981.
47. Ломагии Н.А. Международные отношения и анализ внешней политики. Санк-Петербург 2001.
48. Теория международных отношений. КЕНБУС.М. 2002.

# MAZMUNY

Giriş.......................................................................7
Tema: Gadymy Rimiň gündogar diplomatiýasy.....................11
Tema: Gadymy Gresiýanyň gündogar diplomasiýasy............17
Tema: Orta asyrlarda Hindistanyň diplomatiýasy ..................21
Tema: Beýik Britaniýanyň Hindistany basyp alyşlary döwrüniň diplomatiýasy..........................................................................23
Tema: Britan diplomatiýasy 1839-1842-nji ýyllaryň iňlis-fransuz urşy mahalynda ..........................................................26
Tema: Hytaýyň günbatar ýurtlary bilen diplomatik gatnaşyklary .........................................................................31
Tema: XIX asyryň ortalarynda rus-hytaý diplomatik gatnaşyklary. ........................................................................40
Tema: XIX asyryň birinji ýarymynda Ýaponiýanyň we Koreýanyň üzňelik döwrüniň diplomatiýasy. ........................44
Tema: ABŞ we Ỳewropa döwletleri tarapyndan Ỳaponiýanyň mejbury wekiliýet we söwda şertnamalaryna gol çekilmegi. ..47
Tema: XIX asyryň 50-60-nji ýyllarynda Orta Gündogaryň diplomatiýasy..............................................................................55
Tema: I Jahan urşy döwrüniň diplomatiýasy ..........................59
Tema: Türkmenistanyň halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy. .......................................................................63
Tema: Täze Galkynyş we beýik Özgertmeler zamanynda Türkmenistanyň Gündogar ýurtlary bilen diplomatik gatnaşyklary ........................................................................94
EDEBIÝAT.........................................................................103